Wasiliý Ýan

# Aziýanyň mawy alyslyklary

@ kitaphana



**Wasiliý Ýan**

# I. ALYS GÖZÝETIMLERE TARAP

## 1.Öňde — täsinlikler bar

900-nji ýylda entek Londonda wagtym men Hytaýdaky agam — Dmitriden[1] hat aldym. Ol bir döwürde garamagynda gulluk eden generaly bolan Subotiçiň[2] manžur ýörişi tamamlanandan soň, Zakaspi[3] oblastynyň başlygy bellenendigini, özüniňem jan dyndyraýjak işgärleri gözleýändigini ýazýardy. Şu mümkinçiliklerden peýdalanyp, Aziýa gitmegimi maslahat berýärdi, «Russiýanyň geljeginiň Aziýadadygyna» ünsümi çekýärdi.

Men agamyň maslahatyna eýermegi müwessa bildim. Saýlap alan bu ýolum meni köp zatlara şaýat edip, bütin ömrümde hem döredijiligimde yz galdyrdy. Şeýdibem, «pyýadadan» «atla» öwrüldim. Ýöne Orta Aziýa ugramagym Angliýadan dolanyp gelenimdenem bir ýarym ýyl geçensoň amala aşdy. Bu Subotiçiň Uzak Gündogarda eglenmegi hem-de soňra daşary ýurda uzak wagtlyk zähmet rugsadyna gitmegi bilen baglydy.

Russiýa dolanyp gelenimden soňam men ýurtda «sergezdanlygymy» goýmadym hem öz ilkinji kitapçamy[4] çapa taýýarladym.

---

[1] D.G.Ýançeweskiý (1872-1942) — gündogarşynas, şol döwürde Habarowskiniň hem Port-Arturyň rus gazetlerinde işleýän galamgär.

[2] Dean Ýowanowiç Subotiç (1852-1920) — milleti serb. Baş ştabyň Akademiýasyny gutaran, 1877-1878-nji ýyllaryň rus-türk urşuna gatnaşan, Kawkazda, soň Uzak Gündogardaky Priamur oblastynda hem Kwantun ýarym adasynda ýolbaşçy bolan; 1899-njy ýylda Port-Arturdan Mukdene ýöriş eden rus goşunlarynyň günorta manžur toparyna serkerdelik eden rus generaly.

[3] Zakaspi oblasty 1886-njy ýylda döredilen Türküstan ülkesine girýär. Mundan başga-da, onuň düzümine Syrderýa, Semireçýe, Fergana, Samarkant welaýatlary, Hywa hanlygy hem Buhara emirligi girýär. Türküstan ülkesiniň general-gubernatory Daşkentde oturypdyr.

[4] Ýançeweskiý W. «Pyýadanyň ýazgylary», Rewel (Tallin), 1901.

Ahyrsoňy gazetlerden Subotiçiň täze gulluk ýeri bolan Ashabada[1] ugramazynyň öň ýanynda Peterburgdadygyny bildim. 1901-nji ýylyň güýzünde öýümizden — Rewelden ol ýere barsam, general eýýäm giden eken. Meni generalyň aýaly, daş keşbi edil ady ýaly mahabatly Olimpiýa Iwanowna[2] güler ýüz bilen garşylady. Ol «general bilen Manžuriýanyň içinden geçýän kyn ýörişe gatnaşan Dmitriý Ýançeweskini özüniňem, äriniňem gowy görýändiklerini, onuň inisi bolan meni gulluga höwesli kabul etjekdigini» habar berdi.

Bu gürrüňden soň biz Subotiç bilen telegramma alyşdyk. Ol meniň Ashabada gelmegime razydygyny tassyklady. Men soňam tä işe bellenenim barada resmi çakylyk alyp, gulluk ýerime barar ýaly pul iberilýänçä, birnäçe hepde Rewelde boldum.

Iberilen pula oblastyň başlygynyň diwanhana emeldarynyň lybasyny tikdirdim. Has haýbatly görnerim ýaly, köne zatlar satylýan dükandan ýalpyldawuk gynly ajaýyp gylyç satyn aldym. Göwnüme bolmasa, ol Ýelizaweta Petrownanyň döwründe köşgüň atly esgerleriniň biriniň dakynan hem ençeme garpyşykda bolan gylyjyna meňzeýärdi.

Bu gezek kakamam, ejemem meniň «sergezdanlyga» däl-de, gulluga gidýänime hoş boldular. Şeýle-de bolsa bir syýahatçynyň öz meşhur

---

[1] Ashabat — Türkmenistanyň paýtagty Aşgabadyň öňki ady. 1881-nji ýylda bu ýerdäki türkmen obasynyň ornunda harby berkitme hem Zakaspi oblastynyň merkezi hökmünde dikeldilen şäher.

[2] O.I. Subotiç — 1853-1854-nji ýyllardaky uruşda Sewastopoly goranlaryň biri bolan inžener-kapitan Berežnikowyň gyzy. Ol oblastda hassahanalaryň, mekdepleriň, kitaphanalardyr beýleki şuňa meňzeş edaralaryň gurulmagynyň üstünden gözegçilik edip, türkmen milletiniň saglygyny gowulandyrmakda olaryň arasynda aň-bilimi ýaýratmakda köp işler bitiripdir.

kitabynda[1] «çägeleriň hem kesilen kelleleriň ýurdy» diýip atlandyran Orta Aziýasy örän uzak, howp-hatardan doly ýaly görünýärdi.

Tizden kalbym ýakymly arzuw-umytlardan doly, ýeňil ýük bilen ýanym fotoapparatly hem bir guty reňkli, tiz ýöreýän «Peterburg — Baku» otlusy bilen Aziýa tarap ýola düşdüm.

Kawkaz daglaryna golaýlanymyzda men hyýalymda özümi Peçorinmikäm öýdüp göz öňüne getirdim, adatdan daşary wakalaryň hem başdangeçirmeleriň ýüze çykaryna garaşdym. Alysdaky gök jülgeleri, eginleri çerkes lybasly hem ýapynjaly daglylary synlap, ilkinji tolgundyryjy minutlary başdan geçirdim.

Peterburgdan ugran wagtym — 1901-nji ýylyň dekabrynyň ahyrlary howa biçak sowukdy. Umuman, şol ýylyň gyşy garly hem gaty sowuk boldy. Bakuwyň howasy haýran galaýmaly maýyldy. Gün ýalbyrap durdy, güýçli şemal gerşi ak köpürjik äpet tolkunlary çägesöw kenara sürýärdi. Ol ýerde ýolagçylara garaşyp tüsseläp duran gämi görünýärdi.

Baku — Krasnowodsk gämi ýolunyň gatnawy diýseň kändi. Ol ýoldan «Gündogar gämiçiliginiň», «Kawkaz hem Merkuriý» jemgyýetiniň, beýleki ençeme gämi eýeleriniň Orta Aziýadan Kawkaza, Russiýa, ol ýerdenem yzyna dürli ýüklerdir ýolagçylar daşaýan gämileri iki ýana aldygyna gatnaýardy.

Men Bakuwda eglenmän, gämä mündüm. Ertesi ir bilen ilkinji gezek Orta Aziýanyň barha golaýlaşýan kenarlaryna gözüm düşdi.

---

[1] Gertewald W.N. «Ürgün çägeleriň hem kesilen kelleleriň arasynda. Türküstanyň ýol oçerkleri». M., 1914.

Biri-birine sepleşip gidýän gum depeleriniň endigan çylgymlary, gülgün reňke boýalan deňiz hem ýapgyt kenar meniň akylymy haýran etdi. Bir çeträkde deňziň üstüne abanyp duran gaýanyň golaýynda balykçylar uzyn, gara, ujy çiş ýelkenli gaýyklarynda ýüzüşip ýördi...

Gämimiz şol wagtlar kiçiräk oba çalym edýän Krasnowodskiniň[1] deňiz duralgasyna baryp togtady. Ol ýerdäki az sanly kiçijik jaýlarda harby ruslardyr emeldarlardan başga-da söwdagär parslar hem ermeniler ýaşardy. Dükanlaryň ýanynda uzyn boýly, gyrmyzy donly, buýralary zire-zire bolup seçelenip duran silkme telpekli türkmenler atlarynyň jylawyndan tutup durdular. Bu ýerde Maňgyşlak ýarym adasyndan haryt almak üçin şähere düýeli gelen çarwa gyrgyzlaram bardy.

Gaty gyzmaz ýaly wagonlary agardylan otly meni Ashabada bakan alyp ugrady. Insiz demir ýol Uly Balkan diýlip atlandyrylýan peseňräk dagyň etegi bilen uzalyp gidýärdi.

Men kä dag gerişleriniň melewşe öwüsýän görnüşinden, käte bolsa beýle tarapda ýaýylyp ýatan Garagum çölüniň aňňat-aňňat depelerinden gözümi aýryp bilmän, jadylanan ýaly bolup durdum.

Demir ýol Daşkente çenli çekilipdi, ol Çärjewde Amyderýanyň üstünde gurlan agaç köprüniň üstünden geçip gidýärdi, ol köpri wagtlaýyn gurlupdy we agaç sütünleriň üstünde saklanýardy[2].

---

[1] 1869-njy ýylda general Stoletowyň kawkaz goşunlary tarapyndan harby berkitme hökmünde esaslandyrylan Krasnowodsk (häzirki Türkmenbaşy) soňra şähere öwrüldi. Şol ýerdenem 1880-nji ýylda Zakaspi demir ýolunyň gurluşygy başlandy.

[2] Bu köpri 14 ýyllap, tä 1901-nji ýyla çenli abat durdy, soň ony Russiýada iň kuwwatly demir köpri bilen çalyşdylar, bu köpri barada «bir ýarym wýorstlyk köpri» diýip gürrüň edýärdiler.

## 2. Gitar hanymyň myhmanhanasy

Meni Ashabadyň demir ýol menzilinde garşylan egni çerkes lybasly şol adam: «Şäheriň iň gowy myhmanhanalarynyň haýsynda ýaşaryn diýseň, gözel göwnüň» diýdi-de, olaryň atlaryny sanady: «London», «Merkezi», «Peterburg», «Moskwa», «Puşkin»... «Bular ýaly mahabatly däl-de, adatyrak myhmanhana tapylmazmyka?» diýen sowalyma ol: «Elbetde, bar! Onda men sizi «Pariž otaglaryna» äkideýin!..» diýip jogap berdi.

Paýtun bizi Günüň nury bolluk bilen düşýän ümsüm köçä alyp bardy. Ol ýerden haýal ädim urup kerwen geçip barýardy. Agardylan pessejik jaýyň gapdalyndan üsti ýapyk eýwan uzalyp gidýärdi. Onuň aňyrsyndan boý dereklerdir garagaçlaryň depesi görünýärdi.

Çyr-çytyr ýaş görünjek bolýany bildirip duran fransuz zenany — «Gitar hanym» lakamly Rewilon hanym meni güler ýüz bilen garşylady. Çakdanaşa semiz, gyryljyk, basyk sesli, rus dilinde çalgyrt gürleýän bu aýalyň erninde hemişe papiros tüsseläp durdy. Gülküsi gaty zoňtardy.

Gitar hanym bir döwürde Skobelewiň goşunynda satygçy bolup, general bilen Krasnowodskiden Gökdepä çenli ýörişde bile bolupdyr. Şol sebäplem goşun baştutanlarynyň aýratyn hormatyndan peýdalanypdyr.

Bu ýerde Gitar hanymyň özbaşyna myhmanhanasy bolup, ýaşaýanlara wagtly-wagtynda nahar hem berilýän eken. Aýratyn otagda goýlan uzyn stoluň başynda men ilkinji gezek ashabatly sallahlaryň köpüsi bilen tanyşdym. Öz öýleri bolmany üçin bu ýerde ýaşaýan ol sallahlar gören-eşiden täzelikleri barada pikir alyşýardylar. Gitar hanym nahar bişirmäge, aýratynam, «ak generalyň» sarpa goýan tagamlaryny taýýarlamaga diýseň ussatdy. Ol üýtgeşik çakyrlar ýasap satardy. Skobelewiň halaýan içgisi —

bulguryň ýaryna çenli şampan çakyry guýlup garyşdyrylan porter içgisi onda hemişe tapylýardy.

Ashabatda Gitar hanymdan başga ýene-de üç sany fransuz zenany ýaşaýardy.

Olaryň biri — ozal Skobelewiň goşunynda söwda-satygçylyk eden Reno hanym häzir «Fransuz otaglarynyň» eýesidi. Çepiksi, arryk, örän ykjam Reno hanym şöhratda hem söwdada öz bäsdeşi bolan Gitar hanymy ýigrenýärdi. Onuň ösdürip-ýetişdirýän ajaýyp güllerini garnizonyň ofiserleri öz serkerdeleriniň aýallary hem göwün beren zenanlary üçin hemişe satyn alýardylar.

Beýleki iki fransuz zenanynyň — ýaş Lýusi bilen Mariniň şäheriň esasy köçesinde «Fransuz süýji näz-nygmatlary» satylýan dükany bardy.

Daýaw, pajarly, saryýagyz Lýusi döwlet emlägi müdirliginiň başlygy, garry ştat generaly bilen hamçamdy.

Naşyja, gülek Mari demir enjamlary satylýan dükanyň eýesi, biçak gabanjaň ýaş ermeni Awanesow bilen arasyny sazlapdy. Fransuz zenanlarynyň hem-de Awanesowyň dükanlary bir jaýda ýanaşyk ýerleşýärdi. Käte garaşylman durka Awanesow ullakan köne sapançasyny demir syh bilen haýbat atýan keşpde arassalap, Mariniň näz-nygmat satýan dükanynda peýda bolardy. Awanesow muny Mariniň diwaryň aňyrsyndan eşidilýän haýsydyr bir ýaş esger ýa-da murtlak kazak serkerdesi bilen gürrüňi uzaga çekdi hasaplasa, gabanjaňlykdan edýärdi.

Men «Pariž otaglarynda» iki gapyly kiçijik otagy eýeledim. Gapylaryň biri köçä, beýlekisem bag-bakjaly içki howla tarap açylýany üçin örän amatlydy.

Şeýle-de bolsa tizara Gitar hanymyň myhmanhanasyny terk etmeli boldum. Her neneň tagamly fransuz naharlary bilen hezzetleýänem bolsa, tölemeli puluň mukdary meň çakymdan çökderdi.
Harby hem emeldar ruslaryň maşgalalarynyň köpüsinde ilkibada meni gowy garşyladylar. Seýregem bolsa harbylaryň meýlislerine, tigirçiler jemgyýetine gatnaşýardym. Diňe harby däl adamlaryň ýygnanýan tigirçiler jemgyýetinde tanslar, şadyýan agşamlar bolýardy, her hili mekirlikler, garaşylmadyk tanyşlyklar ýüze çykýardy.
Nähili hem bolsa men köp halatda özümi duýman durkam näzli zenanlaryň çoçgaryna çolaşaýmaýyn, ýetişen gyzlaryny durmuşa çykarmagyň gamyny iýýän şelaýyn eneleriň pirimine aldanaýmaýyn diýip, özümi garasöýmez hem ägä alyp barýardym.
Meni mawy alyslyklar, syrly pars daglary, Aziýa syýahat etmek arzuwy özüne çekýärdi. Men öz ýanymdan «Maşgala-da, çaga-da dura-bara bolar. Şu wagt öýlenäýsem, syýahat etmek barada kalbymda besleýän arzuwlarymdan el ýuwup, stolunyň üstüne gyssagly kagyzlardyr arhiw işlerini üýşürip oturan emeldara öwrülerin... Ýok, ýok! Nähili ýol bilenem bolsa men Eýrana, syrly Owganystana, ertekilerde beýan edilýän ýurda çalymdaş Hindistana syýahat etmek baradaky niýetimi amala aşyrmaly!..» diýip oýlanýardym.

## 3. Şäherjik — gala

Meniň Orta Aziýa gelen wagtym Eýran serhedine golaý ýerleşen Ashabat entegem «harby berkitme» diýlip hasap edilýärdi. Bu ýerde general

Skobelewiň goşunynyň duran wagtyndan bäri ýigrimi ýyl geçenem bolsa, şäherde harby dolandyryş edarasy bardy.
Ashabat töweregi miweli agaçlar bilen gurşalan köp sanly palçyk jaýjagazlardan ybarat kiçijik, arassaşäherdi. Onuň harby inženeriň eli bilen meýilleşdirilen göni köçeleriniň gyralarynda boý derekler, kaştan hem ak akasiýa agaçlary hellewleşip otyrdy.
Häzirki zaman düşünjesindäki ýanýodalar ýokdy. Uly köçeleriň iki gyrasyndaky pyýada ýol bilen aralykdan golaýdaky howalanyp görünýän daglardan gelýän dury suw şildiräp akýardy.
Şäherjigiň beýle tarapynda uç-gyraksyz çöl ýaýylyp ýatyrdy.

Jaýlar bir gatdy. Ençeme gezek bolan ýertitremeden soň ýeňiljek hem bir gatly jaýlardan başga hili ymarat salmak gadagan edilýärdi. Ýekeje ikigat jaý bolup, olam — şäher muzeýidi.

Şäherjik galadan ýaňlanýan duýduryjy sesleriň owazyna oýanyp, şoň bilenem uka gidýärdi. Daňdanlar hem Gün ýaşyberen uçurlary asuda howada surnaýlaryň sesi ýaňlanardy. Ertirki hem agşamky dogany ýerine ýetirýän esgerleriň sogup çykýan sesleri eşidilýärdi.

Şäherjikde ýaşaýan ilatyň sany köp däldi[1]. Onuň ruslardan ybarat bölegini, esasan, harby gullukçylar, emeldarlar hem olaryň maşgalalary düzýärdi. Adatça, her bir rus maşgalasy töweregi kiçeňräk bagly bir gat jaýjagazy satyn alyp, köp halatda bolsa özleri gurup ýaşaýardy.

Uzak wagtlyk mekan tutunasy gelýänler özlerine ýaşamak üçin ýer bölüp berilmegini haýyş edip ýüz tutýardylar. Olar şäheriň Köşi obasyna uzalýan

---

[1] Şol döwürde Ashabatda 36 müň 486 adam ýaşaýardy. Olaryň 10 müň 700-si ruslar, 11müň 200-si parslar, 14 müň 586-sy bolsa ermeniler, kawkaz tatarlary hem beýleki milletlerdi. («Ashabat gazeti», 1903-nji ýyl, № 98)

ugrundan ýer bilen bilelikde jaý salar ýaly kömegem alýardylar. Menem özüme ýer berilmegini haýyş etdim. Ýöne başga-başga ýagdaýlar ýüze çykyp, bu niýetim amala aşman galdy.

Şäherde ýaşaýan ermeniler, kawkaz tatarlary hem azerbaýjanlar ruslar bilen garylyp-gatylman, aýratyn topary düzýärdiler. Parslar hiç kime goşulman, büs-bütin üzňelikde ýaşaýardylar. Kämahal köçede gara köýnek-balaklary giň tikilen, ýüzleri ak mata bilen örtülen pars aýallary peýda bolýardy.

Türkmenler şäherde däl-de, öz çarwa obalarynda ýaşaýardylar. Olaryň kiçiräk topardan ybarat gara öýleri käte şäheriň golaýynda peýda bolýardy. Şol döwürde rus jemgyýetçiliginiň agramly bölegi türkmenleri çarwa, wagşy halk hasap edýärdi. Olar iki tarapdan — öz ýerli handyr baýlaryndan hem patyşa Russiýasynyň dikmelerinden ejir çekýärdiler.

Bularyň birinjisiniň ezişi köp asyrlardan bäri dowam edip gelýän taýpa-tire gatnaşyklaryna, ikinjisiniňki bolsa bütin kanunlara hem dolandyryjy häkimiýete daýanýardy.

Rus emeldarlary üçin Ashabatda ýaşamak ýeňildi. Olaryň ählisi serhet ýakasyndaky harby şäherde ýaşaýandyklaryna hem gulluk edýändiklerine salgylanyp, bir ýarym esse aýlyk alýardylar. Bu ýeňil durmuşda pullaryny nämä harç etjeklerini-de bilenokdylar.

Şäherde ilatyň bellibir böleginiň yhlas bilen gatnaýan piwohanalarydyr restoran-barlarynyň birnäçesi bardy. O ýerlerde açyk ýa-da gizlin gahbahanalar, giýahanalar bolup, her hili uruş-gygyryşlar, gijelerine söwdagärleriň dükanlaryny talamak, kast etmek ýaly ýagdaýlaram häli-şindi ýüze çykýardy.

Çet-gyrada ýaşaýandyklary üçin içleri gysyp, wagtlaryny nädip geçirjeklerini bilmeýän bu adamlaryň göwünleri galkynar ýaly, maksatnamasyna gaplaňlary boýun egdirýän gyzlar goşulan göçme sirk görkezýärdiler, «Paýtunlardyr köp orunly karetalaryň dabaraly ýörişini» guraýardylar. Olar mumdan ýasalan şekiller görkezilýän, paýtagtdan gelen muzeýe, «gepleýän adam-awtomatlara» hem beýleki şuňa meňzeş zatlara tomaşa edýärdiler.
Olar maý aýyndan tä sentýabra çenli öldürip gelýän yssydan gaçyp, salkyn Pöwrize jülgesine siňýärdiler. Bu döwürde oblastyň başlygynyň diwanhanasam wagtlaýynça şol ýere göçýärdi.
Ýylyň beýleki aýlaryny tigirçiler jemgyýetindäki sazly-tansly agşamlara, harbylaryň meýlisindäki bolýan bezemen ballara, halk öýündäki haýyr-yhsan agşamlaryna, aýlawda geçirilýän at çapyşyklaryna hem golaýda peýda bolan Lýumeriň kinematografiýasynyň filmlerine höwes bilen tomaşa edip geçirýärdiler.
Agşam düşüp, howa biraz salkyn aralaşansoň, ashabatlylaryň söýgüli güýmenjesi Eýrana tarap gidýän ýolda şäheriň daşyna gezelenç etmekdi. Dyzmaç goşa at goşulan, ýel berlen rezin tigirleriniň simleri ýaldyraşyp duran (bu aňrybaş kaşaňlykdy!) hakyna tutulan paýtunlarda ofiserlerdir emeldarlaryň bezemen aýallary ornaşýardylar. Giň ak balakly paýtunçy azerbaýjanlaryň gykuwlaşyp, biri-birinden ozup geçmekden üýtgeşik lezzet alýardylar.
Has özüne çekiji zenanlar bu tomaşa hususy paýtunlary bilen gatnaşýardylar. Olaryň arasynda topçular brigadasynyň serkerdesi bolan generalyň aýaly

Dudarýewa hem ajaýyp pianinoçy, bankyň müdiriniň aýaly Uspenskaýa ikisi aýratyn saýlanýardy.

Özlerini dogumly görkezjek bolýan ýaş serkerdelerdir ak kitelli, papakly emeldarlaram ýekelikde ýa-da toparlanyşyp, olaryň gapdaly bilen at salýardylar.

**4. «Köne zakaspililer»**

Ashabatda dürli pişeler, güýmenjeler bilen wagtyny geçirýän adamlara garamazdan, düýpgöter başga zatlara gyzyklanan rus jemgyýeti-de bardy. «Arheologiýany söýüjileriň Zakaspi gurnagyny», «Zakaspini öwrenijileriň jemgyýetini», «Gündogarşynaslaryň jemgyýetini», şäher kitaphanasyny, muzeýi esaslandyranlaram harby gullukçylardan hem emeldarlardan bolan şol adamlardy. Olar türkmen halkynyň öz gözbaşyny asyrlaryň çuňundan alyp gaýdýan gadymy taryhyny, dilini, halk döredijiligini, edebiýatyny, sungatyny, binagärçiligini öwrenýärdiler, adamlara sowat öwretmek, näsaglary bejermek boýunça işler alyp barýardylar. Gündogar ýurtlaryna edilen syýahatlar, türkmen ýurdunyň geçmişi, Çeleken adasynyň nebit baýlygynyň gelejekki ösüşi hem gaýry mowzuklardan «Halk okaýyşlaryny» guramagam şol işleriň bir bölegidi. Öňdebaryjy ol adamlar «Gogol» hem «Puşkin günlerini» belleýärdiler, Çehowyň, Gorkiniň täze kyssalary barada çekişmeler

guraýardylar, Lew Tolstoýyň, şonuň ýaly-da, türkmen nusgawy şahyrlary Magtymgulynyň, Keminäniň, Mollanepesiň döredijiliklerine bagyşlanylan maslahatlar geçirýärdiler. Zakaspide ýaňy döräp gelýän rewolýusion herekete gatnaşanlaram şolardy.

Daşkendiň, Samarkandyň hem rus Orta Aziýasynyň gündogar bölegindäki beýleki şäherlerde ýaşaýan «Köne türkmenistanlylardan» tapawutlylykda, türkmen topragynda köpden bäri mekan tutan ruslar özlerini «Köne zakaspililer» diýip atlandyrýardylar.

Türkmenistana ilki göçüp gelenler nepagadaky harby adamlar, emeldarlar hem olaryň maşgalalarydy. Olardan soň söwda, senagat işgärleri, ülkäni öwrenijiler bolan tebigat, geografiýa, taryh ylymlarynyň wekilleri, inženerler, lukmanlar hem mugallymlar gelipdirler. Orta Aziýa demir ýolunyň gurluşygynyň tamamlanmagy bilen, Türkmenistanyň şäherlerinde köp sanly işçiler hem zawod-fabrik işgärleri ýurt tutunýar, kä ýerlerde göçüp gelen rus daýhanlary peýda bolup ugraýar.

Zakaspiniň ýerli ilaty — türkmenler bilen aragatnaşyk saklan bu adamlar ozaldan ýaşap gelýänlerden tapawutlylykda öňdebaryjy rus medeniýetini ýaýradyjylar bolupdyrlar. Türkmenistany, Orta Aziýany tüýs ýürekden söýen, olarda ýaşaýan halklar bilen doganlaşan ol adamlar Russiýanyň ozalky «Orta Aziýa mülkünde» ýaşaýan ähli milletleriň rus hem beýleki halklar bilen ýakynlaşmagy ugrunda beýik işleri amala aşyrdylar.

Şu hili «köne zakaspilileriň hem türküstanlylaryň» wekilleriniň biri Aleksandr Aleksandrowiç Semýonowdy[1]. Onuň ykbaly öz ömürlerini ilki «rus», soň bolsa «sowet» Orta Aziýasyna bagyşlan döwürdeşleriniň köpüsi üçin häsiýetlidi.

---

[1] Semýonow A.A. (1873-1958) — Orta Aziýany öwreniji alym, sowet taryhçysy, filolog, etnograf, Täjigistan YA-nyň akademigi. Özbegistan YA-nyň taryh, arheologiýa, etnografiýa institutynyň direktory bolup işläpdir. Aradan çykan hem jaýlanan ýeri Duşenbe şäheri.

Men A.A.Semýonow bilen Ashabada gelen badyma tanşyp, tiz wagtda-da dostlaşdym. Ol Zakaspi oblastynyň diwanhanasynyň statistika bölüminde kätip bolup işleýärdi.

Bu ýere gelmeziniň sähel öňinçäsi Lazarýew institutynyň Gündogar dilleri bölüminiň talyby bolany üçin ol Moskwa uniwersitetiniň ýanyndaky «Tebigat ylymlaryny, antropologiýany hem etnografiýany söýüjileriň Moskwa jemgyýetiniň» agzasy hökmünde graf A.A.Bobrinskiniň ylmy-iş sapary bilen Gündogar Buharada bolupdyr.

Semýonow bu ylmy-iş saparynda bolan döwründe etnografiýa, folklora hem lingwistika degişli gaty kän maglumatlar toplapdyr, olary işlänsoň, üç jilde jemläp neşir etdiripdir. Şüwlümli dilde ýazylyp, dagly täjikleriň atalar sözlerini, ertekilerini hem halk döredijiliginiň beýleki ençeme žanrlaryny özünde jemleýän bu saldamly eseri üçin ol jemgyýetiň «Altyn medalyna» mynasyp bolýar.

Men A.A.Semýonow barada Zakaspi oblastynyň başlygy general Subotiçe gürrüň berdim. Ol beýle adamy özüniň tanamaýandygyna gaty geň galdy. Soňam oňa gulluk wezipesinde ösmäge kömek etdi.

A.A.Semýonow sowet döwründe Orta Aziýa akademiýalarynyň ikisiniň agzasy, şeýle uniwersitetleriň ikisiniň professory, iki ylmy institutyň bolsa ýolbaşçysy boldy.

Soňra biz A.A.Semýonow bilen kyrk ýyldan soň — 1942-1944-nji ýyllarda Daşkentde duşuşdyk. Ol wagta çenli sowet Orta Aziýasy tanalmaz ýaly derejede özgeripdi. Biziň öz durmuşymyzda bolup geçen özgerişliklerem az-küş däldi. Ýöne Aleksandr Aleksandrowiçde möwç urýan ýaşlyk hyjuwy, täze açyşlara teşnelik şol öňküligine galypdyr. Bu ajaýyp rus adamy hem

alymy öz bütin ömrüni ýaşlyk ýyllaryndan başlap jan-dilden söýen Orta Aziýasynda ylmy ösdürmäge, aň-bilimi ýaýratmaga sarp etdi.

Şol döwürlerde men «köne zakaspilileriň» ýene biri — diplomatik emeldar Andreý Dmitriýewiç Kalmykow bilen tanyşdym. Bizi ýakynlaşdyran esasy zat — Gündogara bolan söýgimizdi.

Bilimi boýunça gündogarşynas bolan Kalmykow Orta Aziýa barada ýörite derňew işleriniň ençemesini ýazdy. Öz alyp barýan ugry boýunça iş ýerini kän üýtgetmeli bolýandygyna garamazdan, ol soňam ylmy iş bilen meşgullanmasyny taşlamady.

On ýyl gowrak wagt geçensoň, men Kalmykow bilen Türkiýede ýene-de gabatlaşdym. Şol wagtlar ol Beýrutda rus konsuly bolup işleýärdi.

## 5. Kapitan Ýomudskiý hem «Mergen aga»

Türkmen ülkesine bäş barmagy ýaly belet kapitan N.Ýomudskiý meniň şol döwürde tanşan adamlarymyň iň täsinleriniň biridi. Öz ata-babalary, birçakky serkerdeler hem hanlar barada gürrüň bermegi halaýan N.Ýomudskiý türkmen halkynyň geçmişine bagyşlanan, dürli ýyllarda rus dilinde neşir edilen ençeme kitaplaryň ýazarydy. Öz hak-hukugy aýak astyna salnan halkynyň gözgyny ýagdaýyna onuň ýüregi awaýardy, türkmen ülkesiniň azatlyga çykyp, gül açjak döwri barada arzuw edýärdi.

Onuň, birhili, geň arzuw-hyýallary bardy. Bir gezek atly gidip barýarkak, N.Ýomudskiý meni çölüň eteginde seleňläp duran ullakan gaýanyň gyrasyna eltdi. Ol ýerden çölüň gözýetime çenli ýaýylyp ýatan uzak aralygy açyk-aýdyň görünýärdi. Şonda N.Ýomudskiý pikire batyp durşuna şeýle diýdi: «Şu gaýadan müsür sfinksine çalymdaş ýatan, ýöne turmaga hyýallanýan

göwräni çapyp ýasamak gerek. Ol köp mahallap gozganman, indi Günbatara nazar dikip oýanyp ugran Türkmenistanyň simwoly bolar...»

Elbetde, Türkmenistanyň azatlygyny özüne tanyş bolan patriarhal jemgyýetçilik gurluşlarynda göz öňüne getirýän kapitan han Ýomudskiý öz watanynyň ýene ýigrimi-otuz ýyldan nähili derejä ýetjegini hatda göz öňünede getirip bilmeýärdi.

Ashabada baranymyzdan soň köp wagt geçmänkä, meni ýene bir «köne zakaspili» podpolkownik Malahaý Klawdiýewiç Marganiýa bilen tanyşdyrdylar. Çakym çak bolsa — milleti abhaz, doglan ýeri Kawkaz, ýagny Suhumynyň golaýy bolan bu adamyň türkmen halkyna söýgüsi çäksizdi. Türkmenler onuň adyny «Mergen aga» diýip tutýardylar.

Ýaş mahaly Skobelewiň otrýadynda esger bolup gulluk edýärkä, ol meşhur «Guşgynyň ýanyndaky söweşde»[1] tapawutlanyp, ofiser harby derejesine hem Georgiý haçyna mynasyp bolupdyr. Men tanşan mahalym onuň döşünde ilki esgerlikde, soň ofiser wagtynda alan Georgiý haçlarynyň hemmesi bardy.

Mergen aga türkmen atly goşun diwiziýalarynyň birine serkerdelik edýärdi. Ol öz ýigitleriniň atlarynyň tohumy, owadanlygy, reňkleriniň meňzeşligi barada aladalanýardy. Onuň ähli ofiserleri türkmenlerden bolan diwiziýasy dabaraly ýöriş wagtynda aýratyn çakganlygy hem özlerine serenjam berişleri bilen tapawutlanýardy.

---

[1] Guşgynyň ýanyndaky söweş. Iňlis ofiserleri tarapyndan ýolbaşçylyk edilen hem küşgürilen owgan goşunynyň otrýadlary 1885-nji ýylyň 18-nji martynda Merwden (Marydan) daş bolmadyk «Pendi oazisine» çozup girýär. General Komarowyň baştutanlygyndaky rus otrýady tarapyndan çym-pytrak edilen ol goşun baýdagyny, ýaraglarydyr beýleki ähli zatlaryny taşlap gaçmaga mejbur bolupdyr.

Marganiýadan öň bu diwiziýa kawkazly knýaz Alyhanow-Awarskiý serkerdelik edipdir. Ol ýönekeý esgerlikden ofiserlige ýetip, soň ýekme-ýek tutluşykda bir ofiseri öldüreni üçin ýene-de başky derejesine düşürilipdir. Gündogar urşunda[1] görkezen gözsüz batyrlygy üçin oňa ýene-de ofiserlik derejesi berlipdir.

Guşgynyň ýanyndaky söweşde Alyhanow-Awarskiý sähelçe wagt ondan ozal Gökdepe galasynyň eteginde Skobelewe garşy göreşen edermen türkmen ýigitlerinden düzülen atly diwiziýa serkerdelik edipdir. Belli bolşy ýaly, Gökdepe urşunda ýeňiş gazananyndan soň, Skobelew batyr türkmen esgerleriniň ählisine Russiýa gulluk etmegi teklip edipdir. Şeýdibem, türkmen diwiziýalarynyň döremeginiň esasyny goýupdyr.

Hatda Guşgy awantýurasynda owganlaryň arkasynda duran iňlislerem şol söweşde türkmen atlylarynyň san taýdan özlerinden on essedenem artyk duşmanyň üstüne ýňdarylyp gelýän sil ýaly hüjüm edip, adatdan daşary edermenlik görkezendiklerini belleýärler[2].

Türkmen hem pars dillerinde gowy gürläp bilýäni üçin Marganiýany oblastyň başlygynyň tabşyrygy bilen serhede dahylly meselelerde ýa-da daşary ýurtly pars hem türkmen hanlary bilen diplomatik gepleşikler alyp barmaga ýollaýardylar.

Ol töweregi bag bilen gurşalan köp otagly kaşaň jaýda ýaşaýardy. «Gündogarça» gurnalan otaglarda halynyň üstünde aýbogdaşyňy gurap oturmaga-da, ýassygy tirsekläp halynyň üstünde gyşarmaga-da şert bardy.

[1] Gündogar urşy — Russiýanyň 1853-1856-njy ýyllarda günbatar Ýewropa döwletleriniň hem Türkiýäniň birleşigi bilen alyp baran «Krym urşy».

[2] Bu edermenlik hakynda iňlis kapitany Ýett özüniň «Russiýa hem Angliýa ýüzbe-ýüz» atly kitabynda ýazýar.

Iýip-içer ýaly tagamlaram Gündogar halklarynda nähili bolsa, şol görnüşde äberilýärdi. Ýewropalylaryň enjamlarynyň hiç haýsyny görjek gümanyň ýokdy. Ashabada öz iş-aladasy bilen gelen türkmenler hemişe bu öýde düşläp geçýärdiler.

Marganiýa hakynda «Ol musulmançylygy gizlin kabul edipdir» diýip gürrüň edýärdiler.

Mergen aga ruslaryň üýşýän ýerlerine asla barmaýar diýen ýalydy. Aýdyşlaryna görä, ol hiç wagt rus näzeninlerine gabak galdyrmandyr. Dogrudanam, ol aýallara gezek gelende gaty sowuk-salady. Hatda Ashabadyň diýseň özüne çekiji, ot ýaly gözelleri-de ony özlerine imrindirip bilenokdy...

Gyrçuw gara sakgally, etli-ganlylygy syrdam uzyn boýuna gelşip duran, çeýe, gyşda gara, tomusda ak reňkli, bili gysby uzyn kawkaz lybasyny geýýän Marganiýa hemmeleriň, şol sanda başlyklaryň ýanynda-da özüni buýsançly hem sypaýy alyp barmagy başarýardy. Öz az sanly dostlarynyň arasynda oturan wagty sada hem açyk göwünlidi.

Ol atlardan, aýratynam, uly şöhrata eýe bolan dürli reňkdäki tohum türkmen bedewlerinden diýseň gowy baş çykarýardy. Kämahal ol üstündäkiniň ýedi putluk agramyny duýman, ýeňil basyp barýan dor atyny münüp, şähere gezelenje çykardy. Altynsow sary hem gara atyň jylawyndan tutup barýan seýisler bolsa onuň yzyndan ýöreýärdi.

Orta Aziýany söýýändigime, gowy türkmen atyny edinmek arzuwymyň bardygyna mazaly göz ýetireninden soň ol meniň bilen dostlaşdy.

Çöldür dagyň aralygynda ýerleşen bu şäherjikde men özümi uzak wagtlap Fenimor Kuperiň hem Maýn Ridiň romanlaryndaka meňzeş ertekiler

dünýäsinde ýaly duýdum. Kalbymda dömen ilkinji uly arzuwym — gowy at edinip, çöle hem daga uzak wagtlyk syýahata gitmek bilen baglydy.

Mergen aga maňa şeýle maslahat berdi: «Gowy at edinmek höwesinde bolsaň, gyssanma. At diýeniň süýtdeş dogan ýaly, hatda ondanam zyýatdyr. Men saňa şeýlebir gözüňe söweýin at tapyp bereýin. Arassa tohumdan bolan ýomut ýa-da göwüslek ahal-teke atyny ele salyp biläýseg-ä, bagtyň getirdigi. Bahym çöl içinden çarwa türkmenlerden bolan dostlarym gelmeli. Şolara geňeş salyp göreýin».

Ol beren sözünde tapyldy. Ilki altynsow-mele ahal-teke atyny tapyp berdi. Soň bolsa arassa tohumdan bolan «Moro» atly gara ýomut atyny edindim. Mergen aga maňa soňam kän gezek howandarlyk edip, kyn ýagdaýlarda galanymda hemişe degerli kömegini gaýgyrmady.

Şol döwürde Ashabatda rus dilinde biri-biri bilen bäsdeşlik edýän iki sany gazet çykardy. Nepaga çykan artilleriýa kapitany Z.D.Jawrowyň baştutanlygynda çykýan «Ashabat» atly liberal gazet barada: «Munuň çap edilmeginde daşary ýurtlardaky emigrant sosialist-rewolýusionerleriň eli bar» diýip gürrüň edýärdiler.

«Zakaspiýskoýe obozreniýe» atly beýleki gazetiň redaktory Orta Aziýa baradaky ençeme kitabyň ýazary, Ashabatda köpden bäri ýaşaýan K.M.Fýodorowdy. Gazetde resmi buýruklar hem onuň büjetiniň girdejili bölegini tutýan pully bildirişler çap edilýärdi.

Özara gürrüňdeşlikleriň birinde Fýodorow talyp ýyllarynda N.G.Çernişewskiniň kätibi bolandygyny, şol sebäplem sürgün edilip, Ashabada düşendigini ýaňzytdy.

Menem gelşimden Orta Aziýany, Türkmenistany hem beýleki araçäkdeş ýurtlary öwrenmäge, olar hakynda özümde galan täsirleri — oçerkler, makalalardyr hekaýalar ýazmaga girişdim. Ýazanlarym ýerli gazetleriň ikisinde-de, şeýle hem Peterburg metbugatynda çap edilýärdi.

«Ashabat» meniň ýazanlarymy göwünjeň çykarýardy. «Zakaspiýskoýe obozreniýe» başda çap edip ugranam bolsa, soň özara agzalalyk täsir etdiminämemi, meniň bilen arany kesdi. Iň ýamanam, çykarmanynyň üstesine, ol gazetde men barada gaharly makalalar peýda bolup ugrady.

Men şäher kitaphanasyna, muzeýe barýardym. Zakaspi ülkesini öwrenijileriň, gündogarşynaslaryň hem arheologlaryň jemgyýetiniň agzalarynyň ýygnagyna gatnaşýardym. Aýratynam türkmenler bilen dostluk açmaga çalyşýardym, türkmen dilini öwrenip, obalarda bolan wagtym ýerli adamlar bilen gürrüňleşýärdim.

## II. ZAKASPINIŇ ÇET-GYRALARY

### 1. «General — raketa»

Zakaspi oblastynyň başlygy hem Ikinji Türküstan korpusynyň baş ştabynyň general-leýtenanty Dean Subotiçi onuň bilen bile işleýänler «general-raketa» diýip atlandyrýardylar. Bu lakam oňa adatdan daşary gyzmalygy hem islendik işde okgunly hereketleri üçin dakylypdy.

Subotiç duýdansyz ýagdaýda barlag geçirmäge ugrardy, öz buýruklaryny ýerine ýetirmän, ilaty ezýän ýa-da gulluk borjy pes adamlara zor salyp, baýlyk toplaýan pristawlaryň üstünden düşäýdigi rehimsiz jezalandyrardy.

General örän çakgan, agajet, orta boýly, saçy çuw ak, sakgaly gara, gözleri ýanyp duran, elli ýaşly görmegeý adamdy.

Ashabada gelen günümiň ertesi men mundirimi geýip, gylyjymy dakyndym-da, Subotiç bilen tanyşmaga ugradym. Oblastyň başlygynyň diwanhanasynyň ýerleşen bir gatdan ybarat ak jaýy şäheriň beýleki jaýlaryndan haýbatly gurluşy, göwrümi hem öňündäki aýmançada Gökdepe galasy alnan wagtynda gurban bolan rus esgerlerine dikeldilen ýadygärligi bilen tapawutlanýardy.

Girelgäniň agzynda söm duran sakçy kazaklaryň deňinden geçip, generalyň kabulhanasyna girdim. Ol ýerde öz nobatyna garaşyp oturanlar kändi. Tas hemmesi diýen ýaly ofiserler hem harby emeldarlardy. Generalyň nirä gitse ýanyndan goýmaýan şahsy kömekçisi rotmistr Ştapelberg meni özüne mahsus mylaýymlyk bilen dostlarça garşylady. Biziň ýoldaşlyk gatnaşyklarymyz soňam köp ýyllap dowam etdi.

Subotiç biraz wagtdan soň iş otagyndan çykdy-da, garaşyp duranlaryň hersi bilen ýeke-ýekeden elleşdi. Soňam olaryň käbirini ugradyp, beýlekilerini gezek-gezegine kabul etmäge başlady.

Haçanda nobatym ýetende, general ýiti gözlerini birsalym maňa dikdi-de, egnime çalaja kakyp, özi bilen alyp gitdi. Onuň iş otagynda meni haýran galdyran zat — Pekiniň imperatorynyň köşgünden ýa-da Mukdenden harby olja hökmünde getirilen, gabarasy adam boýundanam ep-esli uly hytaý farfor güldany boldy.

Subotiç maňa şeýle diýdi: «Meniň daşary ýurt hem gündogar halklarynyň dillerini örän gowy bilýän dilmaç emeldarym bardy. Häzir ol demini sanap ýatyrmyş... Men siziň edil şol dilmajym ýaly gündogar dillerini, ilkinji nobatda bolsa türkmen dilini öwrenmegiňizi hem nirä gitsem, ýanymda

bolmagyňyzy isleýärin. Biz ýakyn günlerde Zakaspi oblastyna aýlanmaga ugraýarys. Sizem meniň bilen gidersiňiz.
Doganyňyzyň aýtmagyna görä, siz edebiýaty söýýärmişiňiz. Diňe bir gündogar halklarynyň dillerini öwrenmek bilen çäklenmän, olaryň ýüregine düşünjek boluň. Olar hakda eserler döredip, ýewropalylaryň köpüsine düşnüksiz bolan «Gündogar dünýäsini» açyp görkezmäge çalşyň...
Wagt diýeniň örän tiz geçýär, ony eşrepi ýaly tutmagy öwreniň. Mesliginden aýňalman, kalbam, jübüsem boş gidýän ýaşlar az däl!.. Men size ýurtda syýahat etmäge mümkinçilik dörederin. Näçe diýseň iş tapylar... Aýalym Olimpiýa Iwanowna sizi biz bilen ertirlik naharyna çagyrýar. Şol ýerde Angliýa syýahatyňyzdan galan täsirler barada gürrüň berersiňiz...»
Nahar wagtynda Olimpiýa Iwanowna meniň bu ýere nähili gelenim, nirede ýerleşenim bilen gyzyklandy, bag-bakjaly aýratyn kiçijik jaýa geçmegimi maslahat berdi. Oblastyň başlygynyň diwanhanasynda işleýän emeldarlar üçin hökümetiň özi şonuň ýaly jaýjagazlary aňsat hem arzan nyrhdan tapyp berýärdi. Bahym menem şeýle jaýlaryň birine geçdim.

## 2. «Ak ajal»

1902-nji ýylyň mart aýynyň başynda general Subotiç öz diwanhanasynyň işgärleriniň bir topary bilen Hazar deňziniň kenarlaryna barlaga ugranda, menem onuň ýanyna goşuldym. Biziň ýolumyz ilki Krasnowodskä, ol ýerdenem Çeleken adasyna, soň bolsa «Nobel doganlarynyň» hem Katkowyň nebit kärhanalarynyň gurulýan beýleki adalaryna tarapdy.

Biziň ýola düşmegimize deňiz ýakasynda ýaşaýan heýwere keselli türkmenleriň agyr ýagdaýy sebäp bolupdy. Olar özlerini bejermäge, iýmit bilen üpjün etmäge wada berlen-de bolsa, häzire çenlem onuň yzynyň

gelmeýändigi, açlykdan hem keselden ölýändikleri barada arz edipdirler. Nebit kärhanalarynyň eýeleri hem heýwere kesellileriň ykbaly bilen gyzyklanylmagyny haýyş edýärdiler. Sebäbi kärhanalardaky gara işçilerem, tehniki işgärlerem golaýda heýwere kesellileriň bardygyny duýan batlaryna özlerine-de ýokuşyp, aýylganç «ak ajala» sezewar bolmazlyk üçin işi taşlap gaçýarmyşlar. Işiň togtamagy bilen uly zyýan çekilýäni üçin Nobeller heýwere kesellileri bejerer ýaly hassahanalaryň gurluşygyna kän pul goýbermäge söz beripdirler.

Ähli mizi Nobellere degişli, ýöne o diýen gabat gelmese-de, nämüçindir beýik golland akyldary Spinozanyň ady dakylan ullakan ýük hem ýolagçy daşaýan gämi alyp ugrady. Kenara biziň münen gämimiziň ýany bilen ýüzüp gelen, bug bilen işleýän «Meridian» kate-ri bilen bardyk.

Eýýäm nebit wyşkalarynyň tokaýy dörän Çelekene baranymyzda, Subotiçi uly dabara bilen garşyladylar.

Mahal-mahal göwsünden uşajyk ýagyş sepeleýän çal bulutlar kä ýerlerinde topbak ösümlikler ösen, şor kölçeleri ýaldyraşyp görünýän birmeňzeş tekiz düzlügiň depesine gerlip durdy.

Eginleri gyrmyzy donly, başlary burmalary seçelenip duran gara silkme telpekli çakgan türkmen ýigitleri gapdalymyzdan atlaryny ýüzin salyp, töwerekdäki görnüşe aýratyn röwüş berýärdiler.

Nebit kärhanalaryny aýlanyp gören Subotiç ilki demirgazyk tarapda ýerleşen Kertýaka, soň bolsa günortadaky Garagöl obalaryna bardy. Bu obanyň adamlary duz döwmek, balyk tutmak, nebit almak hem dagdan mum tüpeňlemek ýaly işler bilen meşgullanýan eken. Obanyň söwda edýän ýeri bolan Eýranda erkin gezişip ýa-da köçelerde el serşip oturan heýwere keselli

adamlaryň köp bolany sebäpli, bu dert kem-kemden olaryň arasyna-da aralaşypdyr.

Oba barýan ýol ürgün çägeleriň üsti bilen uzalyp gidýärdi. Sag tarapda nebit wyşkalarynyň hatary görünýärdi. Deňziň kenarynda bolsa türkmenleriň gara öýleri uzyn syrgyn bolup ýerleşipdir. Bu ýerde-de generaly dabaraly garşylamaga taýynlyk görlüpdir.

Ýoluň ýüz sajyn[1] aralygyna haly düşelip, üstündenem owadan nagyşlar salnan keçeler ýazylypdyr.

Türkmenleriň bir topary obanyň çetinde myhmanlara garaşyp durdy. Eginleri gymmatbahaly parçadan tikilen donly, döşleri medally aksakgallaryň elleri duz-çöreklidi. Gara öýleriň aňyrsyndan goltuklary çagaly, boýunlary kümüş şaý-sepli, goşarlary bilezikli, uzyn gyzyl köýnekli garaýagyz türkmen aýallary ýüzlerini ýaglyk bilen ýapyp, ogryn seredişýärdiler.

Türkmenler Subotiçiň daşyny gallap, dilmaç Efendiýewiň üsti bilen öz arzlaryny düşündirdiler. Heýwere kesellileri başga ýere äkitmek baradaky teklibe olar kes-kelläm garşydy. «Bu betbagt bendeler häzir nähilem bolsa öz obalarynda ýaşap, dogan-garyndaşlarynyň sesini eşidip ýörensoňlar, dertleri ýeňlän ýaly bolýar. Ilen-çalanlaryndan jyda düşürip, alysdaky ada taşlansa, olar hasratdan öler, bizem bärde arkaýyn ýaşap bilmeris...»

Subotiç heýwere kesellileriň ýaşaýan gara öýlerine tarap ugrady. Obanyň ýüz metr çemesi çetindäki açyk meýdanda içinde janly-jemende ýaşaýana meňzemeýän, halys çagşan bir gara öý gyşaryp durdy. Ondan çykan tutuk keşpli ýaş türkmeniň geýim-gejimi beýleki obadaşlarynyňky ýalam bolsa, ýüzüne welin sereder ýaly däldi. Onda ne gaş bardy, ne-de kirpik.

---

[1] Sajyn (sažen) — 2,13 metre barabar rus uzynlyk ölçegi (terjimeçiniň belligi).

Maňlaýynda ullakan çişler dürterilişip durdy, çişen gögümtil burny durşuna gabarçaklar bilen örtülendi. Ol ýaşaýşyň nury öçen gözlerini bize aýlady-da, beýlesine öwrüldi.

Soňra öýden garry türkmen aýaly çykdy. Ol ýaňky oglanyň ejesi eken. General Subotiç ol aýal bilen birsalym gürleşdi. Garry ondan ogluny heýwere kesellileriň eltilýän adasyna ibermezliklerini haýyş etdi, özem ol ýere gitmekden ýüz dönderdi. Ogly ýagşydan-ýamandan dil ýarman oňdy.

Soňra Subotiç Çelekenden Zakaspidäki heýwere kesellileriň köpüsiniň üýşen ýeri bolan Ogurjaly adasyna hem beýleki birnäçe ýerlere baryp gördi. Ýaşaýjylary bilen tanşyp, özara söhbetdeş boldy.

Onuň ýany bilen ýörite giden lukman N.W.Bogoýawlenskiý generala lukmançylyga degişli meselelerde maslahatlar berýärdi. Soňra Moskwa uniwersitetiniň professory bolan ol lukman heýwere keselini öwrenip, bu derde ýolugan türkmenleriň ýagdaýyny gowulandyrmak ugrunda köp işler etdi.

Dag inženeri Maýewskiniň hem geolog Iwanowyň gözlegleri netijesinde heýwere kesellileri beýleki adamlardan üzňelikde bejerer ýaly hassahanalar gurup boljak adalar gözlenip tapyldy.

Zakaspiniň «Gyzyl Ýarym Aý» jemgyýetiniň başlygy Olimpiýa Iwanowna bütin oblastda heýwere kesellilere kömek üçin serişde ýygnamagy gurady. Ashabatda, Maryda hem beýleki birnäçe şäherlerde sahna oýunlary görkezilip, bazarlar guralyp, olardan düşen girdeji näsaglar üçin hassahanalar salmaga sarp edildi.

Toplanan puluň bir bölegine agyr derde uçranlara geýim, ýorgan-düşek, gap-çanak hem iýmit alyndy. Olary derman-däri bilen üpjün etmek, bejerişi ýola

goýmak işlerini Krasnowodskiniň uýezd lukmany amala aşyrdy. Soňra ondan birnäçe hassahananyň gurlandygy, «ak ajala» ýoluganlaryň ýagdaýynyň birneme gowulaşandygy barada habar gowuşdy.

### 3. Eýran serhedini ýakalap

General Subotiç Ogurjaly adasyndan «Spinoza» gämisine münüp, Eýran serhedinde ýerleşýän harby oba çalym edýän kiçijik Çekişler şäherjigine tarap ýola düşdi. Onuň golaýynda millioner Lionozowyň ullakan balyk kärhanasy ýerleşýärdi.

Çekişlerde Subotiç toplary öz durmaly ýerlerinde däl-de, oýda saklaýany, töwerekleýin goranyşyň ýaramaz guralany üçin ýerli serhet saklawynyň otrýad serkerdesiniň üstüne nagarasyny döwdi. General ýeňil meýdan ýaraglary bolan toplaryň gizlenip goýulman, töweregi oka tutmaga çemli bolmalydygyny düşündirdi, töwerekleýin goranyşy nähili guramalydygyny iş ýüzünde görkezdi.

Soňra ol serhet saklawynyň serkerdesiniň ugratmagynda kä paýtunly, kä atly serhedi ýakalap gidýän, baryp Skobelew döwründe gurlan harby ýola düşüp ugrady.

Bir ýerde — Eýran bilen edil serhetde Subotiçi türkmen atlylarynyň kiçijik topary garşylady. Olar atdan düşüp, rus «Ýarym patyşasyna» salam berdiler.

Ol topar — serhet ýakasyndaky türkmen taýpasynyň belli baştutany Satlyk han hem onuň janpenalarydy. Ol hemişe Eýranda ýaşap, rus Zakaspisinde ýaşaýan türkmenleriň üstüne çapawullyk edýärdi, alan ýesirleriniň el-aýaklaryny zynjyrlap, öz taýpasyndan bolan çomry türkmenleriň ýerlerini suwarar ýaly ýap gazmaga mejbur edýärdi.

Subotiç Satlyk han bilen hoşamaý gürleşdi. Ýöne generalyň ýanyndakylaryň ählisi: «Mekirlikde ýakasyny tanadan Satlyk handan her hili duýdansyz çozuşa garaşaýmaly. Onuň goşuny golaýdaky depäniň aňyrsynda häzir bolup durandyr» diýip howsala düşýärdiler. Generalyň janpenalary bary-ýogy on-on iki sany atly kazakdan ybaratdy.

Uzyn boýly, inçe, çakgan hereketli Satlyk han özüniň ak patyşa duşman däldigini, onuň generalyna hormat goýýanyny bildirmek hem eýran türkmenlerine gol ýapmagyny haýyş etmek üçin ýörite gelendigini tekrarlaýardy...

Subotiç şol wagt Satlyk hanyň bu haýyşyna seredip görmäge söz berdi. Biraz wagt geçensoňam Eýrana ýörite topar ugradyp, ol ýerdäki türkmenleriň şikaýatlaryny derňemegi tabşyrdy.

Bu duşuşykdan soň general ýanynyň saklawy bilen serhedi ýakalap ýola düşdi. Bizem arabakeş esger bilen olaryň yzyna düşdük. Kiçijik arabaly gidip barşymyza ep-esli yza galdyk.

Ýol derýajygyň kenary bilen egri-bugry bolup uzalyp gidýärdi. Men ýoluň bir bölegini gysgaltmak üçin gönüläp gitmegi makul bildim.

Bir ýerde gyrymsy çöp-çalamlar basan kölçejikde ululy-kiçili daşlaryň arasynda adam boýy bolup dikelen ullakan ýylana gözüm düşdi. Inçejik haçja dilini tiz-tizden çykaryp owsun atyp duran ol nägehan bilen aramyz on ädimden kän däldi.

Men butnaman doňup durşuma öz owadan gylyjymyň bu äpet kepjebaş bilen söweşe ýaramajakdygy barada oýlandym. Beýle ýagdaýda häzirki bolşumyzyň samsyk batyrlykdan gowudygyna düşünýärdim.

Göwnüme bolmasa, sagada dönen birnäçe minutdan soň, ýaňky ýylan edil ýüp gaçan ýaly ýuwaşja ses bilen ýere ýazyldy-da, haýdan-haý daşlaşyp ugrady. Eňip barşyna ol üç gezek ösgün otlardyr daşlaryň arasyndan kellesini galdyryp, meniň näme edýänimi synlady-da, bahym gözden ýitip gitdi...
Tizden Subotiçiň yzyndan ýetip, otrýada goşuldyk. Biz iki hepdä golaý ýolda bolup, Gyzylarbadyň üsti bilen yzymyza dolanyp geldik.
Biraz wagt geçensoň general Subotiç maňa şeýle diýdi: «Ýylan bilen duşuşygyňyz baradaky gürrüňiňizi siziň şahyrana toslamaňyzdyr öýdüpdim... Şu gün siziň bolan ýeriňiziň golaýyndaky serhet galasyndan bir habar goşuldy... Serhetçiler uzynlygy bir sajyna barabar ägirt uly kepjebaşy öldüripdirler! Bahym oň hamyny biz Ashabadyň şäher muzeýinde göreris...»
Meniň gezelenjimiziň ugry, ýol ugrunda gabat gelen oba-şäherleriň ilatynyň köp sanly arza-şikaýatlarydyr haýyşlary, general Subotiçiň olar bilen baglylykda beren zerur görkezmeleri beýan edilýän «Zakaspi oblastynyň başlygynyň 1902-nji ýylyň 9-yndan 19-njy marty aralygyndaky gezelenjiniň ýol ýazgylarymy» Ashabadyň gazetleri çap etdi.
Şol bir wagtyň özünde-de Türkmenistan baradaky habarlarymy Peterburgyň metbugatyna hem «Rewelskiýe izwetiýa» — kakama iberýärdim.

## 4. Ashabat durmuşynyň sahnalary

General Subotiçiň ýany bilen ilkinji gezek gidenimden sähel wagt soň, entek Gitar hanymyň myhmanhanasynda ýaşaýan wagtymda meniň durmuşymda Ashabadyň şol mahalky jemgyýetçiliginiň ahlagy üçin häsiýetli bolan wakalaryň birnäçesi bolup geçdi.
Bir gezek gijäniň bimahal çagy gapynyň batly kakylmasyna oýandym. Yz ýanyndanam üç sany ýaş ermeni içerik kürsäp girdi. Olaryň biriniň — eli

ullakan rewolwerlisiniň ýarag dükanynyň eýesi Awanesowdygyny tanadym. Beýleki iki nätanyş otagymyň burçlaryny barlamaga, krowatyň aşagyny sermemäge başlady. Ahyram: «Hiç kim ýok!..» diýip, Awanesowyň gulagyna gussaly pyşyrdadylar.

Görüp otursam, Awanesow bütin şäheri aýlanyp, özünden gaçyp giden fransuz zenany Marini gözleýän eken. «Gelmişek, ýaş sallahyňkyda bolaýmasyn» diýen şübhe bilen meniň otagyma gelipdirler.

Ötünç soramagyň hem ýaraşmagyň alamaty hökmünde Awanesow öz «Smit-i-wessen» kysymly rewolwerini maňa sowgat berdi. Indiki hepdede Italmaz atly türkmen atyny satyn aljak bolanymda ýaňky rewolwer garaşylmadyk ýagdaýda derdime ýarady duruberdi. Atyň eýesi türkmene ullakan «altataram» üste beremsoň, çökder nyrh kesip duran atynyň bahasyndan ep-esli kemäýdi!

Başga bir gezek agşamara biz Mergen aga bilen harbylaryň meýlisine girdik. Ol ýerden (näbelli) serhet saklawynyň ştabs-kapitany çem gelen ofiserlerdir beýleki tanyşlaryny ýygnap, keýp çekýär eken. Şatlyk-şagalaň näçe diýseň gyzypdyr!

«Etregiň aşak başlarynda ol Hywa hany üçin gadagan harytlary alyp barýan uçursyz baý kerweniň yzyndan kowup ýetip, esli mahal atyşandan soň ony ele salypdyr... Bu işi üçin ştabs-kapitan elli müň manat dagy alar. Häzirem şol geljekki baýlygynyň hasabyna tarhandökerlik edip oturyşy!..» diýip, ofiserler gürrüň edýärdiler.

Ştabs-kapitan Mergen agany öz gapdalynda oturdyp, maňa-da stoluň o çetinde üýşüp oturan ýaş ofiserleriň arasynda orun görkezdi.

Onuň bu bolşuny halamanym üçin men tamada her gezek bada teklip etse-de, hiç zat içmän, diňe dodagymy degirmek bilen çäklendim.

Mazaly serhoş bolan ştabs-kapitan meniň bolşumy gördi-de, gödek ýaňsy bilen çetime degäýjek her hili sözler aýtdy. Ornumyň bu ýeri däl-de, «Tigirçileriň jemgyýetidigini» ýaňzytdy.

Onuň sözlerini eşiden serkerdeler maňa tarap seredişip gülüşdiler. Men howlukman ýerimden turdum-da, ýigrimi bäş manady stoluň üstüne taşladym. Yzyndanam ştabs-kapitana dilini sala goýbereni üçin bir oka tabşyrjagymy aýdyp, hoşlaşman çykyp gitdim.

Bu çaknyşygyň soňy tas ýekme-ýek tutluşyk bilen gutarypdy.

Harbylaryň meýlisinde Mergen aga işi ula ýazdyrman, üstüni basyranam bolsa şol günüň ertesi general Subotiç suwumyza degmek üçin ştabs-kapitan ikimizi ýanyna çagyrdy.

Şol gezek ol maňa şeýle diýdi:

— Men siziň her hili bolgusyz üýşmeleňlere baryp, gerekmez, samsyk sene-menelere baş goşup ýörmän, edebiýat hem ylmy derňewler bilen meşgullanmagyňyzy isleýän. Mundan beýläk size tejribesiz, hiç zat başarmaýan adam hökmünde barmak çommaltmazlary ýaly, jogapkärli tabşyryk bermekçi...

Siz kerwen ýoly bilen Ashabatdan Hywa çenli gidip, soňam yzyňyza gaýdarsyňyz. Gören zatlaryňyz, goýunlaryň ýagdaýy, geçen ýoluňyzdan kerweniň gatnaýşy barada hasabat ýazarsyňyz. Hywada özüňizi hüşgär alyp baryň, han bilen duşuşjak boluň. Gepiň gerdişine görä, soňky wagtda artan talaňçylyk hakynda-da ýaňzydyň. Geň zat: köne talaňçy bu barada näme diýerkä?..

Subotiçiň döwründe-de, soňam her ýyl Peterburga gidýän hem tomsuň yssysyny Krymda geçirýän Buhara emiriniň ýoly birnäçe gezek Ashabadyň üstünden düşdi.

Subotiç onuň şanyna dabaraly kabul edişlik guramaga buýruk berdi. Oblastyň başlygynyň jaýynyň iki zalynda üsti güllerden, dürli-dümen naharlardan hem del içgilerden doly iki sany uzyn stol goýuldy.

Uzyn boýly, diýseň äpet görnüşli, egni altyn sapaklar bilen nagyşlanan parça donly, general-adýutant nyşanly, almaz aksklbantly[1] döşüne köp sanly rus ordenleridir ýyldyzlaryny dakylan emir ýanyndaky bir topar köşk emeldarlary bilen ýuwaşja ýöräp, stollara syn edip geçdi-de, ähli tagamlaryň içinden diňe bir salkym üzüme elini uzatdy.

Özüne edilen bu hormatdan diýseň hoş bolan emir soňra general Subotiçiň hödürlemegi bilen, oblastyň başlygynyň käbir işgärlerini Buhara ordenleri bilen sylaglady.

Şol wagtky ýagdaýynda alanyňda emiriň ordenleriniň gymmaty ruslaryňkydan pesdi. Ýöne görnüşi welin, juda haýbatlydy.

Paýtagt şäher Buharanyň şeýle ordenleriniň biri biraz soňrak maňa-da gowuşdy. Köp sanly tylla şöhleli ullakan ýyldyz görnüşindäki ol ordeniň ortasyndaky gök syrçanyň ýüzüne altyn harplar bilan arapça hat ýazylandy. Art etegi uzyn gara baýdagyň ep-esli ýerini tutup, lowurdap duran bu orden heniz görmedik adamlarda üýtgeşik bir täsir galdyrýardy.

## 5. Subotiçiň wezipesiniň soňy

---

[1] Aksklbant — daşary ýurtlarda käbir harby derejeleriň mundiriniň üstünden dakylýan bag, gotazly ýüp (terjimeçiniň belligi).

General Subotiç Zakaspi oblastynyň başlygy wezipesinde bary-ýogy bir ýarym ýyl oturdy.
1902-nji ýylyň awgustynda ol oblast muzeýiniň hem kitaphananyň täze jaýlarynyň gurluşygynyň ilkinji kerpijini goýdy. Yzýanyndanam ol Peterburga çagyrylyp, Priamurskiniň general-gubernatory wezipesine bellenmegi bilen, Habarowskä ugrady. Ol özüne has golaý hasaplaýan ofiserleridir emeldarlarynyň birnäçesini ýanyna aldy.
Men Ashabatda öňki gullugymda galdym. Ýöne general Subotiç bilen soňam dürli ýagdaýlarda birnäçe gezek duşuşmak miýesser etdi: bir gezek rus-ýapon urşy ýyllarynda Uzak Gündogarda, ýene bir gezegem uruş gutaranyndan soň, Daşkentde ilaty täze ýere göçürmek müdirliginde işläp ýörkäm gabat geldim.
Subotiçiň ýerine haýal etmän Baş ştabyň general-leýtenanty Ýewgeniý Ýewgenýewiç Ussakowskini ýolladylar. Şol wagta çenli Baş ştabyň başlygynyň kömekçisi wezipesinde işläp Ussakowskiniň ýany bilen köp sanly ofiserlerdir emeldarlaram geldi.
Täze başlyk bada-bat ähli ýere öz ynamdar adamlaryny belleşdirip, Subotiçe golaý hasap edýänlerini bolsa gysyp çykarmaga başlady.
Oblastyň başlygynyň diwanhanasynyň öňki harby gullukçylaryny hem emeldarlary ýygnan Ussakowskiý meni üns bereniňe degmeýän kiçijik işgär hasap edip, juda sowuk-sala kabul etdi. Tiz wagtdan meniň alýan aýlygymyň 150 manat bolandygyndan 100 manada gelmeginde gös-göni şonuň eliniň bardygy görnüp durdy.
Indi men ýagdaýa görä diş gysyp, çydam edäýmesem, özüme geljekde hiç hili gowulygyň garaşmaýanyny duýdum. Şeýle-de bolsa syýahat etmek, Orta

Aziýa bilen has ýakyndan tanyşmak barada kalbymda besläp ýören arzuwlarymy amala aşyrmak üçin ozalky gullugymda galmagy ýüregime düwdüm.

Tiz wagtdan Marganiýanyň kömegi arkaly Subotiçiň salgy beren, özümiňem diýseň höwes edýän iş saparyma — Garagum çölüniň içi bilen Hywa gitmegime rugsat aldym.

General Subotiçiň wezipesiniň soňy hem döwlet işi bu ajaýyp adamyň hakyky keşbini açyp görkezýändigi bilen gyzyklydyr.

Subotiç 1906-njy ýylda az wagtlyk Türkmenistanyň general-gubernatory bolýar. Bu wezipä bellenip, Daşkende ugrajak bolup durka ol peterburgly žurnalistlere şeýle diýipdir: «...Şu wagta çenli meni liberal hasapladylar. Men hemişe jemgyýetçilik başlangyçlarynyň ählisine hoşniýetlilik bilen garadym. Jemgyýetçilik işeňňirliginiň güýçlenmegine hatda goldawam berdim. Özümiň metbugata garaýşym barada-da şeýle zatlary aýdyp biljek. Şu zatlar üçin maňa «Gyzyllaryň adamy» diýibem gördüler...

Men ülkäni öz wyždanym boýunça, jemgyýetçilige açyk göwünden, hoşniýetlilik hem çäkden çykmalara garşy durmak bilen edara ederin...»[1]

Şu aýdanlarynyň tassyklamasy hökmünde general Subotiç özüniň Orta Aziýa gelmezinden ozal, entek 1905-nji ýylda bolan rewolýusion çykyşlar üçin öç almakdan gaça durup, rewolýusion hereketiň esasy wekilleri bilen gepleşik geçiripdir, polisiýa düzgünini ýumşatmaga girişipdir, tussag edilenleri türmelerden çykaryp başlapdyr, rewolýusionerleriň garşysyna goşun ulanmakdan ýüz dönderipdir, iş taşlan işçileriň wekilleri bilen hut özi gürleşip, olaryň talaplaryny kanagatlandyrmaga synanyşypdyr.

---

[1] «Torgowa-promyşlennaýa palata» gazeti, 14.01.1906, № 11.

Subotiç Samarkantda iş taşlan mugallymlary, Guşgudaky gozgalaňa gatnaşan ofiserleri bendilikden boşadypdyr. Andijan gozgalaňy üçin iş kesilenlere garaşýan özbekleriň bir topary, «Sredneaziatskýa žizn», «Russkiý Turkmenistan» hem beýleki ýerli gazetleriň redaktorlary babatda-da şeýle çäreleri ulanypdyr. Öz generalynyň janyna kast eden esgere berlen ölüm jezasyny ýatyrypdyr. Daşkendiň demir ýol ussahanalarynyň iş taşlaýjylarynyň ýolbaşçylary bilen gepleşikler geçiripdir. Ol Daşkent türmesiniň başlyklaryny çalyşmak, olarda ýatan bendileriň ýagdaýlarynyň ganymatlaşmagyna hemaýat etmek ýaly birnäçe çäreleri durmuşa geçiripdir.

Ýöne ýerli ýokary harby hem raýat dolandyryş edarasy, feodal han-begler, täjirler, Türkmenistanyň reaksion garaýyşly ofiserleri barha güýjeýän rewolýusion hereketlerden gorkularyna işçileriň öz hak-hukuklary ugrundaky çykyşlaryna öz liberallygy bilen rehim etmän, goşunyň güýjüni ulanyp, dessine basyp ýatyrmagyny talap edipdirler. Täze general-gubernatoryň aýrylmagyny talap edip, Peterburga arz-şikaýat ýollapdyrlar.

«...General Subotiç — Russiýanyň abraýy üçin jeň meýdanyna çykan söweşjeň general. Ýöne general-gubernator hökmünde ýekeje-de dar agajyny dikmedik rewolýusioner!..

General Subotiçiň egnine geýýäni däriniň tüssesine garalan mundir — diýip, «Russkiý Turkmenistan» atly liberal gazet ýazýar — Ýöne ýigrenji töhmetçilere bu az görünýär! Olar general Subotiçiň öz mundirini halkyň ganyna boýamagyny isleýärler...

Eger eneleriň hiç biri onuň adyna nälet okamaýan bolsa, eger ýekeje-de dar agajyny dikmedik bolsa, o nähili general-gubernator bolýarmyşyn!..»[1]

Döwlet dumasynyň goýberilip, Stolipiniň häkimiýet başyna geçmegi bilen, Peterburgdan telegraf boýunça gowşan buýruk esasynda Subotiç wezipesinden boşadyldy. «Liberallyk edeni hem çepçiler bilen gürrüň geçireni» üçin generaly nepaga çykmaga mejbur etdiler. Ol Peterburga çagyrylyp, formal görnüşde «Harby geňeşiň agzalygyna — ätiýaçlyga» bellendi.

Daşkent garnizonynyň ofiserleriniň biri Subotiçiň işden aýrylanyny eşidip, onuň diwardan asylgy duran portretini depgiläp durşuna: «Ahyry hakyňdan çykdylar, rewolýusioner!..» diýip gygyrypdyr.

Daşkendiň reaksion gazeti ol hakda şeýle ýazypdyr: «Türküstanyň ýap-ýaňy yzyna çagyrylan öňki general-gubernatory Subotiçiň iş taşlaýjylaryň tarapyny çalşy Ussakowskidenem beterdi. Ýygy-ýygydan gös-göni olaryň tarapynda durýardy... Goşuny ussakowskilerden, subotiçlerden hem şolara meňzeş generallardan arassalamagyň wagty ýetdi!..»[2]

Subotiçiň nepaga çykmagy bilen barypýatan sagçylaryň güni geldi: olar Türküstanda harby ýagdaýy girizdiler — general-gubernatorlyga Polşadaky, Daşkentdäki gozgalaňlary, Manžur goşunyndaky rewolýusion hereketi basyp ýatyrmakda tejribe toplan pyýada goşunyň generaly Grodekowy bellediler.

---

[1] «Russkiý Turkmenistan» gazeti, 23.08.1906, № 172

[2] «Sredneaziatskaýa žizn» gazeti, 04.10.1906, № 215: Zakaspi oblastynyň başlygy bolup galan general Ussakowskiý 1905-nji ýylyň rewolýusion wakalary döwründe bellibir möhletde liberal syýasat alyp barypdyr. Ýöne tiz wagtdan liberallygy üçin nepaga çykyp, Ashabatdan gitmäge mejbur bolupdyr.

Ýene-de şol gazet general Subotiçiň Daşkentden ugraýşy barada içigaralyk bilen şeýle ýazýar:

«Türkmenistanyň öňki general-gubernatory general-leýtenant Subotiç penşenbe güni Daşkentden ugrady. Onuň Alyjenaplary üçin gurnalan otly Bagçylyk Kärhanasynyň ýanyndaky geçitde 5-nji wýorstlykda duruzyldy... General Subotiç ol ýere aýaly bilen paýtunly baryp, wagona mündi...

Daşkent ülkäniň iň ýokary wezipeli başlygynyň şunuň ýaly ýagdaýda ugranyny birinji gezek görýär. Şu wagta çenli ähli general-gubernatorlar başgaçarak ýagdaýda ugraýardylar...»[1]

Men generaly ugratmaga gelen az sanly adamlaryň biridim. Sürgün etmä çalymdaş bu ugradyşda bir ýyldanam azrak wagt mundan ozal Daşkentde dabara bilen garşylanyp, indem ýekirilen ýaly gizlinlikde ugrap barýan harby hem döwlet işgäriniň iň ýakyn adamlarynyň birnäçesi nähilem bolsa onuň hatyrasyny saklap, uzak ýola atarmaga gelipdiler...

Şondan esli mahal soň men general Subotiç bilen Peterburgda duşuşdym. Oňa hiç hili işi ynanmandyrlar. Biz geçenleri ýatlaşdyk. Soňam gaýdyp görüşmedik.

Aýdyşlaryna görä, Subotiç daşary ýurda — ýagny öz watanyna gidip, şol ýerde-de ömrüni soňlapdyr.

## 6. General Kowalýowyň «degişmesi»

[1] «Sredneaziatskaýa žizn» gazeti, 23.09.1906, № 207. Geň zat, ýugoslaw ensiklopediýalary hem Subotiçiň nepaga çykmagynyň sebäbini onuň li-berallygy diýip tassyklaýar: «1905-1906-njy ýyllaryň rus rewolýusiýasy wagtynda özüniň liberal taglymlary hem hereketleri üçin goşundan boşadyldy» («Halk ensiklopediýasy», IV j, 494 s. Zagreb, 1929), «1905-nji ýylyň rus rewolýusiýasy döwründe liberal taglymlary goranlygy hem alyp baranlygy üçin goşundan boşadyldy» («Harby ensiklopediýa», 2-nji neşir, IX j. 225 s. Belgrad, 1975).

1902-nji ýylyň ahyrynda general Subotiç Uzak Gündogara işe bellenilip, gyssagly Peterburga çagyrylan mahalynda general Kowalýow wagtlaýynça oblastyň başlygy boldy. Tiz wagtdan onuň ryswa ady bütin Russiýa dolmak bilen, Zakaspi ýaly çet-gyralarda gulluk edýän ofiserleriň käbiriniň hakyky ýüzüni ile äşgär etdi...

Oblastdaky kazak goşunlarynyň başlygy hem kazak brigadasynyň serkerdesi bolan general Kowalýow ýalňyz ýaşaýardy. Onuň her ýekşenbede öz sulhy alyşýan ýaş ofiserlerini «sallah naharyna» ýygnamak edähedi bardy.

Ol barada: «Gepe çeperligi hem ummasyz kän mukdarda degişme bilýäni üçin, Kowalýowy patyşanyň köşgünde aýratyn gowy görýärler» diýip gürrüň edýärdiler.

Orta boýly, jaýtaryp duran ýeserje murtly, gara çerkes lybasly Kowalýow harby adamlaryň arasynda meşhurdy. Ýerli rus zenanlaram şol diýip ölüp-öçüp barýardy.

Ashabada gelmezinden ozal ol biraz wagtlap patyşany goraýan kazak atlylarynyň serkerdesi bolany üçin 1-nji Taman kazak polkunyň lybasyny geýýärdi. Haýsydyr bir beýik knýaz aýalynyň goldawyna daýanýanlygy üçin, özüni ähli kişiden belentde goýup, elýetmez adamdyryn öýdýärdi.

Kowalýow general Subotiçiň ştab serkerdesi, Baş ştabyň polkownigi Staroselskiniň aýalyna göz gyzdyrýardy. Iki sany ýetişen gyzyň ejesi bolan ol aýal daşyndan göräýmäge golaýyna barar ýaly däldi. Özem iňlis zenanlaryna öýkünip geýinýärdi. Sypaýy hem edep-ekramlylygy bilen özi barada hiç hili gybatyň ýaýramagyna tutaryk goýmaýardy.

Şeýle-de bolsa bir gezek Kowalýowuňkyda üýşüp oturan serhoş ofiserler başga bir adamyň hanym Staroselskaýanyň ýüregine ýol tapandygy barada

ýaňraýarlar. Ol adam — ashabatly zenanlaryň ählisiniň göwün şady, uzyn boýly, syrdam, gözi pensneli Zabusowmyşyn. ŞäŞäherdäki ilkinji awtomobiliň eýesi bolan bu sallah lukmanyň ady oturanlaryň käbirinde göriplik duýgusyny oýarsa, beýlekisiniň gülküsini tutdurypdyr.

Gepiň gerdişine görä aýtsak, ashabatly zenanlaryň Zabusowyň iş ýerine ýygy-ýygy barmaklaryny bir zat — onuň ginekologlygy bilen düşündirmek mümkin.

Haýsydyr bir Zabusowyň özi bilen bäsdeşlige het edenine näçe diýseň çişen Kowalýow meýlisde oturanlara garşydaşynyň ýelini ýatyryp, uly ile masgara etmäge söz beripdir!

Ol bada-bat öz golastyndaky esgerleriň birnäçesini Zabusowyň yzyndan iberipdir. Esgerler lukmana generalyň çagyrýandygy, haýal etmän barmalydygy baradaky habary ýetiripdirler. Muňa geň galan Zabusow özüniň ginekologdygyny, generallyk işiniň ýokdugyny düşündirjek bolupdyr. Ýöne baranlar Kowalýowyň ýarawsyzdygyny, ony, umuman, lukman hökmünde çagyrýandygyny tekrarlap, gününe goýmandyrlar. Hiç hili erbetligi göwnüne getirmedik Zabusow razy bolupdyr.

Ol baransoň ýarym serhoş general Kowalýow kazaklaryna şeýle buýruk beripdir: «Munuň balagyny sypyryň-da, gamçy bilen mazalyja çawlaň!..» Buýrugy köre-kör ýerine ýetirmäge öwrendekli kazaklar dessine işe girişipdirler.

Zabusow özüni diýseň mert alyp barypdyr. Ol jezadan soň eşiklerini geýipdir-de, hiç zat diýmän çykyp gidipdir...

General Kowalýow: «Ol meniň özüni ýençdirenim barada hiç wagt dil ýarmaga milt edip bilmez!..» diýip, syrtarylyp murtuny towlapdyr.

Zabusow şol gijäniň özünde telegrafa baryp, iki sany telegramma ýollapdyr. Olaryň birini ministre, beýlekisinem «Reç» gazetine iberipdir.
Ertesi ol ýap-ýaňy oblastyň başlygy bolup gelen general Ussakowskiniň kabulhanasyna baryp, bolan işi gürrüň beripdir.
Ussakowskiý endigine görä ýüpek ýaly uzyn murtuny sypalap, esli salym dymyp oturypdyr-da, soň gussa bilen şeýle diýipdir: «Bu siziň göwnüňize bolaýmasyn?.. Beýle zadyň bolmagy mümkin däl!.. Ýöne muny içiňizde saklasaňyz, özüňiz üçin gowy bolar. Beýle wakanyň ile jar edilmegi ägirt uly goha sebäp bolar!»
Lukman Zabusow indi dymmagyň giçdigini aýdypdyr-da, şol günüň özünde hiç kim bilen hoşlaşman, Simbirskä ugrapdyr.
Telegrammalar öz bitirmeli işlerini bitiripdir: bu «adatdan daşary waka» ähli rus metbugatynda ullakan tolgunyşyk döredipdir, jemgyýetiňem, harby adamlaryňam ýazgarmagyna sebäp bolupdyr. Gazetlerde Russiýanyň çet-gyralaryndaky häkimiýet eýeleriniň krepostnoý ahlaklary hem eden-etdilikleri barada makalalar peýda bolupdyr. Bu barada W. K. Korolenko hem, şol döwrüň beýleki belli galamgärleri-de ýazypdyrlar.

Dili duzly general Kowalýow bu eden «oýny» üçin ýeterlik temmisini alypdyr: onuň işi Ýokary harby kazyýetine geçirilip, harby derejesinden, ordenleridir pensiýasyndan... mahrum edilipdir.

Rus-ýapon urşy wagtynda Kowalýow Manžuriýa baş serkerdesiniň ştabyna geldi. Ol wagt eýýäm baş serkerde wezipesinden aýrylyp, 1-nji Manžur goşunynyň serkerdesi bolup galan general Kuropatkiniň atly geçip barýarka aýak çekip, Kowalýow bilen gysgajyk gürrüň edenine, «Siz bu

ýerde harby derejäni ýaňadandan gazanmaly bolarsyňyz!..» diýenine özüm şaýat.

Manžuriýada bolan wagtynda Kowalýow pes derejede-de bolsa, özüni islendik ýere bellemeklerini haýyş etdi. Ýöne özüniň kazyýetiň hökümine täzeden garatmak we ýatyrmak baradaky şikaýaty boýunça çykarylmaly karara garaşman, hiç wezipä bellenmän, Russiýa gaýtdy.

Otluda Moskwa bilen Kawkazyň aralygynda bir ýerde öňki general Kowalýow özüni atypdyr.

## III. «ALAŇLARYŇ ÜSTAŞYRY»

### 1. Kerwen ýodasy bilen

General Subotiçiň gitmegi hem maňa Hywa ugramak baradaky tabşyrygynyň buýruk bilen berkidilmän, diňe sözde galany sebäpli, bu mesele boýunça general Ussakowskä maglumatnama bermeli boldum. Beýleki zatlar bilen bir hatarda 1902-nji ýylyň noýabrynyň ahyrynda bu syýahatymyň maksadyny şeýle beýan etdim:

«...Hywa tarapa iberilen öňki seýrek barlag saparlarynyň Amyderýanyň ozalky akymynyň ugruny derňemegi öz öňlerinde esasy maksat edeni hem ondan bäri kän wagt geçeni üçin, maňa mälim bolşuna görä, Zakaspi oblastynyň tutuş demirgazyk etraby barada düýpli, anyk maglumat ýok. Şoňa görä-de, Ashabatdan çölüň içi bilen Hywa, ol ýerdenem günbatara — Garabogaz aýlagyna tarap gidip, Zakaspi oblastynyň bu bölekleriniň häzirki ýagdaýy barada hasabat toplamaga rugsat bermegiňizi towakga edýärin. Belki-de, aragatnaşyk tärleriniň gowulaşmagy, guýularyň bejerilmegi, suwuň täze çeşmeleriniň tapylmagy hem ençeme beýleki çäreler türkmen

ilatyna şol etraplary öri meýdanydyr oturymly ýurt hökmünde peýdalanmaga kömek edip bilerdi. Sebäbi Hywa barýarkaň, ýoluň bütin dowamynda galalaryň häli-şindi gabat gelýän harabaçylyklary birçaklar bu çölde oturymly ýaşaýşyň bolandygyna güwä geçýär...»

Meniň Hywa saparymyň beýleki resmi sebäbi şundan ybaratdy:

Ashabatda adynyň gapdalyna «şeýtan» lakamy goşulan bir işan ýaşaýardy. Ol öz mollaçylyk işleriniň daşyndan söwda-satygam oňarýan ýeser adamdy.

Şol işan Ashabat bilen Hywanyň arasyndaky kerwen ýolunyň ugrunda ýerleşen guýulary arassalamak işini potratyna alypdyr. Musulmanlaryň «guýy gazmak diňe keramatly adamlaryň işi» diýen ynanjyna görä, bu wezipe gös-göni şoňa tabşyrylypdyr.

Ýöne şol ýoldan gidip gören adamlar guýularyň köpüsiniň opurylandygyndan, olarda suwuň düşnüginiňem ýoklugyndan zeýrenýärdiler. Şonuň üçinem, guýularyň ýagdaýyna, gömülenlerine derek täzesiniň gazylany-gazylmanyny, umuman, işanyň öz wezipesini eýgerýänini-eýgermeýänini barlamalydy.

Diwanhananyň beren hatynda men «oblastyň başlygy tarapyndan Hywa welaýatlaryna ylmy-statistik derňew geçirmek üçin iş saparyna ugradylan» adamdym.

Men çöli ýanyma hiç hili gorag toparyny alman, ýekeje ýolbelet bilen geçmegi ýüregime düwdüm. Şonuň üçinem maglumatnamada: «Meniň ýanyma ullakan gorag toparyny goşmazlygyňyzy haýyş edýän. Aý ýarym wagtyň dowamynda geçmeli ýolum onça köp adam üçin amatsyz. Surnukdyryjy, howply syýahatlara öwrenişen adam bolanym üçin, men duş geläýmegi mümkin kynçylyklardan çekinemok. Şoňa görä-de, ýanyma

berkidilen munça köp adamyň howpsuzlygyny boýnuma alyp biljek däl...» diýip ýazdym. Dogrusy, öz howpsuzlygym üçin beýlekileriň garamatyny boýnuma alasym gelenokdy.

Ýola şaýlanmak bilen köne alamançy Şanazar Garabekowy özüme ýoldaş edip aldym. Alamançylygyny birçak terk eden bu adam häzir türkmen diwizionynyň urýadnigidi (Guşgynyň ýanyndaky söweşde tapawutlanyp, edermenligi üçin Georgiý haçyna mynasyp bolan Mergen aga hem şonuň ýaly diwiziona serkerdelik edýärdi. Ýüzünde keramatly Georginiň atly şekili çekilen şol haç musulmanlara aýratyn hukuk berýärdi).

Sagdyn, agajet Şanazar ýaş wagtynda Eýrana, Hywa alamana gidip, ol ýerlerden at olja alyp gaýdar eken. Garagumdaky kerwen ýollaryna hem ýitigsi ýollara diýseň belet Şanazar biziň ýalazy çölüň içi bilen geçen kyn menzillerimizde özüniň tapylgysyz ýolbeletdigini görkezdi.

Onuň ähli emlägi — aty, tüpeňi hem şybygy hemişe ýanyndady. «Kowsa ýetýän, gaçsa gutulýan at, duşmanyň maňlaýyndan otlaýan ýarag hem kalbyňa basalyk berýän çilim ýigidiň ygtybarly dostlarydyr. Üçüsiniňem ses-üýni ýok. Aýalyň welin, ertirden agşama çenli diline dyngy bolmaz...»

Men golaýda satyn alan Italmaz diýen atymyň, Şanazar bolsa ahalteke tohumyndan bolan gara atynyň üstünde ýol aşyp barýardyk. Mundan başga-da, üstüne suwly meşiklerdir iýer-içer ýaly azyk ýüklenen iki ýaby yzymyza düşüp gelýärdi.

Ýola düşmezimiň öň ýanynda men ýol şaýymy mazaly tutandyryn öýdýärdim. Bu meniň ilkinji gezek çöle çykyşym bolansoň, ençeme garaşylmadyk zatlara duçar boldum. Bu syýahat maňa bütin ömrüme ýeter ýaly sapak berdi.

Ashabat bilen Hywa aralygyndaky bu ýoluň diňe ady ýoldy. Onda ýola mahsus alamatlaryň hiç biri ýokdy: ne tigirli ulagyň, ne düýedir atyň yzy bildirýärdi. Hatda ugur görkezýän belliklere, agaçdanmy ýa daşdan edilen çelgä-de gözüň düşjek gümany ýokdy.
Men bir guýudan beýlekä ýalňyşman ynamly ugur alyp barýan Şanazaryň bu iňlär siňeksiz çölde nädip ýol tapyşyna haýran galýardym.
Bütin töweregi tutup, gözýetime çenli uzalyp ýatan, biri-birine meňzeş gum depeleriniň arasy bilen kä ýokary galyp, kä pese inip barýan Şanazar öňümize düşüp, şol haýdap otyrdy. Asman gümmeziniň arasyndan göwnüňe bolmasa, bir duran ýerinden gozganmaýan ýaly duýulýan Günüň howruna bütin töwerek endiräp durdy.
Haýran galaýmaly duýgurlygy, ýiti synçylygy hem köpügörenligi Şanazara bu çölüstanda ugruny ýalňyşmazlyga kömek edýärdi.

Ol sagatsyz wagty, kompassyz taraplary, kartasyzam edil nirededigimizi kesgitlemegi başarýardy. Meniň gözlerime bütin töwerek birmeňzeşdi, nazaryňy egläre zat ýok ýalydy. Şanazar welin, esli aralykdan birçak ölen düýäniň agaryp ýatan süňklerini, her ýerde duran topbak ojarlary, garamtyl zolak bolup görünýän takyry aňsatlyk bilen saýgarýardy. Oňa dogry ýoly salgy berip, ugrukdyrýanam şo zatlardy.

Özi aňsat saýgarýany üçin, gaýta meniň şeýle gözedürtme bolup ýatan ýoly görmeýänime geň galýardy.

Biz Ashabatdan 1903-nji ýylyň mart aýynyň başynda çykypdyk. Garagum her dürli otlardyr güller bilen örtülipdi. Ýolumyz ýeňil düşmedi. Iki gezek harasat turdy, hatda bir gezek garam ýagdy.

Guýular biri-birinden bir günlük aralykdan, takmynan, ýigrimi-otuz kilometrden gabat gelmelidi. Hakykatda welin, olaryň ýerleşişi kartada bellenişinden başgaça bolup çykdy. Käbirini çäge gömüpdir, beýleki birnäçeleriň suwy çekilip, gurruga dönüpdir. Şonuň üçinem, meşikdäki az-owlak suwumyz bilen iki-üç gije-gündizläp mydar etmeli bolýardyk.

Guýularyň köpüsi abatdy. Olaryňam agzy gümmez şekilli edilip örülen ojar şahalary bilen ýapylyp, daşy suwalypdyr. Çuňlugy ýigrimi, ini bir metr çemesi bolan ol çuň guýularyň ählisine opurylmaz ýaly sözenden örüm örülendi.

«Keramatly işanyň» guýulary arassalamak üçin näme tagalla edenini anyklamak kyndy. Onuň bu işi boýnuna alany bäri ençeme ýyl geçen-de bolsa, guýulara hiç hili gözegçilik edilmändigi köre hasa bolup durdy.

Olaryň ýagdaýy indi tötänlige, tebigatyň ýa-da ýolagçylaryň garaşyk etmegine baglydy. Diňe käbirleri bolaýmasa, guýularyň köpüsi düýpli bejerilmegine mätäçdi. Olaryň suwy azdy. Meşik sallap alanyňam gara läbikdi.

Suw duzludy, ajymtykdy. Yssydan eňkamy giden ýylan, hažžyk, alaka ýaly her hili çöl jandarlarynyň gaçmagy zerarly porsan ol suwam biziň agzymyza dag çeşmesinden kem ýaranokdy...

## 2. Allanyýazyň açgözlügi

Ýüzümizi Demirgazyga tutup gidip oturanymyza ençeme gün geçdi. Şunça wagtyň dowamynda ahyrsoňy bir geň ýagdaýa gabat geldim: barýan ýolumyz birden ýarym aýlaw görnüşinde egreldi. Onuň äpet ýaý şekillidigine göz ýetirmek üçin pesinden iki-üç geçit aşmalydy. Bu ýaýyň iki

ujuny birleşdirýän kiriş ýaly göni ýolam bar. Ýöne o ýoluň gatnawynyň kesileni bäri wagt geçipdir. «Şol ýoluň ugrundaky guýularyň suwam edil zäher ýaly. Adammy, düýemi, atmy — tapawudy ýok, şol suwdan datdygy, garny alaň ýaly çişýär-de, garört bolup, çabalanyp jan berýär» diýip, Şanazar düşündirdi.

Garaňky gatlyşany sebäpli, ýoluň böwür berýän ýerindäki guýynyň başynda goş ýazdyrdyk. Şonda Şanazar bize şeýle wakany gürrüň berdi: «O zamanlarda bu töwerekler Allanyýaz baýyň mülküdi. Ol san-sajaksyz dowar sürülerini gyşyna şu ýerde bakyp, ýaz aýlarynda Köpetdagyň etegindäki örüsine sürerdi. Dag eteginde o diýen alyp barýan yssy ýok. Ot-suwam bol. Aw etmäge-de amatly.

Biz Allanyýaz baý bilen bir tiredendik. Kakam-a kesekiniň güllesinden jan berdi, ejemem aýylganç mama keseliniň pidasy boldy. Şeýdibem, men baýyň «tur-otur, kersen getiri» boldum galyberdim. Goýnuny bakdym, atlaryna seretdim. Tüpeňini arassalamalam, çaý-naharyna seretmelem men boldum.

Baýlygy ýere-göge sygmasa-da, Allanyýaz bitini iýme husytdy. Her güýzde diýen ýaly, mallaryny çöle sürmeziniň öňinçäsi ol bir topar atly bolup, parahat oturan pars obalaryna çapawulçylyga giderdi. Käriň alamançylyk bolsa, her zada kaýyl bolaýmaly. Kesekiniň baýlygyna göz gyzdyryp gidenleriň läşiniň ýat obada galýan halatlary-da az bolmaýardy. Maýyp-müjrüp bolup dolanýanlar-da bir ýa iki däldi. Emma bu zatlar oljasy oňanlaryň gözüne ilmeýärdi. Talap alan zatlaryndan atlaryny mas ýükläp, hoş bolup gelýärdiler.

Allanyýaz bilen baýlykda bäsleşip biljek adam ol etrapda ýokdy. Ahyram aljagyny bilse, Allasyna garamaýan baýyň gara nebsi tutuş tiräniň betbagtlyga uçramagyna sebäp boldy...

Bir gezek Amyderýanyň aşak akymlarynda mesgen tutunan Berdi baý kiçiräk kerwen bilen köne ülpedi Allanyýazyňkyda düşledi. Onuň aýagynyň astynda syçrap duran ak arap aty bardy. Seýrek duşýan tohumdan bolan beýle ata her gören adam höwes etjekdi. Ýany bir topar ýigitli Berdi baýyň talaňçylyk bilen işi ýokdy. Onuň baýlygynyň gözli çeşmesi söwdadady.

Ak aty görenden, göwni giden Allanyýaz ony ele salmagyň kül-külüne düşdi. Näçe diýse, bahasyndan gaçmajagyny aýdyp, Berdi baýa ýalbardy. Netije çykmady. Ýöne Berdi baý oňa öňden gelýän dostlugyň hatyrasyna şol ak atdan bolan ilkinji taýçanagy peşgeş bermäge boýun boldy.

Berdi baý säher bilen kerweniniň başyny çekip, ýola düşdi. Sähel salym geçensoň Allanyýazam ýanyna iki ýigidini alyp, awa ugrady. Olar şol gün agşamlyk gara bermediler. Üç gün geçenden soň sag eli sargyly Allanyýazyň bir özi dolanyp geldi. Ol abat eli bilen ak atyň uýanyndan idip gelýärdi. Bu ýagdaýa aňk-taňk bolup, daşyny gaban obadaşlaryna baý ýagdaýy mälim etdi: «Berdi baý öňki pikirinden dändi-de, atyny maňa satdy. Ýanymdaky ýigitler bolsa onuň bilen Hywa gitdiler. Bahym dolanarlar».

Soň ol: «Ertir irden dagdaky örä göçmeli. Şonuň üçinem, dessine öýleri çözüp, taýýar bolup oturyň» diýip buýruk berdi.

Bir şumlugyň bardygyny aňan ýaly, baýyň ýany bilen giden iki ýigidiň aýallary eňreşip başlady. Töwerekdäkiler olaryň goltugyna girip, öýe saldylar.

Baýdan ol-bi zat hakynda jikme-jik soramaga hiç kim milt edip bilenokdy. Allanyýazyň bu gezek öňkülere garanda ir göçýänini, munuň ýöne ýere däldigini süňňi syzsa-da, adamlar ýagşydan-ýamandan dil ýarmadylar.

Garaňky gatlyşyp, aýak ýygnanansoň, itler bir zat syzan ýaly, alazenzele turzup, obanyň çetine okduryldylar. Olaryň birnäçesi tizden yzyna dolandy. Sährada galanlarynyň welin, naýynjar uwwuldylary esli wagtlap kesilmedi. Men birnäçe ýaş ýigidi ýanyma alyp, şo ýana ugradym. Gözedürtme garaňkydy. Uzyn gije aýlanyp, jahan ýagtylyberende, bir alaňyň ýapgydynda gana bulaşyp ýatan ýalaňaç adamyň üstünden bardyk. Onuň endamyna ýelmeşen ürgün çäge gana eýlenip, durşuna lagta-lagta bolup durdy.

Ol Allanyýazyň ýany bilen giden ikiň biridi. Ýigit ýeke agyz sözem aýtmaga ýetişmän, öz hossarlarynyň elinde jan berdi. Onuň ýeňsesinden atylyp, soňam wagşylyk bilen gylyçlanandygyny gören adamlar seslerini çykarman, doňup durdular.

Tizden obanyň erkek göbeklileriniň ählisi Allanyýazyň baştutanlygynda, ganly yzy çalyp, çöle ugradylar. Baý adamlary bir mazaryň üstünden eltdi. Gazyp görseler, onuň içinde ýatan Allanyýazyň ýany bilen giden beýleki ýigit eken. Olam ýoldaşy ýaly, ilki atylyp, soňam çapylypdyr.

Allanyýaz:

— Bu Berdi baýdan başga hiç kimiň işi däldir — diýdi.

Adamlar çöle dargap, Berdi baýy gözlediler. Ol-a tapmak eken, kerwenden hatda yz-soram galmandyr.

Allanyýaz dagdaky örä göçmekligi tizleşdirdi. Bolup geçen bu betbagtlygyň aňyrsynda bir syryň bardygyny bilseler-de, baýyň gazabyndan

çekindiler. Şonuň üçinem ýigitleri jaýladyk-da, bütin oba bolup daga tarap çekildik.

Şol ýylyň gyş gijeleriniň birinde ähli kişi ukudaka, oba ýagy döküldi. Gowy ýaraglanan bir topar atly erkek göbeklileriň köpüsini gylyçdan geçirip, aýallardyr çagalary ýesir alyp gitdi. Diňe az sanly adam çöle siňip, başyny gutarmaga ýetişdi.

Sähel salymda bolup geçen şol çap-ha-çaplykda Allanyýazam ýagty jahan bilen hoşlaşdy. Meni bolsa özüm ýaly birnäçe ýigit bilen elimize agaç gandal urup, Hywanyň gul bazaryna saldylar.

Soň eşidişime görä, Berdi baýyň kerweni bilen birlikde gördüm-bildimsiz ýitirim bolandygy hakyndaky habar agyzdan-agza geçip, bütin ile ýaýrapdyr. Bu habar gulaklaryna degensoň, Berdi baýyň ogullary bir topar atlyny ýanlaryna alyp, olaryň gözlegine çykypdyr. Uzak wagtlap gözlänsoňlar, ahyry çak bilen heläkçiligiň bolan ýerini anyklapdyrlar. Şol töwerekdäki süýji suwly guýularyň birnäçesiniň opurylyp gömlendigi olaryň şübhesini has-da artdyrypdyr. Olaryň çaky dogry bolup çykypdyr: Berdi baýyň hem onuň ýanyndakylaryň ilki atylyp, soňam gylyç bilen çapylan meýitleri şol guýularyň birinde eken. Ýöne düýelerdir olaryň üstündäki harytlardan hiç hili derek tapyp bilmändirler. Olar beýleki ýigitleriň baryny şol ýerde jaýlap, Berdi baýyň jesedini oba getiripdirler. Soňam suwdan ýüklerini tutup, ýene-de şol guýynyň töwereginde gözlegi dowam edipdirler. Ahyry şahdan ýasalyp, kümüş bilen nagyşlanan ilik, öldürilenleriň eriniň pilçesinden bolsa iňlis tüpeňiniň güllesi tapylypdyr. Şeýle ýaragyň diňe Allanyýazda bardygy olara aýan eken. Şeýlelikde, Allanyýazyň açgözlügi bütin obanyň gyrgyna berilmegine sebäp boldy. Men bolsam bir hywaly ussanyň eline gul düşüp,

ýaş başymdan azap ýamanyny gördüm. Ahyram uzak wagt işläp, ýigit çykamsoň, elime-aýagyma urlan zynjyry döwüp, çöle gaçdym. Alla işimi ugruna etdi. Bagtyma, bir kerwene sataşdym-da, sag-aman oba aşdym. Ýogsam, howur alyp duran çölde suwsuz ölüp gitjegimiň ujy iki däldi».

## 3. Gurruk guýularda

Çöl howasy tiz üýtgeýärdi. Gündiz yssy ýakyp-ýandyryp barýan-da bolsa, gijelerine çigreýärdi. Daňdanlar tüpeňimiziň nili, üzeňňidir eýerlerimiz gyraw düşüp, kümüşsöw ýaldyraýardy. Günüň ilkinji şöhleleriniň äleme çaýylmagy bilen, howa maýlaýardy.

Ortada üýşmek köz bolup duran oduň pessaý howruna bir egnimden beýleki egnime agdarylyp, ýylnyp ýatyşyma, Şanazaryň howlukman berýän gürrüňini diňleýärdim. Şonda öz ýanymdan: «Taşlanan ýol bilen gidip, gurruk guýulary barlamaly. Belki, olaryň suwy ýene-de içmäge ýaramly bolandyr? Şeýtsek, häzirki barýan kerwen ýolumyzam ep-esli gysgaljak» diýip oýlandym.

Şanazar meni raýymdan gaýtarjak bolup: «Gurruk guýular häzir döwleriň mekanyna öwrülipdir. Eger olaň rahatlygyny bozaýsak, barýan ýolumyzda her hili betbagtlyga uçramagymyz mümkin» diýdi.

Onuň bu gürrüňi öz çaklaýşynyň tersine, meniň bilesigelijiligimi artdyrdy.

Meşiklerimize özümize hem atymyza üç gije-gündize ýeter ýaly suw sygýardy. Men eger-de meşikleri dolduryp, atlaram suwdan gandyryp, özümizem tygşytly harçlasak, taşlanan kerwen ýoluny heläk bolman geçip biljegimizi hasapladym.

Gijäniň ýarymynda bizi atlaryň horgurmasy, düýeleriň bagyrmasy, adam sesleri, itleriň üýrmesi oýardy. Ol Hywadan gelýän kerwen bolup, ýolda

harasada duçar bolupdyrlar. Kerwen sähel salymda guýulary taňkyratdy, diňe läbik galdy...

Ir bilen hemmeler örüp, ýola düşmegiň öň ýanyndaky başagaýlykda bize atlarymyzy gandyrar ýalam suw tapylmady. Şanazar kerwenbaşy bilen sögüşip, ony «Ýarym patyşa» aýdaryn diýip gorkuzjak bolýardy. Ýöne oň haýbaty hiç hili täsir etmedi.

Kerwen gideninden soň, içi suwly çeleklerimiziň biriniň döwlenine, daryly horjunymyzyň ýitenine göz ýetirdik. Bu bolan işe gönüden-göni men günäkärdim. Şanazar atlary suwa ýakynça, men zatlara esewan etmän, ýolda gören-eşiden zatlarymyzy ýazga geçirjek bolup güýmenipdim. Ine-de, bolan iş...

Şanazar kerwendäkilere gargynyp, bolan zatlary erbetlige ýordy. Ýöne men öz eňegime tutup, saýlan ýolumyzdan gitmäge göwnetdim. Biz gurruk guýulary nazarlap ýola düşdük.

Yzly-yzyna birnäçe şowsuzlyga uçranymyzy sapak edinip, akylymyza aýlanaýan bolsagam boljak eken. Şeýle-de bolsa, gaýdyp bu ýerleri görmek mümkinçiliginiň dörejegine ynamymyň bolmandygy, taşlanan ýodadan gitmek islegimiň juda güýçlüdigi ol pikirimden rüstem geldi. Men Şanazara ýüzlendim: «Ýene üç, aňry gitse, dört menzilden biz hökman kerwen gatnaýan ýola çykarys. Şol üç-dört güne çydam edip bilmeris öýdýärmiň? Ýolda birneme tygşytly bolaýarys. Ugradyk!..»

Ýolda men kompas bilen haýsy tarapa barýanymyzy anykladym. Ýöne munuň geregi ýokdy. Şanazar öz täsin duýgularyna bil baglap, nazarlan ýerimize ýalňyşman alyp barýardy.

Çölüň görnüşi ozalkysy ýaly meňzeşdi. Şanazar kä ýerde birçakky kerwen yzlaryny görkezýärdi. Käte jaýryk-jaýryk bolup ýatan şyr takyr giňişlikde uzak wagtyň dowamynda gatnan kerwenleriň yzlary joýa ýaly bolup uzalýardy. Ojarlaryň şahasynda solup giden mata bölekleri galgaşýardy. Seýregräk, bu ýolda jan beren ýolagçynyň başujuna daş ýa-da ujuna esgi daňylan taýak dikilen mazary gabat gelýärdi.

Agşama golaý gözýetimde uzalyp gidýän belentli-pesli gyzgylt gaýalar göründi. «Oňa gyr diýilýär

— diýip, Şanazar düşündirdi. — Çölden içer ýaly suwam, ýakar ýaly ojaram, atyň üçin otam tapmak bolar. Ol ýerde, iň bolmanda, towşandyr keýik awlarsyň welin, garaz, aç ölmersiň. Gyr welin tersine. Onda ne ot-çöp ösýär, ne-de guýy gazyp bolýar. Agajam ýok. Ähli janly-jandaram diňe suwulganlardyr ýylanlar. Garaz, gyrda gije galan özüň bolma!»

Gün ýaşyberende, biz tutuksy görünýän gyra golaýlaşdyk. Çal hek daşynyň diş-diş gatlaklary bir tarapa gyşaryp, çölüň içi bilen uzalyp gidýärdi. Onuň aňyrsyndan üsti tekiz belentlik demirgazyk taýa ýaýylyp ýatyrdy. Kä ýerde jaýrykda biten çal ýowşandyr guran otlar hüžžerip görünýärdi.

Gyra ýetip, tekiz meýdançany emele getiren çägeler edil kert kenara urlup yzyna gaýdan deňiz tolkunlaryny ýatladýardy. Şol meýdançada birnäçe jaýyň galyndysy göze ilýärdi. Hek daşlarynyň gatlaklaryndan salnyp, çäge basaňkyrlan ol harabalaryň arasynda gögeren birnäçe düýp egri ojar ýykyk-ýumruk diwarlaryň üstüne abanyp durdy.

Şanazar atlaryň eýerini aýyrýança, men ot ýakar ýaly odun gözläp, gaýanyň gapdaly bilen ýöräp barşyma, harabalyga syn etdim. Bu jelegaýlarda guýy

barlygyna hiç hili nyşan ýokdy. Tiz garaňky düşeni üçin çöplän bir goltuk ojar şahasyny alyp, düşlän ýerimize dolandym.

Şanazar atlary duşaklaman, agyzdyryklaryny aýryp, teblä örkledi. Biz atlarymyzyň hersine bir bedre suw berdik-de, özümize ajy çaý demlendik.

Belki, hakydasynda hyň berýän ýatlamalar sebäplidir — Şanazar agraslyk bilen dymýardy. Takwa hem yrymçy musulman bolany üçin, ol alysda galan ýaşlyk ýyllarynda bu gaýalaryň ýanynda bolup geçen pajygaly waka hakda dil ýarasy gelenokdy.

Daň atmazynyň öň ýanynda atlarymyz gozgalaň tapyp horguryşyp, toýnaklaryny ýere batly-batly urmaga başladylar. Biz ýatan ýerimizden syçrap turduk-da, töwerege esewan etdik. Hiç zada gözümiz düşmänsoň, sypalap, atlary köşeşdirdik. Odumyz birçak öçüpdi. Ses-selemsiz çöl asudalygyň goýnuna gaplanyp ýatyrdy. Ýeke gezek garaňkylykdan hassylda, käkelemä meňzeş düşnüksiz ses eşidildi. Bu sesi eşiden atlar saňňyldaşyp, gulaklaryny ýapyryp, dyzlaryny ýere urdular.

Atlarymyzy köşeşdirip, biz ýene ýerimize geçdik, ýöne ukudan mazaly açylandygymyz üçin, uklap bilmedik. Ýaňy daňyň düýbi çyzylanyndan men gaýalap duran belentligiň ugruny syryp gitdim. Jahan bahym ýagtyldy. Ilkinji gün şöhleleri görnenden gaýalak belentlik melewşe reňkli kölegäni emele getirip gyzgylt öwüsdi, howa maýlady.

Gaýalaryň düýbündäki çägeleriň kä ýerleri dykyzdy. Ýerasty suwlar ýüze çykan ýerler garalyp, gatlak baglan duz kümüşsöw öwüsýärdi. Kä ýerde ol çägede guşlaryň kiçijik yzlary görünýärdi.

Bir gaýadan beýlekä böküp, üsti büdür-südür gyra çykanymda, gözümiň öňünde unudylmajak görnüş peýda boldy.

Demirgazyk-günbatara ýaýylyp ýatan daşly tekiz giňişligiň kä ýerinden uzalyp gidýän jaýryklara hem ýiti uçly gaýalara gözüm düşdi. Günorta-gündogar tarapy narynç reňkli çäge deňziniň tolkunlary tutup ýatyrdy. Ýokardan seredeniňde düşlegimiz, guýularyň galyndylary, atlarymyz hem oduň üstüne gerlip oturan Şanazar aýyl-saýyl görünýärdi.

Biraz ýöräp, pese inenimde, asyl-asyl bolup duran gaýanyň düýbündäki çuň jaýryga gözüm düşdi. Golaýyna baranymda, onuň içinden gije atlarymyzy gorkuzan sesi ýatladýan tanyş haşşyldy eşidildi. Daş burnagyň aňyrsyna geçip, bir bölek hek daşyny şol jaýryga zyňdym. Ol ýerden çykan ses öňküsinden has güýçlendi.

Men ýene daş zyňdym. Birden jaýrykdan ullakan zemzeniň buýnuz gow bilen örtülen kellesi göründi. Onuň açyk agzyndaky ýiti dişleri, ujy haçja bolup duran uzyn dili, ýowuz seredýän güberçek gök gözleri iniňi jümşüldedýärdi. Garny güberilip duran melemtil-gök zemzen jaýrykdan hasanaklap çykdy-da, çişip, duran ýerinde böküp, diş-diş kekeçli guýrugyny iki ýana tarpyldadyp haýbat atdy...

Çölüň adam aýagy sekmeýän ýerlerinde türkmenleriň aždarha atlandyrýan äpet zemzenleriň ýaşaýandygy barada «köne zakaspililerden» eşidipdim. Äýnekli ýylanlary hem gaýry duşmanlaryny iýýäni üçin ýerli ilat olara azar bermeýärmiş.

Men bu «çöl krokodili» bilen garaşylmadyk ýagdaýda hem ilkinji gezek gabat gelenim üçin soň näme boljagyna garaşyp ümsüm duraýmasam, başga alajym ýokdy.

Adatça, zemzenlerem beýleki jandarlar ýaly, adamdan ätiýaç edip, gaçýan bolmaly. Ýöne bu welin maňa topuldy. Yza tesip barşyma aýagym taýdy-da,

pese togalanyp gaýtdym. Bir daşdan ýapyşyp, dikelenimem şoldy welin, zemzen guýrugy bilen batly çalyp, tas ýene ýere ýazypdy. Ol gazaply hem batyrgaý hüjüm edýärdi. Haşşyldap, ädigimden agyz salmaga, guýrugy bilen urup ýykmaga dyrjaşýardy.

Meniň bilesigelijiligim şeýdip, özüm üçin howpa öwrüldi duruberdi. Tüpeňim düşelgede galany üçin, yzky jübümden ýola çykamda hiç wagt ýanymdan goýmaýan kiçijik sapançamy çykardym... «Niresinden atsaň gowy borka?.. Sapançamyň oky bu nägehanyň galyň hamyna kärem edesi ýok...» diýip oýlandym.

Zemzen birden kellämden agyz salmak niýeti bilen üstüme zyňdy. Bu hereketem oň başyna ýetdi. Men sapançamy onuň dişleri saňalşyp duran açyk agzyna çenedim-de, mäşäni gysdym. Ol şalkyldap ýere ýazyldy. Guýrugyny birnäçe gezek tarpyldatdy-da, sandyrap, dem-düýtsüz süýndi... Ölçäp görenimde — onuň uzynlygy dört ädim dagy bar eken.

Jaýrygyň düýbünde ýumşak çägeden edilen çukurjygyň içinde ululygy towugyňky ýaly bir üýşmek haparak ak ýumurtga gözüm düşdi. Asyl ene zemzen öz geljekki neslini goraglap jan beren eken.

Meniň zemzen bilen söweşimi, onuň näme bilen gutaranyny eşiden Şanazar nägile hüňürdäp, haýal etmän bu ýerden göterilmeli diýen karara geldi. Men ýene öli zemzeniň ýatan ýerine gitdim.

Onuň hamyny sypyrmak çen-çakdan kyn iş eken. Men diňe onuň guýruk tarapyndan alan ullakan tasmam bilen oňmaly boldum. Şol bölek ham soňra köp mahallap ýazuw stolumy bezäp, görenleri haýran galdyrdy.

Esli wagt geçensoň — sowet döwründe bu syýahatymyzy hem zemzen bilen söweşimi «Garagumda» atly hekaýamda beýan etdim.

## 4. «Soňky menziller»

Hywa barýarkak, biz birnäçe gezek oturymly çarwa türkmenleriniňkide myhman bolduk. Çöle diýseň belet Şanazar olary tüýs gerek wagty tapmagy başarýardy. Duş gelen türkmenlerimiziň myhmanparazlygy diýip-aýdar ýaly däldi. Şanazary, onuň ýany bilen menem edil ýitirip tapan ýaly gadyrly garşylaýardylar. Biz her düşlegde atlarymyza dynç berýärdik, çarwalaryň öz şertleri üçin örän göwnejaý oýlap tapan gara öýlerinde hezil edinip ojar oduna ýylynýardyk.

Hywa barýarkak, biz o diýen üýtgeşik geň waka uçramadyk. Ýöne bir gezek barýan ýolumyzdan esli daşlykda kerwen gözümize ildi. Eýrandan Hywa tarap barýan bu kerweni göreninden, Şanazar bir hili gozgalaň tapdy. «Gel, şulary saklaly» diýip, meni yrjak boldy.

— Seň akylyň ýerindemi? — diýip, onuň al-petinden aldym. — Iki adama taladaýar ýaly, kerwendäkiler, näme, ölüdir öýdýärmiň? Onsoňam, bu iş üçin Hywa hany biziň başymyzdan sypamaz. Ikimizem çukura taşlar. Şol ýerde-de çüýräp galarys. Ashabada-da «Hywa ýetmän, ýolda ölüpdir» diýip habar ýollar, wessalam!..

Ony zordan raýyndan gaýtaryp, ýolumyzy dowam etdik.

Beýikli-pesli gum depeleriniň arasy bilen yraň atyp barşymyza, halys tapdan düşdük. Ahyry bir belent alaňa çykanymyzda, Hywanyň ýaýylyp ýatan ekin meýdanlaryna gözümiz düşdi, ähli ýadawlygymyz zym-zyýat boldy. Dürli ekinler ösüp oturan atyzlar, başy belent çynarlar, ýaşyl syrçalary alysdan ýaldyrap görünýän metjitler, minaralar göwnüňi göterýärdi.

Biziň Ashabatdan Hywa çenli geçen ýolumyz bäş ýüz kilometr çemesidi. Häzir bu aralyk maşynda bir gije-gündizlik, uçarda bolsa bary-ýogy bir sagatlyk ýol. Biz welin, bu aralygy çöle diýseň belet Şanazar bilen iki hepdedenem gowrak wagtda geçdik. Özem howp-hatardan doly, her ädimi ejir-azap bilen geçilýän bu ýola öňýeten adam ýürek edip biljek däldi.

## IV. HYWA HANLYGYNDA

### 1. «Onuň alyhezretleriniň» huzurynda

Rus goşunlary Hywa girip, gullary boşadansoň, jezalandyrylan adamlaryň hanyň köşgüniň öňündäki gazyklara sanjylyp goýlan kellelerini aýyrdansoň, daýhanlaryň daban azabyny ellerinden zorluk bilen almak, ýolda-yzda kerwen talamak ýa-da gul satmak bilen meşgullanyp ýören garakçylar toparynyň eden-etdiliginiň soňuna çykylansoň, Hywa hanlygy parahat ýol bilen ösüp başlady.

Häkimlik öňki feodallaryň elinde-de bolsa, şäheriň durmuşynda kem-käs özgerişlikler ýüze çykyp başlaýar. Rus halkynyň wekilleri edaralarda, söwda-satyk bilen meşgullanýanlaryň arasynda peýda bolup ugraýar. Hatda ymykly göçüp gelenlerem tapylýar. Hywaly baý ogullaryndan Peterburgda okaýanlaryň, ýerli milletden rus goşunynda gulluk edýänleriň bolmagyna garamazdan, şäheriň daşky görnüşinde göze dürtülip duran üýtgeşme görnenok.

Men gören mahalym Hywanyň köçeleri darajyk, egri-bugrudy. Köçäniň iki gyrasyndan uzalyp gidýän, diwarlary jaýryk-jaýryk pagsa jaýlaryň görnüşi tukatdy, içgysgynçdy. Aýlanyp ýörkäň, mähelleli bazarlaryň şowhuny gonamçylyklaryň tukat ümsümligi bilen häli-şindi ornuny çalyşýardy. Şäheriň töweregi ýarpy-ýalta düzlenen ganawdyr kä ýerinde

diňleri somalyp duran ýykyk gala bilen gurşalandy. Galanyň çar tarapynda şähere girilýän derwezeler gapylaryny giňden açyp durdy.
Bulardan başga-da, takmynan, on müňe golaý ilatly bu şäherde onlarça köşk, elli töweregi metjitdir medrese, birnäçe kerwensaraý hem her ädimde diýen ýaly kiçijik dükanlar bardy. Bu ýerde mekdepdir hassahananyň, kitapdyr gazet satylýan dükanyň, teatrdyr klubuň ady-soram ýokdy. Tutuş Hywa hanlygy käbir babatda ruslaryň täsiri bilen az-kem ýumşadylan şol gadymy feodal kanunlary, däp-dessurlary boýunça ýaşaýardy. Iň ýokary häkimlik her hili ýol bilen garamaýak halky talamagy oňarýan köşk emeldarlarynyň daşyny penalap duran hana degişlidi.
Şäheriň kazy-kelanlary henize çenli öleni bäri alty ýüz ýyldanam gowrak wagt geçen Çingiz hanyň «Ýasa» atlandyrylýan kanunlar kitaby boýunça ýazykly hasaplan adamlaryna jeza berýärler. Taýak bilen ýençmek, gulagy, barmaklary, eli, käbir babatlarda bolsa kelläni kesmek ýaly jezalar tä ruslar gelýänçä, şol ozalky ýagdaýynda dowam edipdir...
Hywada meni hormat bilen garşyladylar. Gowy dynç almagym üçin hanyň gadyr edip eçilen işigi howuzly kiçiräk jaýy, dogrudanam, höwes ederçe bardy. Seýit Muhammet Rahym han meni iki gezek kabul etdi. Soňky sapar ol sowgat hökmünde daşy kümüş çarçuwaly suraty bilen kümüş küýze berdi. Ýöne meniň Hywadan alan iň gymmatly zadym at üçin örän rahat, belent gaşly türkmen eýeri boldy. Alys ýol üçin niýetlenýän ol eýer biziň kazak eýerlerimize kybapdaşdy.
Ýagdaýa näbelet bolanym üçin men atyma öz öwrenişen iňlis eýerimi saldym. Ýöne Ashabada çenli geçmeli uzak ýolumyzda ol eýer atymyň arkasyny ýara etdi. Beýle zatlary kän gören Şanazar birhili em etdi-de, ony

dertden gutardy. Meniň soňky syýahatlarymyň hemmesi söwer atym Italmaz hem Hywadan alan eýerim bilen bagly.

Hywanyň iň soňkyň öň ýanyndaky hanynyň köşgi kä ýerlerinde diňler somalyşyp duran galyň diwar bilen gurşalandy. Berk derwezeler, köşgüň töweregini gurşap duran ötlem-ötlem jaýlaryň ýanynda duran çytyk ýüzli, elleri köne tüpeňdir gylyçly nökerler Wereşşaginiň «Teýmirleňiň gapysynyň öňünde» atly meşhur suratynda şekillendirilen adamlara çalym edip durdy.

Han mazaly eýlenen düýe hamyndan dartdyrylyp ýasalan dörtgyraň, ýumşak kürsüde otyrdy. Bu özboluşly «tagtyň» edil gapdalynda çöke düşüp oturan hanyň terjimeçisi Kornilowdy. Subotiçiň tabşyryşy ýaly, men olara çölüň içi bilen geçen ýolumyz, galamgär hökmünde, hanyň huzuryna gelmegimiň sebäpleri hakynda gürrüň berdim.

Han maňa öz gapdalynda oturmagymy haýyş etdi. «Tagtda» ikinji adama ýer bolmansoň, menem terjimeçiniň beýle gapdalynda çöke düşdüm.

Gaçakçylyk meselesi borjuma girýäni üçin bu barada gürrüň gozgajak bolup şunça çemlensem-de, hanyň başga zatlar sorany sebäpli, hiç ebeteýini tapmadym.

«Onuň alyhezretleri» ähli zatdan beter meniň atym bilen gyzyklanýardy. Ol Italmazy iki gezek üns bilen synlap, şeýle atyň özüne-de gerekdigni ýaňzytdy. Bir topar gepiň başyny agyrdyp, ahyrsoňunda ýolda gören-eşiden zatlarymyz dogrusynda soraşdyrdy. Men ýolda gabat gelen kerwenimiz hakynda habar berdim. «Soňky wagtlarda gadagan edilenine garamazdan, serhetden her hili harytlary geçirmek bilen meşgullanýan gaçakçylar toparynyň sanynyň barha artýandygy barada bizde maglumatlar bar. Duşan kerweniňem şol bolaýmagy ähtimal. Ýöne biz olary saklajak bolup

durmadyk» diýdim. Gulagyna hoş ýakdy öýdýän, han makullaýjylyk bilen baş atdy. Soňam «Men öz golastymdaky ýerlerde onuň ýaly bidüzgünçilige ýol berýän däldirin» diýip, gürrüňi gysgajyk jemledi.

Herimiz öz pikirimize gümra bolup birsalym oturdyk. Dymyşlygy hanyň özi bozdy:

— Uzak ýoldan saý-sebäp bilen Hywa topragyna düşüpsiň. Hemişe ýatlap ýörer ýaly, näme sowgat isleýän bolsaň, çekinme-de soraber.

Men:

— Gündogar ýurtlary bilen ýakyndan tanşasym gelýär. Mümkinçilik bolsa, Aziýanyň beýleki ýerlerinem görmek isleýärin. Maňa diňe Hywa aýlanyp, dürli kärdäki adamlar bilen gürrüňleşmäge ygtyýar berseň, başga hiç zat gerek däl — diýdim.

Han göwünjeň razylaşdy.

Ençeme wagt geçensoň, men Hywada öňräkden bäri ýaşaýan terjimeçi Kornilow bilen sataşdym. Ol hanyň gaýyşdan ýasalan «tagty» barada şu zatlary gürrüň berdi:

— Ol, hakykatdanam, tagt. Özem Çingiz han döwründen bäri nesilden-nesle geçip gelýär. Öz ýurdunda altyn tagty baram bolsa, Çingiz han hakyky urşujy üçin atyň ýonasyndan ýakymly zat bolmaz diýip, şol düzgüni girizipdir. Hywa hanam öňden gelýän däbe eýerýäni üçin, hemişe gaýyş kürsüde oturýar.

Soň maňa Hywa tagtynyň mirasdüşeri Isfendiýar töre bilenem duşuşmak, gürrüňleşmek miýesser etdi. Bezemen gündogar lybasly, reňki öçük bu ýaş ýigit Peterburga barşy, özünde galan täsirler barada arassa rus dilinde gürrüň berdi. Hywanyň iň soňky hany bolmak paýyna düşen Isfendiýar töre:

— Russiýada okap gelenimden soň, öz ýurdumdan göwnüm geçdi. Aň-bilim ýaýratmak bilen meşgullanaýsam diýen pikirimem bar. Peçli, penjireli rus tamyny salnasym gelýär — diýdi.

Soň eşidişime görä, ol rus tamyny salyp, esli wagt ýaşapdyram. Ýöne aň-bilim ýaýratmak pikiri welin, amala aşmandyr.

## 2. Hanyň zyndany

Handan rugsat alyp, Şanazar ikimiz şähere aýlanmaga çykdyk. Hywanyň darajyk, tozanly köçeleri, şowhunly bazary meniň akylymy haýran etdi. Şanazar maňa uly bazaryň ýanyndaky misgärlerdir ýarag ýasaýan ussalaryň hatarynda ýerleşýän, garalyp giden ussahanany görkezip: «Ýetginjek wagtymda bendilikde bolanymda, şu ýerde gul edip işledipdiler. Meniň ýaly gaty kän gullar bu tüsseli hütdüklerde küýzegärler üçin palçyk eýläp, agaç kesip, daş ýonup, baý, işländirler-ä» diýdi.

Häzir bu ýerde gullar ýokdy. Ýöne ussahanada ulanylýan gurallar, edilýän işler welin, sähelçe-de üýtgemändir. Maňňallarda köreýän ody, eýlenen palçygy, gara der bolan ýarym-ýalaňaç göwreleri alagaraňkyda zordan saýgaryp bolýardy. Igeleriň jygyldysy, çekiçleriň şaňkyldysydyr suwuň sesi aýyl-saýyl eşidilýärdi. Ussahananyň işiginde duran arassa geýimli, dilewar hojaýyn geçip barýanlara ol-bi gerek zatlaryny ýasadyp gitmeklerini gadyr bilen teklip edýärdi.

Aýlanyp ýörkäk, biz geň tomaşa gabat geldik. Han öz paýtagtynyň içinden geçip barýardy. Bu görnüş Iwan Groznynyň köne Moskwanyň içinden geçip barşyny şekillendirýän suraty ýadyma saldy.

Bu dabaraly ýörişiň öňünden elleri naýzaly hem ýalaňaç gylyçly atlylar barýardy. Hanyň atlarynyň bir toparyny idip barýan atbakarlaram olaryň

yzyndady. Toparyň öňünde hanyň orenburgly bir ruhanydan satyn alan iki sany daýaw gara aty, soňam biri-birinden owadan, dürli reňkli beýleki atlar oýnaklaşyp barýardy. Han gara gözleri uçganaklap duran ak atyň üstündedi. Atlaryny gorgunyna sürüp barýan elleri tüpeňdir naýzaly ýüz sany nökerem ondan galanokdy.

Iki tarapa serpilip, ýol beren mähelläniň ählisi ellerini döşüne goýup, tagzym edýärdi. Iki bükülişip duran ol adamlaryň hiç biri başyny göterip, hana seretmäge milt edip bilenokdy.

Han geçip gidensoň, men Şanazardan zyndany görkezmegini haýyş etdim. Biz tirkeşip, ullakan diňiň ýanyna bardyk. Ol ýerde pessejik demir gapynyň öňündäki halyçanyň üstünde zyndanyň sakçysy somalyp otyrdy. Onuň gapdalynda-da gelip-gidýän adamlaryň göwnünden çykaran sadakasyny oklaýan jamy durdy.

Şanazar donunyň o ýerini-bu ýerini çekişdirdi-de, sesini gataldyp: «Han hezretleriniň ygtyýar bermegi bilen, tanymal rus baýary zyndana geldi. Aç bahymrak!..» diýip, sakça azm urdy.

Bu sözlerden zähresi ýarylara gelen sakçy poslap giden gapyny jygyldadyp açdy. Biz içine depesindäki darajyk deşikden ujypsyzja ýagty düşýän kiçiräk, alagaraňky jaýa girdik. Içerde nal şekilli daş sekiniň üstünde ählisi ujy diwara berkidilen bir zynjyra kökerilen, saç-sakgallary bulaşyk bendiler dymşyp otyrdylar. Sekiniň ortasynda olaryň hajaty üçin ýasalan deşik bardy. Diwaryň birinde oturdylan agzy giň, pessejik pejiň turbasy diňiň içi bilen uzalyp, ýokaryk ep-esli saýlanýardy.

Bendileriň seredişi parhsyz hem tutuksydy. Diňe çakgan hem gaharjaňdygy keşbinden bildirip duran hywaly bendi bizi görüp, çalt-çalt

geplemäge, soňam gygyrmaga başlady. Şanazaryň düşündirişine görä, ol indi on üç ýyl bäri bu ýerde otyrmyş. Özem hiç bir günäsiz halyna ejir çekýärmiş. Ony boşatmak üçin başga kişiniň däl-de, diňe rus baýarynyň nepi degjekmiş... Onuň gykylygyna beýleki bendilerem hüşerilişdiler. Birdenem olaryň hemmesi zöwwe ördi-de, zynjyrlaryny şakyrdadyp: «Biziň günämiz ýok, nähak otyrys» diýip, ýerli-ýerden gygyryşyp başladylar. Gykylyga türme sakçysynyň elleri dürre gamçyly iki sany daýaw kömekçisi ylgaşyp geldiler. Näderini bilmän, elewräp duran sakçy bizi derrew daşaryk alyp ugrady. Çykyp-çykmankak, yzda dürre gamçylaryň şarpyldysy, adamlaryň kalbyňy paralaýjy iňňildisi eşidilip başlady...

Hywada gören-eşiden zatlarymyzyň galdyran ýaramaz täsirinden ýüzümizi sallap, öz bolýan bezemen jaýymyza dolanyp geldik. Öýde biz üçin taýýarlanyp goýlan zatlaryň hetdi-hasaby ýokdy. Gündogaryň nazy-nygmatlaryndan adyny tutanyň bar. Şol wagtam hanyň ýakyn adamlarynyň biri gelip, meniň hormatyma baýramçylyk agşamynyň boljakdygyny uly şatlyk bilen habar berdi. Hatda meniň göwnümi açmak üçin sazandalardyr tansçylaram geljekmiş.

Birden bir çalarak tanşymyň: «Ol ýerde has bilesigeliji syýahatçylaryň gowy hezzet-hormatdan soň dereksiz ýitmesi ýa-da erbet derde uçrap, tizden ýagty jahan bilen hoşlaşmasy seýrek bolýan zat däl. Senem häzir bolgun» diýen dostlukly maslahaty güpbe ýadyma düşdi. Bu aýdylanlardan howatyr etmänimde-de, häzir şady-horramlyga o diýen döwtalap däldim. Üstesine-de, Şanazaryň «Ol ýere barsaň, adat boýunça her sazandadyr tansçynyň agzyna altyn pul sokmaly borsuň» diýmegi, gitmeli däl diýen belli-külli karara getirdi. Men zoraýakdan üsgürip durşuma:

«Baýramçylygy goýbolsun edäýseňizläň. Görüp dursuň-a, ýarawlygymyňam ugry ýok» diýdim. Gelen adam: «Buýrugy ýerine ýetirilmese, han halaýan-a däldir. Görüň-dä...» diýip, närazy äheňde hüňürdäp çykyp gitdi.

Hanyň «merhemetine» garaşman, Şanazar ikimiz daň atmanka, Hywany terk etdik. Öňde uzak ýol ýatyrdy. Pulumyzdyr azygymyzam paýawlap barýardy. Gije Şanazar kerwensaraýyň tanyş hojaýynyndan aýaklary inçe, çakgan dor türkmen atyny aldy. Onuň deregine bolsa meniň arkasy ýara bolan Italmazymy goýduk.

Ýolda ilki düşlänimiz Hywadan elli kilometr çemesi daşlykda, Amyderýanyň çep kenarynda ýerleşen Petro-Aleksandrowsk[1] şäherjigi boldy. Çärjewden[2] bu ýere gämi gatnawy bolany üçin, bize derýadan gaýykly geçmäge-de mümkinçilik bardy...

***

Ashabada gelenimden soň, Zakaspi oblastynyň başlygy general Ussakowskä beren maglumatnamamda men Hywada hanyň zyndanyndaky ýagdaý barada-da ýatlap geçdim. Biraz wagt geçensoň, öz bölümimiziň başlygyndan meniň şol aýdanlarymyň Ussakowskä ýaramandygyny eşitdim. Ol maňa: «Indiden beýläk gönüden-göni öz borjuna girmeýän zatlara gatyşmasyn» diýip, berk duýduryş beripdir...

## 3. Kämilleşdirilen tüpeň

[1] Petro-Aleksandrowsk — Dörtgülüň ozalky ady.

[2] Çärjew — Türkmenabat şäheriniň öňki ady.

Petro-Aleksandrowskä barýan ýoluň bir bölegi Amyderýanyň kenaryny syryp gidýärdi.
Biz, takmynan, ýol ýarpy boluberende, dynç almak üçin düşledik. Atlarymyzy derýanyň suwuna ýakdyk-da, alaňdan pese inip, çaýlymdaky gür biten ýylgyn, oblepiha, söwüt hem ösgün gamyşdan ýaňa geçmesi kyn jeňňelligiň içi bilen ýola düşdük.
Garagumuň howur alyp ýatan çägeliginiň içinden geçen öňki ýolumyz bilen deňeşdireniňde, häzirkimiz duranja jennetdi. Göze ilýän, gulaga eşidilýän ähli zat ýaşaýyşdan habar berýärdi.
Jeňňelliklerden käte sülgünler gyzyl çog bolup güsürdäp uçýardy. Ýabany ördeklerdir guwlaryň sürüsi ganatlary bilen howany endiredip, asmana göterilýärdi. Biz keýikleriň, şagallardyr ýekegapanlaryň suw içmäge gatnaýan ýodalaryna häli-şindi gabat gelýärdik. Depeleriň üstünde birçakky berkitmelerdir mazarlaryň galyndylary göze kaklyşýardy. Golaýdaky gamyşlardan ýa-da gyzgylt güle bürenip oturan kendir jeňňelliginden kämahal horkuldy, batgalykda şalpyldaşyp, çekeleşýän haýwanlaryň sesleri eşidilýärdi.

Hywalylaryň gürrüň bermegine görä, bu ýerlerde gaplaňyňam gabat geläýmegi geň däldi. Agyr göwreli bir jandaryň guran gamyşlary şatyrdadyp ýöräp barşyny iki gezek aýyl-saýyl eşitdik. Şol sesiň bu jeňňeliň hojaýyny ýekegapanlaryň şygyrdysydygyny soraman biläýmelidi. Hywada musulmanlar doňzuň eti harammyşyn diýen düşünjä eýerip, olara azar bermeýärdiler.

Ýabany haýwanlaryň şeýle bollugy meniň awçylyk derdimi gozgady. Ýöne ol tas başyma-da ýetipdi.

Men deryanyň kenaryndaky owadan hem giňiş ýerde ýatyp, keýigi garawullamak, şol bir wagtyň özünde-de, gaýtmazymyň öňinçäsi Awanesowyň dükanyndan satyn alan köp ok atýan, ýarym awtomatik amerikan tüpeňimi barlap görmek kararyna geldim.

Ýol şaýymy tutup ýören mahalym Awanesowyň diňe bir ownuk demir önümleri däl, eýsem tüpeňem satylýan dükanyna giripdim. Onda ýekenil hem goşa tüpeňleriň her dürlüsi bardy. Awanesow aýratynam, şu elimdäki tüpeňi öwüp, arşa çykardy. Öz harydynyň aýratynlygyny görkezmek üçin ok sürlüşini hem çykarylyşyny kän gezek gaýtalady. Öňe itilip, gulagy yza çekilende-de zyňlyp gidýän okdan ýaňa dükanyň içi pytrap ýatan peşeňden doldy.

«Şunuň ýaly täze, kämilleşdirilen tüpeňiňiz bolsa, siz üstüňize çozan alty adamy okdan geçirip bilersiňiz ýa-da peýkam ýaly eňip barýan ýabany geçileriň birnäçesini tükgertmäge hötde gelersiňiz» diýip, Awanesow meni ynandyrypdy.

Ýanyna nili inçeden uzyn, kümüş bilen nagyşlanan, togalajyk seçme bilen agzyndan oklanýan köne tüpeňini alan Şanazaryň meniň tüpeňime göwni ýetmedi. Öz köneje ýaragyny munuň ýaly «kämilleşdirilen tüpeňe» çalyşmajagyny nygtady.

Ýola düşmezimiň öňýanynda men Köşä tarap atlandym-da, atyp-atyp, bir düýp garry çynaryň ýogyn ýerini eleme-deşik etdim. Tüpeň şeýle gowy atany üçin, Şanazaryň şübhelenmesine gülkim tutdy.

...Men düşleg ýerimiziň golaýyndaky ýabany geçilerdir ýekegapanlaryň yzlaryny kän gören ýerime gitmegi ýüregime düwdüm. Şanazar atlara sakçy bolup galdy. Awa ugran mahalym daň atmazynyň öňüsyrasydy. Gamyşlary

usullyk bilen iki ýana serpip barşyma asuda ýatan derýanyň kenaryna çykdym-da, haýwanlaryň suw içmäge gelýän ýodasynyň golaýyndaky çugdam ösen derekleriň arasynda gizlendim.
Dereklerin birnäçe ädim gapdalyndaky tümmejikde ornaşyp awyň peýda bolaryna garaşmaga başladym. Bu ýerden çaýlymdaky garalyp duran gür gamyşlyk aýyl-saýyl görünýärdi.
Men uzak wagtlap ümsümlige diň salyp, gymyldaman garaşdym. Ýodada hiç zat görnenokdy. Gije tamam bolup, daňyň öňýanyndaky alagaraňkylyk mahaly şemal öwsüp, suwuň ýüzi uşajyk tolkunlar bilen örtülende, asmanda ilkinji guşlar görnüp ugrady.
Asman gümmeziniň bir çeti elwan öwsüp, derýanyň beýleki kenaryny ýagtyltdy. Edil çölde bolşy ýaly, ähli zat diýseň ýagtylanan säheriň goýnuna doldy.
Daňdanyň iniňi düýrükdirýän çigregi Günüň ilkinji şöhleleriniň äleme çaýylmagy bilen, ornuny ýylylyga berdi. Aw etmek pikirimiň puja çykanyna keýpim bozulyp, düşleg ýerimize gaýtmagy ýüregime düwen mahalym yz tarapymdan şygyrdy eşidildi...
Nämekä diýip, yzyma gaňrylanymda, birnäçe ene ýekegapanyň seýrek gamyşlary basgylap, özüme tarap gelýänini gördüm. Olar kellelerini iki ýana bulap ysyrganýardylar. Yzlaryndanam bir topar kiçijik garaja çagalary seňkildeşip gelýärdi. Töwerek-daşa esewan etmän, güňleç horkuldaşyp gelýän süri maňa barha golaýlaşýardy.
Ýekegapan etinden ediljek tagamly nahar barada oýlananymda, meniň agzym suwardy. Ýöne ondan Şanazaryň datmajagy barada-da pikir öwürmäge ýetişdim.

Men iň öňden gelýän ýekegapanyň pilçesiniň aşak ýanyny nazarlap, mäşäni gysdym. Tüpeňiň güňleç sesi asudalygyň goýnunda meýmiräp ýatan töwerege ýaň salyp, gamyşlykdaky guşlary örüzdi. Nyşana alan ýekegapanym temegini çägä süssürdi-de, aýaklaryny kakyp, naýynjar ses etdi. Süri bada-bat ugruny üýtgedip, bir ýana sowuldy.

Ýerimden turup, awuma tarap ugrajak bolanymam şoldy welin, gamyşlary döwüp, özüme tarap okdurylyp gelýän äpet garamtyl-goňur ýekegapana gözüm düşdi. «Erkek ýekegapan!» diýip, içimden howsalaly pikir öwürdim-de, haýdan-haý tüpeňe ok sürmäge alňasadym. Howlukmaçlyk bilen ikinji... üçünji... gezek synanyşdym. Bolmady... birinji gezek atan okumyň peşeňi zyňlyp çykdy-da, tüpeňiň daragynda duran oklary oň ýerine sürmek başartmady...

Janyňy gutarmak barada oýlanmaga sähelçe pursat galypdy. Edil gyssaga düşen şol mahalym şadyýan Jakolino Roşeden[1] alan sapaklarym dadyma ýetişdi...

Men okdurylyp gelýän ýekegapana tarap ylgadym-da, indi hiç zada derkary bolmadyk tüpeňimi

tutduryp, özüm onuň aňkap duran syh-syh arkasyndan böküp geçişime, ýeke duran derege tarap eňdim.

Bagtyma, aşaky şahadan ýapyşyp, bada-bat towsup çykanymam şoldy welin, agaç ýekegapanyň dişleriniň batly urgusyndan sarsyp gitdi. Men ýokarda edil bile biten ýaly, agajy berk gujaklap otyrdym...

---

[1] Jakolino Roşe — belli akrobat hem masgarabaz. Ýaşlyk ýyllarynda W. Ýançeweskiý ondan gimnastika hem akrobatika boýunça sapak alypdyr.

Ýekegapan agajyň daşynda aýlanyp, ýer peşeýärdi. Ýalaw ýaly dişleri bilen deregiň gabygyny soýuk-soýuk edip, basyk ses bilen harryldaýardy. Art aýaklaryna galyp, agaja dyrmaşjak bolýan ýekegapanyň kiçijik gyzyl gözlerinden endamyňy jümşüldedýän gazap uçgunlary syçraýardy. Käte hol beýlede ýatan tüpeňimiň ýanyna seňkildäp barýardy-da, agzyna alyp, ikibaka silkeleýärdi. Şonda onuň ýalaw ýaly dişleriniň zarbyna çydaman, tüpeňiň gundagy şatyrdap jaýrylýardy.

Gün eýýäm al-asmana galypdy. Ýöne ýekegapan meni taşlap giderli däldi. Ol haýallyk bilen agajyň daşynda aýlanýardy. Käte-de meniň öldüren ýekegapanymy ysgaşdyryp, temegi bilen yralap görýärdi. Soňam menden gözüni aýyrman ýörşüne, sähel gymyldadygym, ylgap gelýärdi-de, tüpeňimi depgilemäge, çeýnemäge başlaýardy...

Eger-de Şanazar ýetişäýmedik bolsa, bu ýagdaýyň näme bilen gutarjagy belli däldi. Ol ýekegapana ok atmady-da, bogazyna sygdygyndan gygyryp, sygyryp ýörşüne, gamyşlyga ot berdi. Ilki tüsse, soňam çabraýan ýalyn maňa golaýlaşyp ugrady.

Diňe şondan soň kastyma çykan ýekegapan daşymda aýlanmasyny goýup, howany ysgady-da, haýallyk bilen derýanyň kenaryndaky gamyşlyga sümüp gitdi. Onuň palçyga basýan aýaklarynyň şalpyldysy eşidilýärdi. Gamyşlaryň garalyp duran başlarynyň yranyşyna syn edip, onuň nireden barýanyny bilip oturmalydy. Soňam bütin töweregi asudalyk gurşady...

Satyn alan mahalym näçe diýseň öwgüsi ýetirilen tüpeňime seredip duran Şanazar sypaýy gülümsiräp, meniň çeken ýitgime gynanç bildiren bolýardy. Ýöne öz köne tüpeňine ýaplanyp durşuna, içiniň gülýän bolmagy-da ähtimaldy.

Şondan soňky syýahatlarymda men öz ýanymda hemişe Berdanyň ýeke ok sürülýän iň ýönekeý ýasalan tüpeňini göterdim. Çölde beýleki «kämilleşdirilen tüpeňleri» derde geçmez edýän çäge-de oňa kär edip bilenokdy.

Syýahatymyzyň galan bölegi şowuna boldy.

Petro-Aleksandrowskini hem Amyderýanyň geçidini gözden geçirenimizden soň, biz Hywa dolanyp geldik. Ol ýerde men mazaly dynjymy alyp, ýaralaryndan saplanan Italmazyma atlandym. Onuň alyhezretleri hanyň huzuryna barman, biz yza dolandyk.

Günorta tarapa ýola düşüp, Garagum çölüni ikinji gezek kesip geçdik. Ýöne bu saparky ýolumyz günbatarrakdan — Gökdepäniň golaýyndan çykýardy.

Ashabatda maňa ajy habar garaşýan eken. 1903- nji ýylyň 1-nji aprelinde Peterburgyň hassahanasynda meniň kakam, «gomerçi» Grigoriý Andreýewiç[1] dünýäden ötüpdir. Nobatdan daşary zähmet rugsadyny aldym-da, Peterburga ugradym. Soňam biraz wagt ejem Warwara Pompeýewnanyň ýanynda Rewelde ýaşadym.

## V. BU ÝERLERIŇ BAZARY SOWLUPDYR

### 1. Amerikan ekspedisiýasy

Biz dolanyp gelýänçäk, Ashabatda köpüň diline düşen iki sany waka bolup geçipdir. General Ussakowskiniň maşgalasy — onuň Orenburguň kadet korpusyny esaslandyryjy Neplýuýewiň gyzy bolan çepiksije aýaly hem üç

[1] G. A. Ýançeweskiý (1846-1903) — grek nusgawy şahyrlarynyň terjimeçisi (şonuň üçinem, «gomerçi» diýilýärdi), mugallym, «Gimnaziýa», «Pedagogiçeskiý ýeženedelnik» žurnallarynyň, «Rewelskiýe izwestiýa» gazetiniň, pedagogika hem Gadymy Gresiýanyň şygryýeti boýunça köp işleriň neşir edijisi, redaktory.

gyzy Ashabada gelipdir. Gazetleriň berýän habarlaryndan çen tutsaň, onuň iki uly gyzy Peterburgda at münmekde özlerini tanadypdyr.
Üç uýanyň iň ulusy, gaty kän ýigitleriň erkini elinden alan Ýelena iňlis tohumyndan bolan atyna münüp, şäheriň golaýyndaky tekiz meýdanda ýeke özi gezelenç etmegi halaýardy. Ol kyn päsgelçiliklerdenem batyrgaýlyk bilen atyny bökdürip geçmegi başarýardy.
«Ýyldyzjyk» atlandyrylýan ikinji uýa fransuz ofiserine durmuşa çykany üçin Fransiýada ýaşaýardy. Ol bu ýere kakasynyň ýanyna görme-görşe gaýdypdyr. Iň kiçileri Muma pianinoçy hökmünde tanalypdyr. Mundan başga-da, ol nirä barsa, fotoapparatyny ýanyndan goýmaýardy.
Ýene-de Ussakowskiniň täze ştab başlygy general Neýelew öz spirit[1] bilen meşgullanýan aýalyny alyp, Ashabada gelipdir. Onuň aýaly bada-bat spiritik seanslary guramaga girişip, şol wagtnysak bolan bu tomaşa şäher «jemgyýetçiligini-de» gyzyklandyrdy.
Beýleki bir, has çynlakaý häsiýetli waka — 1903- nji ýylyň maýynda Ashabada milliarder-filantrop Karneginiň ylmy institutynyň geologiýa-arheologiýa boýunça amerikan ylmy-barlag toparynyň gelmegi boldy.

«Ashabat» gazeti şol wagtda «...topar ýer işleri hem döwlet emlägi ministrliginiň gönükdirmesi bilen Köpetdagy, Howdany, Haýdarabady, Garşyny hem Termezi... ylmy taýdan derňemek üçin geldi. ABŞ-nyň ilçisiniň haýyşy boýunça, Baş dolandyryş merkezi gazuw-agtaryş işlerini geçirmegi hem arheologik gymmatlyklary alyp gitmegi gadagan etmek bilen, topara gaýry zerur goldawyň berilmegini towakga edýär» diýip ýazdy.

---

[1] Spirit — ölenleriň ruhy bilen habarlaşyp bolýar diýen ýalan dini ynam (terjimeçiniň belligi).

Ylmy topara ýany bilen ýetişen oglunam alyp gelen Rafail Pompelli baştutanlyk edýärdi. Toparyň gelmeginiň hakyky maksadynyň nebitiň ýa-da başga bir gazylyp alynýan peýdaly magdanyň gözlegi bilen bagly bolaýmagy gaty mümkindi.

General Ussakowskiý amerikalylary diýseň hoşniýetli kabul edip, islendik zerur kömegi bermäge boýun boldy. Maňa bolsa, iňlis dilini bilýänim üçin, toparyň ýanynda bolmagy tabşyrdy.

Pompelli ýaş wagtynda bir ylmy topar bilen Sibirde bolandygyny, onuň özünde «ýakymly ýatlamalar» galdyrandygyny, şonuň üçinem, «ýene-de Russiýa gaýtmak meýliniň dörändigini» gürrüň berdi.

Toparyň ylmy ýolbaşçysy hem Pompelliniň sag goly professor Dewisdi. Belli amerikan alymy Dewisiň geologiýa boýunça ýazan düýpli gollanmasy şol wagtBirleşen Ştatlaryň ähli uniwersitetlerinde okadylýardy. Ol Köpetdagda aýlanyp, soňra öz synlan zatlary baradaky nutugyny, dag jynslarynyň kartasyny, dagyň kesik şekilini hem Köpetdagyň geologik gurluşyny beýan edýän materiallary Ussakowskä görkezdi.

Ýaş geolog Elswors Hentington[1] Dewisiň kömekçisidi. Ol soňTibete, Palmiranyň harabalyklaryna, Kiçi Aziýa syýahat edip, weýran bolan hem çäge basan birnäçe şäheri açdy. Bular hem beýleki ençeme syýahatlary, ylmy derňewleri oňa şöhrat getirdi.

---

[1] Elswors Hentington (1876-1947) — geografiýaçy, taryhçy hem syýahatçy. Klimatyň siwilizasiýa bilen baglanyşygy baradaky nazaryýetiň, Ýakyn Gündogar, Orta hem Orta Aziýa, Merkezi Amerika boýunça köpsanly ylmy işleriň ýazary. ABŞ-nyň Ýel şäherindäki hem beýleki uniwersitetleriniň professory.

Ol agasynyň Stambulda gulluk edenini gürrüň berdi. Elswors onuň ýanynda ýaşap, başlangyç bilimi Türkiýedäki missionerleri taýýarlaýan amerikan hünärmentçilik mekdebinde, Wan kölüniň golaýynda ýerleşýän ermeni kilisesinde alypdyr. Agasy şol wagttürkleriň has gurply maşgalalarynyň çagalaryny terbiýeleýän amerikan «Robert-Kolležiniň» müdiri eken.

Elswors hünärmentçilik mekdebini tamamlasa-da, missionerlik işinden ýüz öwürýär. Amerika dolanyp baranyndan soň, garyplykda güzeran geçirip, demir ýol gurmak bilen meşgullanýan bir firmada gulluk edýär. Uniwersitete girmäge taýynlanyp başlaýar. Okuwa gireninden soň, ylymlaryň ýörite sapaklaryny tapawutlanmak bilen geçip, öz başarnygy hem geologiýa boýunça täsin işleri arkaly öňe saýlanýar.

Mekdepde okan wagtynda ermeni dilini gowy öwrenmegi oňa geljekki syýahatlarynda kän kömek edýär. Dünýäniň ähli ýerinde gabat gelýän ermeniler kyn pursatlarda onuň dadyna ýetişipdirler.

Ýelena Ussakowskaýa bilen ilkinji duşuşykdan soň, Elswors ony jan-dilden söýüpdir. Ol maňa Ýelenada öz geljekki aýalynyň keşbini görendigini, oňa öýlenip biläýse, özüni bagtyýar saýjakdygyny, ýöne entek bu hakda dil ýarmaga çekinýändigini gürrüň berdi. Galyberse-de, özüniň «entek garypdygyndan» zeýrendi.

Pompelliniň toparynda ýene tanymal professor, italýan arheology bardy. Ol ýarym haraba bolup duran Änew metjidiniň beýikligi on-on bäş metrlik depesini görkezip, ol ýerden gaty täsin gadymy zatlary tapyp boljakdygyny aýtdy.

Topar tizden gidip, 1904-nji ýylyň başynda ýene geldi-de, Änewiň ýanynda gazuw-agtaryş işlerine başlady.

Bu barada «Zakaspiýskoýe obozreniýe» gazeti şeýle ýazdy:

«Demirgazyk amerikaly Pompellä 1904-nji ýylyň dowamynda Zakaspi oblastynda gazuw-agtaryş işlerini geçirmäge ygtyýar berildi... Gözegçilik etmek, tapylan zatlaryň sanawyny düzmek, gorag astyna almak üçin professor W. W. Bartold hem onuň ýoldaşlary topara berkidildi... Tapylan zatlaryň ählisi Russiýada galdyrylmaly. Pompellä olary beýan etmäge, ýazga geçirmäge hem Änewdäki gazuw-agtaryşlary baradaky işini neşir etdirmäge rugsat edilýär».

Depeleriň birnäçesiniň ortasyndan çuň sekiler geçirilip, arheologlaryň ähli ünsi şolary jikme-jik öwrenmäge gönükdi. Olar dürli eýýamlaryň birnäçe gatlagyny hem adamzadyň juda gadymy döwrüne degişli mazary tapdylar.

«Amerikan geology R. Pompelli Änew galasynyň harabalaryndan tapan, öýde ulanylýan gap-gaçlaryň, iň gadymy gurallaryň baý toplumyny oblast muzeýine sowgat berdi» diýip, «Ashabat» gazeti ýazdy.

Pompelliniň bu gazuw-agtaryşlary Orta Aziýanyň taryhyny öwrenmäge täze goşant boldy. Karnegi instituty toparyň hasabatyny diýseň owadan kitap görnüşinde neşir etdi. Ýöne men şol wagt şu açyşy (soňra akademik bolan W. W. Bartoldyň gatnaşmagynda) biz, ruslaryň däl-de, amerikalylaryň edenine öz ýanymdan kemsindim.

## 2. «Ähli zat öz boýnuma»

Elswors Hentington ikimiz ýaşyt diýen ýalydyk. Alan bilimimiziň derejesem, ugram meňzeşdi. Ikimizem sallahdyk. Durmuşda öz ornumyzy

tapmaga ýaňy girişipdik. Ikimizi tiz ýakynlaşdyran zat — syýahat etmäge teşneligimiz bilen baglanyşyklydy. Biz bilelikde Eýranyň merkezindäki ägirt uly duzly çöli kesip geçip, Eýrany hem Owganystany aýlanyp, pars-owgan serhedini ýakalap, Hindistana ýetmek kararyna geldik.

Men Orta Aziýa gelip, syýahata başlan ilkinji günlerimden ýüregime düwen bu matlabymy durmuşa geçirmäge taýýarlyk görüp ugradym. Londonda mahalym, soň Peterburgda hem Ashabatda men syýahat edesim gelýän ýurtlarymy öwrenmäge başladym. Ýygnan materiallarym esasynda men şol wagtlar Owganystan hakynda birnäçe makala ýazdym. Olar «Ashabad» hem Peterburgdaky «Nowoýe wremýa» gazetlerinde çap edildi.

General Subotiçiň Uzak Gündogara ugramazynyň öň ýanynda, 1902-nji ýylyň noýabrynda oňa özümi Eýrana hem Owaganystana sapara ibermegini sorap, haýyş bilen ýüz tutdum. Maglumatnamamda «öz esasy maksadymyň Owganystany, onda ýaşaýan halklaryň durmuşyny, syýasy, etnografiýa hem beýleki ýagdaýlaryny öwrenmekden ybaratdygyny» nygtadym.

«Russiýada hem daşary ýurtlarda Owganystan baradaky edebiýatlar bilen düýpli tanşanym, teoretiki taýdan jikme-jik öwrenenim üçin, bu döwlet bilen gös-göni tanşasym gelýär. Owganystanyň häzirki ýagdaýy hakynda ylmy işler döretmek meýlim bar. Şol bir wagtyň özünde-de hökümete zerur bolan halatynda Owganystan bilen diplomatik, söwda hem gaýry gatnaşyklarda-da peýda getirip bilerin...

Owganlar bilen gatnaşykda bolan adamlaryň köpüsinden, şeýle hem oblasta hemişe gelýän owganlaryň özünden soramak arkaly, men o ýerde ruslara diýseň ýokary sarpa goýulýandygyna göz ýetirdim. Egerde ruslaryň

goýberilmeýän araçäginden aňryk geçip bolsa, onda rus adamynyň bütin Owganystanda hiç hili garaw görmejegine kepil geçip bolar.
Şonuň üçinem meniň syýahatymyň meýilnamasy serhetde duran owgan toparlaryndan gizlin geçip, ondan aňryk ýewropalynyň geýiminde Kabula çenli gitmek. Eger owgan hökümeti meni tussag edäýende-de, bu ýapyk döwletiň içine aralaşanym hem onuň häzirki durmuşyny görenim üçin meýilnamamyň bellibir böleginiň durmuşa geçdigi bolar.
Meniň syýahatym öz çak edişimden, Eýrandan ýa-da Buharanyň günorta-gündogar böleginden başlanmaly. Mümkin boldugyça, uzak aralygy geçip, soňunyň şowly gutararyna bil baglamak bilen, ýurduň çuňlugyna aralaşmakçy...»
General Subotiç maglumatnamamyň göçürmesini özüniň haýyşymy kanagatlandyrmak baradaky haýyşy bilen Türküstanyň general-gubernatory Tewýaşewe beripdir.

Daşkentden iberen jogap hatynda general Tewýaşew şeýle ýazýar: «Siziň Alyhezretleriňiziň guberniýa kätibi Ýançeweskini ýurt bilen tanyşmak üçin Owganystana ibermek baradaky meýliňiz barada beren habaryňyz maňa ýarady. Men bu işi Ýançeweskiniň öz boýnuna almagyny isleýän. Ýöne... men öňürti jenap harby ministriň razylygy bolmasa, bu işe rugsat etmäge çekinýän. Şonuň netijesinde, men ol emeldaryň haýyşyny özi bilen birlikde Onuň Alyhezretleriniň ýanyna eltmeli bolaryn...»

1902-nji ýylyň dekabrynda Ashabada Peterburgdaky harby ministrden şeýle mazmunly telegramma gowuşdy: «Ähli zady öz boýnuna alýan bolsa, Ýançeweskiniň gitmegine razy...»

Şeýlelikde, entek 1902-nji ýylyň ahyrynda meniň Hindistana gitmek baradaky meseläm oňyn çözülip, ýüregime düwen zadymy amala aşyrmaga girişibermek galypdy. Ýöne onuň durmuşa geçmegi üçin pesinden ýene bir ýyl gerek boldy.

Öz meýillerimi Hentington bilen maslahatlaşyp, şu hili çylşyrymly karara geldik: Eýrana ylmy syýahatymyzy ýerine ýetirip (bu bize ep-esli ýeňillik berýärdi), o ýerden — Seýistanyň golaýyndan Owganystana aralaşyp, soňam Hindistana geçmeli...

Şonuň üçinem men 1903-nji ýylyň awgustynda bir wagtyň özünde iki maglumatnama berdim: biri — Eýrana, beýlekisi bolsa Owganystana hem Hindistana gitmek hakyndady.

Russiýa bilen Owganystanyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýoklugy sebäpli, biziň saparymyzyň maksadyny hem ugruny gizlin saklamak üçin, meniň saparym baradaky buýrukda hem resminamalarda diňe Eýran görkezilýärdi. Galanlary — Owganystan bilen Hindistan bolsa meniň «öz boýnumda» durdy...

Peterburguň gazetleri bilen hyzmatdaşlyk saklaýanym belli bolany üçin Ussakowskiý meni bu syýahata hazynadan hiç hili pul goýbermän, galamgär hökmünde ugratdy. Pulum az bolany üçin bu sapara ýol şaýymy tutmak maňa ýeňil düşmedi.

Men ýol harajadym üçin üç ýüz manat, üç aýymyň (saparymyň möhletini soň ýene bir aý uzaltdylar) aýlygy hökmünde-de şonça aldym. Diňe şu harjym bilen oňmalydym. Ýola gerekli harajatlary bolsa öz ilinden kän mukdarda pul alan Hentington bilen des-deň bölüşdik.

## 3. Biziň kerwenimiz

Toparymyz alty adamdan ybaratdy. Suwly meşikleri, ähli ýol azygymyzy, gurnama çadyrymyzdyr üstünde ýatar ýaly keçelerimizi üç düýä ýükledik. Elsworsyň ýanynda Amerikadan getiren epleme ýatalgasy, oturgyjy, stoldur wannasy-da bardy. Şu zatlardan peýdalanar ýaly amatly şertiň juda azdygyna onuň gahary gelýärdi.

Meniň ýanyma Marganiýanyň iş sapary bilen iki ýigit — ýaş, şadyýan türkmen Hywagylyç hem tutuk keşpli, köne gaçgak owgan Merdan goşulypdy.

Ozal Hyratda ýaşan Merdan öz aýalyny oýnaşy bilen ýatyrka tutup, ikisinem kerçäpdir. Şonuň üçinem ol Owganystana baraýsa, özüne garaşýan syrtmak hakynda hemişe içini hümledip, dymma, tutuk adama öwrülipdir. Onuň tersine, özüni irizen dört aýalyndan gaçyp gaýdan Hywagylyç hemişe şadyýandy.

Hentington dilmaçlyk eder ýaly, türkmen Gurban bilen rus molokany[1]. Mihaili özüne hakyna tutma kömekçi edip aldy. Mihail pars hem türkmen dillerini gowy bilýärdi, üstesine-de, örän ýeser awçydy. Ýolboýy guşmy, haýwanmy awlap, bizi et bilen üpjün edýärdi. Mundan başga-da, ol Elsworsa rus dilini öwredýärdi.

Biziň toparymyza Mihailiň özi meýletin goşuldy. Ol maňa gizlinlikde öz aýalynyň obada bogorodisa[2] diýlip yglan edilenini, şonuň üçinem

[1] Molokanlar — prawoslaw dininden çykan, ruhanylygy hem ybadathanany ret edip, adaty öýlerde çokunýan sekta girýän adamlar (terjimeçiniň belligi).

[2] Hristian dininde Isanyň enesiniň ady. (terjimeçiniň belligi).

«keramatly» hasap edilýän haýsydyr bir molokan kethudasynyň onuň ýanyna gatnamasyny ýygjamladandygyny gürrüň berdi.

Toparymyzda köp wagtlap meniň öýümde ýaşan Trezorka atly kiçijik akja güjügem bardy. Ol ligirdäp öňden gidýärdi. Käte bolsa düýäniň üstünde ýükleriň arasynda ýatyp, dynç alýardy. Gijelerine bütin kerwen uka giden wagty ol şöwür çekip ýörşüne, nähilidir bir gara gördügi, şaňňy sesi bilen üýrüp, ählimizi örüzýärdi.

Ýolboýy «gözel Ýelenany» ýatlap, uludan demini alýan Hentington ýörite depderlerden sahypalaryň arasyna gara kagyz goýup, örän jikme-jiklik bilen gündelik ýöredýärdi. Ýazgylarynyň göçürmesini bolsa amatly mümkinçilik ýüze çykdygy, Bostona — kakasyna iberýärdi. Ýolda birden gündeligine bir zat bolaýanda-da, bu onuň üçin öwezini dolup bolmajak ýitgi däldi. Amerika dolanyp baranyndan soň, ol biziň syýahatymyzyň jikme-jik hasabatyny köp sanly fotosuratlar hem çyzgylar bilen birlikde «Türküstanyň derňewi»[1] atly kitabynda çap etdi.

Köp ýyllar geçeninden soň, sowet döwründe, men Moskwanyň Lenin kitaphanasynda ol kitaba gabat geldim. Mundan başga-da, onuň «Aziýanyň pulsy» atlandyrylan ýene bir işini tapdym. Ol kitapda Hentingtonyň ähli ylmy işleri görkezilipdir. Şolaryň arasynda «Türküstanyň derňewi» («Eýranyň şor kölleri») atly işi-de bardy. Onuň Harward uniwersitetiniň tebigat taryhynyň professorydygy barada-da ýazylypdyr. Hentingtonyň aýalynyň (Ýelena däl!) hem ýedi çagasynyň atlary-da getirilipdir.

[1] Hentington El. Issledowaniýe Turkmenistana. 1903-nji ýylyň ylmy barlag sapary. Waşington, 1905ý. (iňlis dilinde).

Hentingtonyň kakasy — belli bostonly ruhany ogluny-da özüne kybapdaş edip terbiýeläpdir. Elswors ýokary ahlakly hem barypýatan hudaýhon adamdy. Ol jübä sygar ýaly kiçi göwrümde uşajyk harplar bilen ýyglyp, bir kitaba ýerleşdirilen Injilini hiç wagt ýanyndan goýmazdy, gün yrman okaýardy.

Häsiýetine belet bolşuma görä, Hentington ruslara (juda seýrek ýagdaýda bolaýmasa) ýigrenç bilen garaýardy. Ýöne öz garaýşyny ýasama sypaýylyk bilen gizlemegi başarýardy. Onuň ynanyşyna görä, ruslaryň ählisi azgyn, ýüregi gara, hudaýsyz adamlar bolany üçin, olar bilen dostluk gatnaşyklaryny etmek bolmaýardy.

Umuman, ol ruslar bolan bizi «hili pes» adamlar saýýardy. Amerikalylary, soňam iňlisleri «birinji derejeli» adamlar hasap edýärdi. Hentington ruslaryň gowy taraplaryny görmezlige salýardy. Ol «ruslar — aziýaly bolany üçin, Aziýa halklaryna mahsus bolan kemçilikleriň ählisini özüne siňdiripdir» diýen pikirdedi. Menem onuň pikiriçe, hudaýsyz hem ygtybarsyz adamdym.

Onuň «aziýalylara» bolan gatnaşygy aýratynam gahary gelen wagty doly ýüze çykýardy. Ol dergazap bolup, özüne erk edip bilmän, öz Amerikasyny mazamlap ugraýardy. «Gündogarlylaryň» ählisini «hembog» (ýalançy) atlandyrýardy.

Meniň Hentington bilen gatnaşygymy bilmek üçin bolup geçen bir waka salgylanmagym ýeterlik. Bir gezek orta ýolda — entek Seýistanda wagtymyz meniň pulumyň paýawlany, golaý wagtda-da yzymdan hiç hili harjy gelmejegi belli boldy. Men bu çykgynsyz ýagdaýymy Hentingtona düşündirdim. Şol wagta çenli ähli harajady deň bölüşýänimiz üçin indi nätmeli boljagymyzy maslahatlaşdym.

Elswors maňa: «Size Ashabada aşar ýaly az-owlak pul berip bilerin. Ýöne mundan beýläk meniň ýeke özüm gitjek...» diýdi.

Men öz ýanymdan: «Munuň deregine rus adamy bolan bolsa, şunuň ýaly kyn ýagdaýda goldardy. Barja zadyny deň paýlaşyp, syýahaty bilelikde dowam etdirerdiler» diýip oýlandym.

Bu syýahatymyzda biz biri-birimiz bilen ýoldaşlarça gatnaşyk edenem bolsak, ýolumyz soň aýrylyşdy. Eýrana syýahatymyzdan on ýyl soň, Stambulda SPTA-nyň (Sankt-Peterburg telegraf gullugy) habarçysy bolup işleýän döwrümde men Amerika — Hentingtona hat ýazdym. Ol hatyma sypaýy äheňli sowuk jogap berdi. Şonluk bilenem biziň aramyzda gatnaşyk kesildi.

## 4. «Alla bizden ýüz öwürmändir!..»

Biziň kerwenimiz 1903-nji ýylyň noýabr aýynyň ortalarynda Sarahsdan ýola düşdi. Biz syýahatymyz üçin Orta Aziýanyň ähli zady ýakyp-ýandyrýan tomsundan soň gijelerine çigrek düşüp, gündizlerine salkyn araýan güýz-gyş döwrüni peýdalanmagy makul bildik. Çöl bilen syýahata gidilende, bu döwür adamlar üçinem, haýwanlar üçinem ýakymly hem amatly.

Sarahsdan ugramagymyzyň öňüsyrasynda men Ashabada ýollan hatymda: «Alys ýol meni aňrybaş ätiýaçly bolmaga mejbur edýär» diýip ýazdym. Syýahatymyzyň ilkinji günleri käbir meýillerimizi ýele sowrup, bu howpurgamanyň ýerliksiz däldigini subut etdi.

Eýran topragyndaky ýolumyz üç döwletiň — Russiýanyň, Eýranyň hem Owganystanyň serhetleriniň çatlyşýan ýeri bolan Zülfagar jülgesinden başlandy. Kerwenimiz şol ýerden pars-owgan serhedini ýakalap, günorta

tarapa ýola düşdi. Bu ýolda-da biz çöldekäk saklaýan düzgünlerimizi üýtgetmän, seýrek duş gelýän pars obalarynda düşläp, menzil aşýardyk.
Hentington ikimiz (men-ä Moro lakamly gara atymda, olam mele ýorgasynda) gitmeli ugry dogry nazarlap barýan kerwenimizden tiz-tizden bir gyra sowlup, daş-töwerege esewan edýärdik.
Bir gezek azaşyp, ep-esli kilometr Owganystanyň çägine giripdiris. Ýap gyrçap ýören owgan daýhanlary daşymyza egrelip, bizi sakladylar. Biziň ýanymyzda öz ýigitlerimizden ikisi bardy. Kerwenimiz Eýran topragy bilen agşam düşlenjek ýere bakan ýoluny dowam etdirýärdi.
Owganlaryň bizi sypdyrmak meýliniň ýokdugy belli bolansoň, Hentington atyşyp, ata gamça basmak kararyna geldi. Merdan meniň gulagyma pyşyrdap: «Alla bizden ýüz öwrüpdir! Her bir ele salnan rus üçin iňlisler müň rupiýa töleýär! Iňlisleň ähli ýerde jansyzy bar. Söweşmeli bolarys. Ýogsam tagtabitli zyndana taşlarlar. Soňam Kabuldaky iňlis wekiliniň köşgüniň öňündäki gazygyň üstünde oturdarlar!..» diýdi.
Men biraz salym pikirlenip, Odisseýiň mekirligini ulanyp görmek kararyna geldim-de, Merdana şeýle diýdim: «Tagapyl et! Alla bizi däl-de, biz Allany gözden salypdyrys!..», soň hem oňa: «Meni owganlara uly polkownik diýip tanat. Bu ýere ýörite ilçi hökmünde geldi. Şonuň üçinem çem gelen adam bilen gürleşesi gelenok. Kethudalaryňyzyň iň ulusyny çagyrmagyňyzy talap edýär» diýip düşündirmegini haýyş etdim.
Merdan bolşy ýaly düşündirensoň, olar iň golaýdaky owgan agasynyň (kethuda) bu ýerden birnäçe kilometrlikde ýerleşýän harby galadadygyny aýtdylar.

«Meni oň ýanyna äkidiň! — diýip, men sesime bat berdim. — Öňünden çaý-nahar taýynlap goýarlary ýaly, iki çapar ýollaň!..»

Owganlaryň birnäçesi atlaryna towsup mündüler-de, gamça basdylar. Iki sany owgan meniň atymyň uýanyndan tutjak bolanlarynda, at kellesini silkeläp, agyz urup, olary gyran-jyran etdi. Soň gyssanman ýolumyzy dowam etdik.

Bir topar aýakýalaňaç owganyň daşymyzy gallamagynda, biz palçykdan salnan, kiçijik, ýarym haraba çalym edýän gala geldik. Ol ýerde eýýäm halylar düşelen, palaw atarylypdyr, bürünç tüňçeler oda goýlupdyr.

Galanyň hem serhediň bu ýerdäki bölegini saklaýanlaryň serkerdesine Abdylhamyt diýýär ekenler. Köne owgan ofiseri, uzyn boýly, sakgalynyň ýarysy hynalanan ol adam gürrüň edende aýyl-saýyl bildirýän gazabyny sypaýyçylyk bilen ýuwmarlamaga çalyşýardy. Ol aýasyny gyzyl sakgalynyň üstünden ýöredip, bize ýüzlendi: «Siz owgan topragyna rugsatsyz girmäge neneň het etdiňiz? Ruslara Owganystana girmegiň gadagandygyny siz bilmeli ahyryn! Aslynda näme üçin geldiňiz?»

Dilmaç Merdanyň üsti bilen tiz özümiziň ylmy iş saparyndadygymyzy, birimiziň rus, beýlekimiziň amerikalydygymyzy, bu çöllükde serhedi aňladýan hiç hili bellik bolmansoň, azaşyp düşenimizi oňa düşündirdik. «Şonuň üçinem biz haýsy ýol bilen gitsek, Seýistana, ol ýerdenem Bulujystana dogry baryp biljegimizi sizden soraly diýip geldik». Soňam sözümiň üstüni ýetirdim: «Owganlar edermen hem hoşniýetli esgerler bolmaly! Hiç kime azarsyz, özlerine kömek sorap ýüz tutan parahat ýolagçylary saklamak olara gelişmez. Owganlar diňe iňlisleriň buýrugyna boýun synýarlarmy? Eýsem, olaryň özlerinde ygtyýar ýokmy? Olar isleseler,

biz ýaly ötegçilerde özleri barada gowy ýatlama galdyryp bilmezlermi? Eýsem, edermen Abdylhamydyň öz ilinde, öz soraýan galasynda hiç zada ygtyýary ýokmy?..»

Merdan meniň sözlerimi bolşy ýaly terjime etdi. Abdylhamydyň ýowuz keşbine az-kem ýumşaklyk çaýyldy. Ol nahar çekmäge buýruk berdi-de, biziň ýaraglarymyzy synlasynyň gelýänini duýdurdy.

Men oňa kelteldilen görnüşli köne esger tüpeňimi uzadyp, özüniňkinem görkezmegini soradym. Onuň tüpeňiniň gundagynda iňlis tagmasy möhür bolup durdy.

Saçak başyna geçip, özara gürrüňçilik başlananda, Abdylmahyt menden Russiýa hem onuň Orta Aziýa mülkleri barada kän zatlar soraşdyrdy. Ol meniň özi bilen söhbetdeş bolan ilkinji rus adamydygymy, hut özüniň Russiýa hem ruslara garşy hiç hili ýaman niýetiniň ýokdugyny duýdurdy. Ýöne özüniňem beýlekiler ýaly, Kabuldan — düýnki duşmanlary bolan iňlislerden gowuşýan buýruklary ýerine ýetirmeli bolýanlygyny düşündirdi...

Biz dostlarça hoşlaşdyk. Men öz sagadymy Abdylhamyda sowgat berdim. Gaty ajyganymyz üçin palawyň hemmesini iýdik-de, ýol salgy berenleri üçin minnetdarlyk bildirip atlandyk.

Biz gürrüňleşýän wagtymyz Hentington sesini çykarman oturyşyna, Abdylhamyda şübheli nazaryny aýlaýardy. Käte-de ýüň penjeginiň içki jübüsinden Injilini çykaryp, göz gezdirýärdi.

Biz galadan keremara çykdyk-da, atlarymyzy ilki gezerine goýberip, garaňky düşüberen uçurlarynda-da gamça basdyk.

Birnäçe owgan atlysy biziň yzymyzdan gözegçilik edip gelýärdi. Kerwenimiziň gije düşlän ýerine ýetenimizde, olar çadyrlary gurnaşdyryp ýören ekenler. Olar biziň şunça wagtlap nirä ýitirim bolanymyzy soraşdyrdylar. Golaýlaberenimizde güjügimiziň tanyş jöw-jöwüni eşidip, özümizden «ýüz öwürmedik Alla» şükür etdik.
Birnäçe wagt geçip, Seýistana baranymyzdan soň, biz Horasandaky rus konsulhanasynda kapitan Abdylhamydyň Kabula çagyrylyp, bizi Kabula eltmän, goýbereni üçin gamçy bilen saýgylananyny eşitdik.

## 5. Täze ýyl düýşi

Baran ýerimiziň geografiýasyny hem geologiýasyny ýörite öwrenýän Hentington ýolda barýarkak, gündeligine zerur zatlary belleşdirýärdi, daş-töweregiň suratyny alýardy, maňa ýer gabygynda bolup geçýän geologik özgerişlikler, içinden geçip gaýdan çöllerimiziň emele gelşi, olarda näme üçin ýaşaýşyň ýokdugy barada gürrüň berýärdi.
Ol Eýrandaky birçakky belent daglaryň gaty kän müňýyllyklaryň dowamynda kem-kemden peselip, ýapgyt depeleridir giň jülgeleri emele getirendigini, diňe käbir ýerlerde şol mahalky howaly gaýalaryň galyndylarynyň galandygyny düşündirýärdi.

Gadymy döwürlerde gündogar Eýran gür ilatly, ýokary medeniýetli ýurt bolupdyr. Şol gadymy şäherleriň, galalardyr ýaplaryň galyndylary bize häli-şindi duş gelýärdi. Hentingtonyň pikiriçe, Eýranyň gündogar böleginde geçiriljek gazuw-agtaryş işleri adatdan daşary üýtgeşik açyşlaryň üstünden eltip, biziň häzire çenli hiç zat bilmeýän medeniýetimiziň yzlaryny ýüze çykarmalydy.

Bize kowçum bolup oturan çarwalardyr kiçeňräk obalar seýrek duş gelýärdi.

Ýolumyz, esasan, Günüň astynda köýüp ýatan suwsuz, ýalaňaç çölüň göwsi bilen uzalýardy. Diňe käýarym gözýetimde ýüzin salyp barýan gulandyr saýgak sürüsi, juda belentde gaýmalaşýan bürgütler gözüme kaklyşýardy.

Çala saýgardýan yzlary galan ol obalar, meýdanlar, baglardyr ýaplar näme üçin bu hala düşdülerkä? Hentingtonyň gürrüň beren geologik özgerişlikleri ençeme müň ýyl ozal bolup geçmek bilen, ýaşaýşyň ösmegine amatly şertler döredendir. Bellibir döwürde bu ýerlerde durmuş gaýnap-joşandyr-da, soňam ýok bolup gidendir...

Biziň dynç almaga düşlän ýerimiz açyk sähra meýdandy. Gije şagallaryň uwlaýan sesleri dumly-duşdan eşidilýärdi. Atlary duşaklap suwuny, iýmini berip, düýeleri çökerenimizden soň, özümiz köräp duran oduň ýanynda ýa-da çadyrda uzak günüň ýadawlygyndan ýaňa bada-bat uka gidýärdik.

Daşymyzy gurşap ýatan düňle çöli synlap, men biygtyýar oýa batýardym:

«Belki, birçaklar bu ýerleriň howa ýagdaýam başgaça bolandyr. Makedonly Aleksandryň, Çingiz hanyň, Teýmirleňiň hem beýleki basybalyjylaryň san-sajaksyz leşgerleri şu ýerlerden geçipdirler ahyryn. Olaryň özleri, atlarydyr düýeleri näme iýip oňdularka? Olar näme getirip, özlerinden soňa näme galdyrdylarka!..

Ýykan-ýumranlyk, ölüm, haraba dönderilen şäherlerdir obalar, asyrlarboýy döredilen medeniýetiň ýoguna ýanmak, üstünden müňlerçe ýyl öten ýitigsi kerwen ýollary... Ine, şulary galdyrypdyrlar. Galan zatlaryň

baryny çäge düýnäpdir... «Älemi sarsdyryjy» ganojaklar nämäniň hatyrasyna uruş etdikäler?..»

Täze, 1904-nji ýyly biz çölde garşyladyk. Bu senäni tüpeňlerimizden ok atyp, «barymyz bilen bazar eýläp» belledik.

Russiýa üçin haýhatly bolan, mende-de ýatdan çykmajak ýatlama galdyran şol ýylyň başlanan çigrekli asuda gijesinde daňdanlar täsin düýş gördüm.

Men bezemen çadyryň golaýynda otyrmyşym. Onuň içindäki äpet göwreli, pişigiňki ýaly gyýyk gözleri içiňden geçip gelýän, inçejik edilip örülen saçy gulaklarynyň ýeňsesinden sallanyp duran adamyň Çingiz handygyny tanadym.

Ol çep aýagynyň daraklygyna galyp, sag aýagynyň dyzyny gujaklap otyr. Ol maňa öz gapdaljygynda, keçe içirginiň üstünde oturmagy mürehet edýär. Golaýragynda oturanymdan, ol meni güýçli gollary bilen gujaklap, şeýle diýdi:

«Sen meniň ömür beýanymy ýazjak bolýarmyň? Eger ýazaýsaň, meni boýun egdiren halklaryma rehimdar, adamzada bagt getiriji hökmünde suratlandyrmalysyň! Şeýtjegiňe söz ber!..»

Men oňa diňe hakykaty ýazmak isleýänimi aýtdym.

«Sen mekirlik etjek bolýaň!.. Dogry jogapdan gaça durýaň. Meniň abraýyma şek ýetiresiň gelýärmi? Oňa nädip het edersiň! Men senden güýçli ahyryn. Gel, göreşseň!..»

Ýerinden turman, ol meni güýçli gollary bilen barha berk gysyp ugrady. Mongol däbi boýunça, onuň biloňurgamy ýazdyrmakçy bolýanyny aňýan.

Nädip halas bolmaly? Heý, sypyp bolmazmyka? Nädip muňa tabyn bolmaz ýaly, özüňdenem güýçli bolup bolarka?.. Birdenem, men «Bulaň bary düýşüm ahyryn! Häziriň özünde oýandygym, halas bolýan!..» diýip oýlandym.

Ahyry gözümi açdym. Depämde san-sajaksyz ýyldyzlar lowurdaşýardy. Çöl dym-dyrslykdy. Atlarymyz birsydyrgyn gütürdedip arpa çeýneýärdi. Çadyram, Çingiz hanam, onuň içinden geçip gelýän nazaram... hiç zat ýokdy...

Şundan soň mende ilkinji gezek bu basybalyjynyň ömrüni beýan etmek islegi döredi. Özem hakyky bolşy ýaly — öz yzynda töweregimizde ýaýylyp ýatan çölüstany galdyran ýumrujy, halklary gyrgyna beren ganojak hökmünde suratlandyrmagy ýüregime düwdüm...

Bu arzuwym hasyl bolýança men kän ýerlere syýahat edip, köp zatlary gördüm, başymdan geçirdim. Şol düýş gören günümden otuz ýyl geçeninden soň, şol arzuwlaýan eserim dünýä indi!..

## 6. Ýowuz çöl

Biziň ýüzüni günorta tarap tutup barýan kiçijik kerwenimiz Deşti-lut («Deşt» — çöl, «lut» — ýowuz) diýlip, adyny daş ýany bilen ödeýän suwsuz çöli kesip geçdi. Eýranyň gündogar böleginiň ýüzlerçe kilometrini tutup ýatan bu çölüň köp ýeri şor bilen örtülen. Onda ýaşaýyş nyşany bolmadyk köllerem gabat gelýär. Kä ýerlerini pesräk dag gaýalary kesip geçýär.

Nemeksar atlandyrylýan şor kölüň kenarynda biziň üsti ýükli düýelerimiziň biri durşy bilen jaýryga gitdi. Sähel ägä bolmasaň, başyňa ýetjek bu duzakdan özümiz zordan aman sypdyk. Janhowluna urunýan janawary, onuň üstündäki ýükümizi halas etjek bolup, näçe jan çeksek-de,

başa barmady. Gözgyny halda beýdip ýatmasyn diýip, oňa bir oky berdik. Şeýdibem, bu ýowuz çölüň öňki san-sajaksyz pidalarynyň üstüne ýene biri goşuldy.

Iňlär siňeksiz ýaýylyp ýatan bu jelegaýda nähilidir bir ýaşaýyş alamatyna duşaryn diýip, oýuňa-da getirer ýaly däldi.

Düýämizi halas etjek bolup, halys tapdan düşüp, tutuk ýalaňaç dagyň eteginde gijämizi geçirmek üçin düşledik. Gara gaýanyň jaýrygyndan süýji suw akýardy. Birden alawymyzyň ýagtysyna garaňkylykdan çykyp, özümize tarap gelýän egni oýlukly, eli çopan taýakly arryk goja gözümiz düşdi. Onuň yzyndan sekiz ýaşlaryndaky oglanjyk bilen bir tüýlek köpek gelýärdi.

Çopan iýip-içip bolansoň, uzyn çilimini burugsadyp, bize çöl hakynda gaty kän gyzykly zatlar gürrüň berdi. Goja çölüň jansyz däldigini, diňe biz ýaly gelmişeklere şeýle görünýändigini, bu ýerlerde doglup, ýaşap ýörenler üçin hiç hili kem zadyň ýokdugyny düşündirdi.

«Bu çölde erkinlik söýüji, Hindistan bilen Gyzyl deňziň aralygynda göçüp-gonup ýören çarwa lýuti taýpasy ýaşaýar. Bu taýpanyň adamlary öz ýerlerine belet. Haçan, ýylyň haýsy wagtynda guýularda suw bolýanyny, otuň gögerýänini gowy bilýänleri üçin, şoňa görä hemişe düşleg ýerlerini üýtgedip ýörler.

Ýaşlar ýoly garawullap, kerwen talamagy gowy görýärler. Garrylar bolsa goýun bakýarlar, dary ekýärler, dagdan ýabany pissedir badam ýygýarlar...

Taýpanyň çölüň jümmüşinde ötlem-ötlem dag bilen gurşalan Ataşkerde atlandyrylýan paýtagty bar. Ol ýerde hiç wagt hiç kim ýaşanok. Diňe üç ýylda bir gezek ol ýerde «Keramatly daşlar» bolýar. Paýtagta barýan ýol «belediň» bir özüne mälim.

Lýuti halkyna ýanyndaky ýaşulular bilen maslahatlylykda bir zenan maşgala hökümdarlyk edýär. Olaryň özlerem paýtagtda ýaşaman, hemişe göçüp-gonup ýörler...

Goja, oglanjyk hem köpek edil gelişleri ýaly, gijäniň goýnuna siňip gitdiler. Biz irden ýene-de şol kalbyňa gussa salýan, yns-jynssyz çölüň içi bilen ýola düşdük.

Günorta taýa gidip barşymyza, henize çenli adam aýagy sekmedik, ýolsuz-yzsyz, çuň jaýryklardyr köp sanly dilkaw gaýalar bilen kesilen ýere ýetdik. Olaryň arasynda terslin-oňlyn aýlanyp, barýan ugrumyzy ýitirip, azaşanymyzy duýduk.

Birnäçe gün mundan ozal iň soňky duşan pars obasyndan hakyna tutan ýolbeledimiz tirýekkeş bolup çykdy. Ozalam şübhelenip ýören halymyza, onuň: «Öňümizdäki üç ýoluň üçüsem erbet. Suw ýok. Ýöne garakçy kän...» diýmesi öňkiň üstüne urna boldy.

Ol öňki hakynyň üstüne ýene on gyran pul bilen birneme tirýek goşmasaňyz, gitjek däl diýip, nadaralyk edip ugrady. Talaby berjaý edilensoň, ýolbelet pullary çalmasyna orap, şänik ýaly goňras tirýegem ýuwutdy-da, yza dolanmagy maslahat berdi...

Kerwen howply ýagdaýda galdy.

Iki meşik suwumyz hem birgiden azyk alapamyz heläk bolan düýe bilen birlikde jaýryga gidipdi.

Galyberse-de, mundan öňki geçen menzilimizde dert tapynan Mihaili ysytma tutup heläk edýärdi. Ol eýeriň üstünde atynyň boýnundan gujaklap, huşsuz diýen ýaly ýatyrdy. Eýerden agaýmasyn diýen ätiýaç bilen Gurban hemişe onuň gapdalyndan ýöreýärdi.

Biz uzak gitdigimizçe, azaşanymyza şonça-da çuň göz ýetirdik. Eýýäm garaňky gatlyşyp ugranam bolsa, ne ýola, ne-de çeşmedir guýa gözümiz düşýärdi. Şor ýerde düşläsimiz gelenokdy. Ne biz, ne-de haýwanlar dynç alyp biljekdi.

Hentington dergazap bolup, ýolbelede «kezzap» diýýärdi, karta sögünýärdi. «Süpük tirýekkeşden ap-aňsat aldananymyz birnäçe günüň içinde Zülfagardan Bulujystana çenli hemmelere äşgär bolar. Ähli aziýalylar bizi masgaralap, üstümizden gülerler!..» diýip gykylyklaýardy.

Elswors ýolbelet bizi bu yns-jynssyz ýere garakçylaryň eline bermek üçin getirendir öýdüp howatyrlanýardy. Kompasdan ugur alyp, günorta tarapa gyşarman gitmegi talap edýärdi.

Men içinden ýalyn geçen Merdanyň gündogara — owgan serhedine tarap gitmek baradaky teklibine gulak gabardýardym. Onuň aýdyşyna görä, şol ýerdäki dag eteklerinde obalaram, içere suwam bolmalydy. «Günorta tarapa gitseň, şu görýän suwsuz çölüňden başga zada duşmarsyň» diýýärdi.

Pikirimiz çapraz düşüp, herimiz bir ýoldan gitmegi müwessa bildik. Duşuşmaly ýerimiz, takmynan, ýüz kilometr günortarakdady. Ol ýere ýene üç-dört günden ýeteris diýip çaklaýardyk. Eger-de belleşilen ýerde duşuşmasak, onda birek-biregiň gözlegine çykmak barada şertleşdik.

Ýanyna ýolbeledi, näsag Mihaili hem Gurbany alan Hentington günorta tarapa ugrady.

Haçanda alysda olaryň kerweniniň jaňynyň sesi kesilende, Merdan, Hywagylyç hem men atlarymyzyň başyny gündogar taýa burduk.

## 7. Lýuti halkynyň hökümdary

Ýolda geçiren ilkinji günlerimiz hiç hili ýeňillik getirmedi. Ýöne Merdanyň suwa ýetjegine ynamy  güýçli bolmaga çemeli: bizi çyny bilen gündogara alyp barýardy.

Ýene-de gije düşüp, atlarymyz daşly depeden kä ýokary galyp, kä pese inip barýarka, birden gözedürtme garaňkylykda bir otjagaz ýylpyldap göründi-de söndi. Ot bolan ýerde adamlaram, suwdur iýmitem bolmaly diýen ynam biziň bedenimize güýç berdi.

Golaý baranymyzda ullakan alawa, onuň daşynda aýlanýan, uzyn köýnekleriniň etegi hallan atýan aýallaryň şekiline gözümiz düşdi. Alawyň ýalny ýarganatyň ganatlary ýaly ýaýraw dikilen birnäçe gara çadyry ýagtyldýardy.

Okdurylyp gelen ullakan, tüýlek itler biziň çarpaýa galan atlarymyzyň edil alkymyna gelip, boguk seslerine bat berip üýrýärdiler. Aýallar gozgalaň tapyp, iki ýana galgaşdylar, çirkin gygyryşdylar, soňam ýerden daş alyp, bize tarap ýagdyryp başladylar.

Biz alawyň ýanyna baranymyzda, garaňkylykdan başy çalmaly, ak sakgally goja çykdy-da, «Garaňyzy saýlaň!» diýýän ýaly, ellerini gaharly galgadyp ugrady. Merdan oňa owgança bir zatlar diýip gygyrdy. Hywagylyç parsça hem türkmençe düşünişjek boldy. Ýöne hijisiniňem beren peýdasy bolmady.

Elleri bilen ýüzleriniň aşaky ýarysyny ýapan aýallaryň gykylygy köşeşenokdy. Zarp bilen zyňlan daşlaryň biri meniň gulagymyň duşundan şuwlap geçdi, beýlekisi Merdanyň atyna gütläp degdi.

Näderimizi bilmän, yza tesip ugranymyzda çadyrlaryň aňyrsyndan gyzyl köýnegine dakylan kümüş apbasylaryny şaňňyrdadyp ylgap gelen kiçijik,

garaýagyz gyzjagaz aýallara bir zatlar diýip gygyranda, olaryň sesine suw sepilen ýaly boldy. Goja-da gaharly hüňürdäp, garasyny saýlady. Gyzjagaz ýanymyza geldi-de, parsça golaý bir dilde çalt-çalt geplemäge başlady.

Hywagylyç onuň bilen düşünişip, bize ýagdaýy mälim etdi: görüp otursak, biz lýuti halkynyň maşujylar taýpasynyň mekanynyň üstünden gelipdiris. Bu ýerde diňe aýallar ýaşap, erkeklere, has beterem, kapyrlara ýol bekli eken. Bularyň hökümdary — Bibigunduz atly aýal bize öz çadyryna gelmegi haýyş edipdir.

Aýallar itleri kowdular-da, atlarymyzyň uýanyndan tutup, alyp gitdiler.

Aziýanyň ähli halklarynda gündogar myhmansöýerliginiň kanunlary mukaddes zat hökmünde berjaý edilýär. Şonuň üçinem biz hatyralanyp myhman alyndykmy — özümizdenem, atlarymyzdanam arkaýyn bolaýmalydyk.

Apbasylaryny şaňňyrdadyp, öňümize düşüp barýan gyzjagaz eňsini galdyrdy-da, bizi alagaraňky çadyra saldy. Köräp duran oduň öňünde ýazylan halynyň üstünde oturtdy.

Gözümiz garaňkylyga öwrenişensoň, ojagyň beýle tarapynda — gabat garşymyzda edil hindileriň Budda hudaýy ýaly gabaklaryny börtüp oturan aýala gözümiz düşdi. Ol şu taýpanyň hökümdary Bibigunduz diýilýäni ekeni. Onuň egninde altyn teňňelerdir şaý-sepler bilen bezelen gyzyl ýüpek lybasy bardy. Kellesine oralan şalyň üstünden geýen ujy çüri täjinden zynjyra berkidilen şelpeler sallanyşyp durdy. Oduň ýagtysyna onuň ozalky gözelliginiň alamatlary açyk-aýdyň bildirýän goňras ýüzüni, sürmelenen göni gaşlarynyň ýokarsyndaky gökje nokady saýgaryp bolýardy. Boýnunda

hem döşünde ullakan zümerret hem pöwrize daşyndan ýasalan bir düzüm monjuk sallanyp durdy.
Hywagylyç gündogar sypaýylygy bilen Bibigunduzdan goýunlarynyň, atdyr düýeleriniň ýagdaýy, özüniň hem onuň taýpasyndaky ähli aýallaryň saglygy hakynda soraşdyrdy. Soňam şor çöli söküp, Hindistanyň serhedine tarap barşymyz barada gürrüň berdi.
Gabaklaryny börtüp oturan Bibigunduz onuň aýdýan zatlaryny sesini çykarman, gymyldaman diňleýärdi.
Toparymyzda daglaryň suratyny çekýän amerikaly «uly mollanyň» bardygyny eşidip, gabaklaryny galdyrdy-da gyýyk, gara gözlerini gyrpman, syrly nazaryny maňa gönükdirdi.
«Siziň kerweniňizden ozalam habarym bardy — diýip, ol ýuwaş, ýakymly ses bilen söze başlady. — Seniň ýoldaşyň daglaryň suratyny çekýän bolsa, soň olary o ýerde ýaşanlaryň elinden almak niýeti bar bolaýmasyn? Ýa senem şonuň ýalymyň?.. Sizi Hindistana-ha goýbermezler. Bulujystanda iňlisleriň uly atly topary dur. Olar hiç hili aňryk geçirenoklar...»
Men özümiň «hakykaty gözleýjidigimi», adamlaryň nähili ýaşaýandyklaryny, bagtlarynyň nämededigini bilmek üçin ýurt söküp ýörenimi aýdyp, Bibigunduzy köşeşdirdim...
Onuň ýüzi birneme ýagtyldy. «Asyl derwüşdirin diýsene? Özüňem pereňli? Men beýle adama heniz duş gelmändim...» Ol menden syýahatlarym barada gürrüň bermegimi haýyş etdi.
Bolup gören ýerlerimi sanaşdyranymdan soň, Bibigunduz şeýle diýdi:
«Entek seniň gören, bilýän zatlaryň sähelçe. Häzir başyň ýaş. Entekler kän menzil sökersiň. Gözläp-gözläp, ahyrsoňunda-da bagty agtaryp hiç ýere

gitmeli däldigine düşünersiň. Bagt — her halkyň öz topragynda. Ol — halkyň azatlygynda, mähriban ojagynda, göwün beren kärinde, dogan-gardaşlarydyr ildeşleriniň arasynda!..»

Soň Bibigunduz öz taýpasy, göçüp-gonup ýörüşlerine, çadyrlaryny kä Gimalaý daglarynyň depesindäki otluk öleňlerde, käte-de Arabystanyň çöllüklerinde dikýändiklerini gürrüň berdi.

Meniň ençeme döwletleriň serhedinden nädip garawsyz geçip bilýändikleri baradaky sowalyma jogap hökmünde ol öz taýpasy hakyndaky ajaýyp rowaýaty aýdyp berdi. Aýdýan zatlarynyň hakykatdygyna özi ýüregi bilen ynanýan-da bolsa, ol rowaýat maňa erteki ýaly duýuldy.

«Örän gadym zamanlarda, entek bu ýerdäki daglaryň depesinde sedir (kedr) agajynyň ösmeýän, tokaýlarda guşlaryň jürküldeşmeýän döwürlerinde Isgender Zülkarneýn öz goşuny bilen Deşti-lut çölüni kesip geçipdir. Isgenderem, onuň bütin goşunam suwsuzlyk derdinden öler hala ýetipdirler. Olar öz golaýlarynda süýji suwly guýular bardyr öýdüp pikirem etmändirler.

Erkana lýuti halkynyň olaryň golaýynda ýerleşen Ataşkerde atlandyrylýan paýtagtynda oturan hökümdary bolan zenan Beýik basybalyjyny görmek isläp, ýanyna ugrapdyr. Barybam Isgendere süýji suwuň çeşmesini görkezipdir.

Goşunyny suwdan mazaly gandyran Isgender hökümdar zenan bilen bir gije söhbetdeş bolupdyr. Ugrajak mahalam lýuti halkyna öz döreden döwletiniň ähli serhetlerinden garawsyz geçmäge ygtyýar berýän perman galdyrypdyr. Olary on müň ýyl öňünden salgytdan boşadyp, halkyň hökümdary hemişe aýal bolsun diýen şerti goýupdyr. Sebäbi ol aýallary

dynçlyk söýüji, dildüwşügi, pitnäni bilmeýän, urşy ýigrenýän adamlar hasap edipdir.

Şol ýyl hökümdar aýalyň gyzy bolupdyr. Enesi ölenden soň ol gyz lýuti halkyna hökümdarlyk edipdir. Soňky hökümdar zenanlaryň hemmesi, şol sanda menem şonuň neslinden...

Şol döwürden bärem biziň taýpamyzyň adamlary Aziýanyň ähli döwletleriniň serhedinden erkin geçip ýörler. Salgyt ýygnaýjylaram hiç wagt çadyrymyza garasyny salanok...»

Isgenderiň şol permanynyň ykbaly bilen gyzyklanýanymy duýduranymda, Bibigunduz döşündäki zynjyrdan asylgy kümüş tumary aldy-da: «Nesilden-nesle geçip gelýän şol perman şunuň içinde saklanýar» diýdi.

Tumaryň üstünden kän wagt geçeni sebäpli goňras reňkli, gadymy grek harplaryna meňzeş gowy saýgardýan belliklerden doly hat çykdy. Meniň grek dilinden başymyň çykýanyny bileninden soň, Bibigunduz ol haty okamaga, mümkin bolan ýerini göçürip, öz taýpasynyň diline geçirmäge ygtyýar berdi.

Ýüzlerini ýaglyk bilen örten aýallar her dürli naz-nygmatlary getirdiler. Garbanyp bolanymyzdan soňam başga çadyra alyp gitdiler. Atlarymyzyň uýany, eýerleri hem horjunlarymyz şol çadyrda eken. Gijäniň galan bölegini biz şol ýerde geçirdik.

Wagtymyň esli bölegini şol hata güýmenip geçirdim. Öçügsi ýanýan peltäniň yşygyna haty üns bilen gözden geçirip, düşünip bolýan ýerlerini göçürdim. Çaky, bu Ýaksartyň (Syrderýanyň) boýunda makedonlylar üçin şowsuz gutaran söweşde skiflere ýesir düşen bir nökeriň «Beýik Aleksandra» ýazan haty bolmaly...

Merdan gije birnäçe gezek daş çykyp, atlara esewan edip geldi. Ol töweregine şübheli nazar aýlap: «Amatyna garap, ählimiziň damagymyzy çalyp, atlarymyzy ogurlamagy peýläp ýören ogry syganlaryň mesgenine gelipdiris öýdýän» diýip hüňürdeýärdi.
Onuň şeýle pikir etmäge bellibir derejede tutarygam bardy.
Biziň ýanymyzda bir molla ýatyrdy. Ol sähelçe hereketimize-de syçrap turýardy-da, ýigrençden doly gözlerini bize dikip, ähli kapyrlara gargap başlaýardy.
Ir bilen şol öňki aýallar hurmaly palaw getirdiler. Garnymyzy doýranymyzdan soňam, atlarymyzy alyp geldiler. Mazaly dynjyny alan, otdan, suwdan kemi galmadyk atlarymyz münmäge taýyn edilip, eýerlenipdir.
Ugrajak bolup durkak, ýanymyza Bibigunduz geldi. Hiç hili şaý-sepi bolmansoň, häzir onuň beýleki aýallardan känbir tapawudam ýokdy. Ol atlarymyza syn edip, çekilerini elläp gördi, meşiklerimiziň suwdan doludygyna göz ýetirensoň, bize ak ýol arzuw etdi.
Ýanynda-da geçen gije bizi onuň ýanyna alyp giden, özüne meňzäp duran garaýagyz gyzjagaz durdy...
Tumaryny yzyna uzatdym-da, men Bibigunduzyň göwnüne degmejek bolup, hatyň, hakykatdanam, gadymydygyny nygtadym, myhmansöýerligi üçin minnetdarlyk bildirip, Isgenderiň permanynyň anyk terjimesini ilkinji duş gelen çarwa buluçlardan ibermäge söz berdim.

Bibigunduz çadyrynyň ýanynda özüniň hem beýleki aýallaryň birnäçe gezek fotosuratyny almaga rugsat etdi. Men oňa suratlary Ashabatdan

ibererin diýdim. Geň galaýmaly: şol suratlaryň birnäçesi biziň günlerimize çenli saklanyp galypdyr.

Soňra bu gören zatlarymyň täsiri maňa «Watan» hem «Skif düşelgesinden hat» hekaýalarymy ýazmaga kömek etdi.

### 8. «Töwekgel ýolagçylary saklamaly!»

Ertesi agşama golaý jaryň belent eňňidiniň üstüne çykyp, seredenimizde, bir depäniň üstünde kiçijik adam suduryna gözümiz düşdi. Hentington öz gurnama kürsüsinde eý görýän Injilini okap otyrdy. Golaýdaky gerlen çadyryň ýanynda düýeler çöküp otyrdy, duşaklanan atlar otlaşyp ýördüler. Alawyň ýanynda Gurban hem Mihail eýläk-beýläk aýlanýardy.

Men uzak aralykdan Elsworsa: «Hemme zat gülala-güllükmi? Näme beýle arkaýyn-la?» diýip gygyrdym-da, aýagaldygyna onuň oturan depesine tarap ylgadym.

«Hemmesi gül ýaly... O keý!.. Bu gün ýekşenbe ahyryn! Hakyky dindar hökmünde, men bu güni dynç alyp hem oýlanyp geçirýärin...» diýip, ol ýagdaýy düşündirdi.

Uzak hem agyr ýol geçip, biz Seýistana ýetdik. Bu gündogar Eýranyň Orta Aziýadan Hindistana barýan ýakyn ýolunyň ugrunda ýerleşen batgalyk welaýatdy. Ol ýerleri Gilmend daglaryndan gözbaş alyp, soňra Pars aýlagyna ýetmän, çölüň içinde ýitip gidýän derýalar suwarýar.

Örän gadym döwürlerde Eýranyň diýseň baý welaýaty bolan Seýistan bu ýurduň rowaýaty gahrymany Rüstemiň watany hökmünde şöhratlanypdyr. Ol kän gezek duşmanlaryň çozuşyna, talaňçylyga sezewar edilipdir. Bu welaýat iň soňky gezek Teýmirleňiň aýylganç talaňyndan soňra öňki kaddyny dikeldip bilmändir.

Biziň toparymyz baran wagty ýarysyny batgalyk örten, ekin ekilmän, tozap ýatan boş meýdana öwrülen ýurtda uruşgan buluçlar öz süri-süri mallaryny bakýardy.

Seýistan (ýa-da Bulujystan) tä 1872-nji ýylda Angliýanyň «tagallasy» bilen iki bölege bölünýänçä köp wagtlap Eýranyň hem Owganystanyň arasynda dawa-jenjeliň turmagyna sebäp bolýan ýerligine galypdyr. Ýöne «tagallaçy» üçin bähbitli bolan bu hili emeli bölünişik Seýistanyň bir milletden ybarat halkynda nägilelik döredip, yzygiderli serhet çaknyşyklarynyň ýüze çykmagyna getiripdir.

Seýistanda biz ýerli buluç hanlarynyň biriniň öýüne baryp, düzgün boýunça sowgat etdik. Han bizi açyk ýüz bilen garşylap, saçak başynda otyrkak şeýle diýdi: «Sowgadyňyz üçin minnetdar. Ýöne maňa başga zat gerek... Men Owganystanyň goňşy welaýatyna hökümdarlyk edýän doganym bilen hemişe gyr-tut. Oňa iňlisler gizlinlikde ýarag kömegini berýärler. Näme üçin şeýle kuwwatly rus patyşasy maňa birnäçe top iberip bilenok? Eger şeýle bolaýanlygynda, men doganym bilen bellisini edip, rus patyşasy bilen baky dostlukda ýaşardym!..»

Welaýatyň Nusretabatdaky dolandyryş merkezinde ýerleşýän rus wekilhanasynda kabul edenlerinde bizi owgan Seýistanynyň (Bulujystanyň) içi bilen hindi serhedine (ol ýere çenli 100 kilometrdenem az aralyk galypdyr) iňlisleriň goýbermejeklerini bildik. Şeýle-de bolsa, bizden ozal birnäçe syýahatçylar Hindistana arkaýyn geçipdirler.

Ilçihanada biz ýene-de bir zady bildik.

Hindistana barýan ähli ýollary öz ellerinde saklap, «britan täjiniň dürdänesine» tarap ýola düşen her bir rus adamyny hüşgärlik bilen yzarlaýan iňlisleriň kalbyna biziň toparymyzam dowul salypdyr.

Iňlis konsullaryna ýolda bize mümkin bolan ýagdaýda päsgel bermek, ýolbaşçylarynyň biri rus bolany üçin, eger başartsa, saklamak barada buýruk berlipdir.

Kerweni ele salyp, ýok bolmagynyň sebäbi hemişelik syr bolup galar ýaly, biziň ýogumyza ýanmak üçin ykmanda garakçylaryň bir toparyny hem kastymyza ýollapdyrlar.

Ýöne ýola çykanymda, men bir düzgüne eýerýärin: duş gelenden ýoluň nirä barýanyny sorap, şu ýol bilen gitse gerek diýen pikiri kalbyma guýýan-da, özüm düýpgöter başga ugur bilen gidýän. Hut şuňa görä-de, bize yzarlanmalardyr gerekmejek duşuşyklardan sowlup, Eýrany sag-aman kesip geçmek başartdy.

Men öz «Owgan göze görünmeleri» atly hekaýamda toparymyz üçin pajygaly gutaraýmaga az galan şeýle duşuşyklaryň biri hakynda gürrüň beripdim.

Seýistandakak bize Owganystana, Hindistana hem Pars aýlagyna tarap ýolumyzy dowam etdirmezlige başga-da birnäçe sebäp tapyldy.

Ýapon harby gämileriniň Port-Arturdaky rus flotuna hilegärlikli hüjümi hakynda habar gowuşdy[1].

Meniň pul harjymam halys gutarypdy.

---

[1] Ýapon minonosesleri 1904-nji ýylyň 26-njy ýanwar gijesi Port-Arturda reýdde duran rus eskadrasyna hüjüm edipdirler.

Garaşylman durka Hentington Karnegi institutynyň ýolbaşçysyndan Amerika dolanmak barada telegramma aldy.
Biz «atlaryň başyny yza aýlap», pars şäherleriniň içi bilen has demirgazykdan uzalyp gidýän başga ýola düşüp ugradyk.

## 9. Kapyrgala

Yzymyza gaýdyp gelýärkäk, biz täsin zatlaryň ýene-de birnäçesine gabat geldik.

Olaryň biri — biziň toparymyzyň öňüsyrasynda ýer titräp weýran bolan, beýlekisem — Seýistanda batgalyk kölüň ortasynda ýerleşen şäherlerdi.

Yns-jyns ýaşamaýan bu şäheriň köçelerinden diňe gamyşdan örülen insizje gaýyklarda geçmek mümkindi. Adamlar bu şäheri näbelli sebäplere görä, bireýýäm terk edip gidipdirler.

Onuň ýeke-täk ýaşaýjysy çypar tilki jaýlaryň üçeginde ondan-oňa böküp ýörşüne, häli-şindi bize tarap ylgaýardy.

Biz Horasan welaýatynyň merkezi bolan «keramatly Maşat şäherinem» gördük. Yňdarma (fanatik) musulman dindarlary bu şäherde jaýlanmagy özleri üçin aňrybaş bagt hasap edipdirler. Ýakyndanam, alys ýerlerdenem bu ýere jaýlamak üçin getirilýän merhumlardan ýaňa şäheriň töweregi meňzeş mazar daşlary goýlan san-sajaksyz gonamçylykdan doludy.

Maşatda biz baş rus konsuly Panafidiniň açyk göwünli kabul edişligine miýesser bolduk. Bu ýerde meniň iş saparymyň möhleti ýene bir aý uzaldyldy. Konsul meni az-owlak pul bilen üpjün etdi. Ol sähelçe ýükümiz galyp, indi bize gerekmez bolan iki düýämizi satyp bermäge boýun boldy. Indiki geçjek ýolumyzda suwsuzlykdan köseneris diýen gorkymyz ýokdy. Özümizem rus serhedine golaýlaşýardyk.

Maşatdan ugrap, ýolumyzyň soňky menzilleri galan mahalynda ýerli adamlardan: «Ýalňyz duran dagyň belent gaýasynda haraba bar. Aýdyşlaryna görä, onda gadym wagtlarda bir ýowuz garakçy ýaşap, bütin töwerege howp salypdyr. Ol şo ýerdäki ummasyz hazynany garawullaýarmyş. Dagyň ady Kapyrgalamyş» diýen gürrüňi eşitdik.

Yrymçy Merdan, Gurban hem Hywagylyç üçüsi o ýere çykmakdan boýun towlady. Kerwenimizi hem ýigitleri obada galdyryp, Hentington, Mihail hem men üçimiz Kapyrgala ugradyk.

Şeýle synlanyňda, ol dag çykmaga milt eder ýaly däldi.

Gaýanyň üç tarapy dik hem typançakdy. Diňe dördünji tarapynda biri-birine ýaplanyşyp ýatan ägirt uly daşlar görünýärdi. Siňe syn edenimizde, gaýanyň uçut taraplarynyň birinde dag geçileriniň çala saýgardýan yzyny gördük. «Eger o ýere geçiler çykýan bolsa, adamam çykar» diýip, ýüregimizi bire bagladyk.

Elswors ikimiz amerikaly bilen rusuň haýsynyň erjeldigini biri-birimize subut etjek bolýan ýaly, şol çala saýgardýan ýodadan daga dyrmaşyp ugradyk.

Ýoda uçut gaýanyň ýanyna çenli uzalyp, birden ýitdi. Ondan aňryk edil ýylmanan ýaly gaýa dyrmaşyp gitmelidi. Biz biri-birimiziň ýüzümize seredip: «Alla ýarymyz bolsun!» diýip seslendik.

Ilki Hentington, yzyndanam eger onuň aýagy taýaýsa, saklaryn diýen niýet bilen men dyrmaşyp ugradym.

Ýapyşyp ýa-da aýagyňy diräp bolaýjak her bir daşy nazaryňdan sypdyrman, diýseň erjellik bilen gaýa dyrmaşýan bu çepiksije, az-kem küýkerilip ýöreýän adamyň bolup barşy häzirem göz öňümden gidenok. Ahyry ol gaýaň

gerşine çykdy-da, uçudyň erňeginde oturyp, bada-bat Injilini açyp, meniň bolup barşymy synlap, öwüt bermäge başlady.
Menem onuň yzyndan ägälik bilen dyrmaşyp barýaryn. Dört metr çemesi aralyk galanda, birden kemerimden sallanyp duran hanjarym gynyndan gaçdy. Men dyrmaşyp barýan uçudyma ýelmeşip, sakga durdum.
Öň ýanymda amerikaly ýoldaşymyň aşagy galyň, çüýlenen ädigi görünýärdi. Hanjarymy aljak bolup hereket edenimem şoldy welin, aýagym direnip duran daşymdan sypyp, haýallyk bilen uçuda tarap syrygyp ugradym...
Men öz ýanymdan: «Ajalym ýetäýdi öýdýän? Ýene iki metr çemesi süýşsem, uçutdan gaýýaryn!..» diýip oýlandym. Aşak gözümiň gytagyny aýlanymda, Mihaili hem garynja ýaly kiçijik görünýän atlarymyzy gördüm... Birden aýagym bir tümmejige ilip saklandym.
Çepime seredenimde, aňk bolup, gözüm tegelendi: gaýanyň aňyrsyndan özüme tarap uzalýan, durşuna tüý bolup duran garamtyl el göründi. Soňam hüžžük saçlary ýalaňaç egnine düşüp duran, bulaşyk sakgal-murtunyň ýary agaran, eleşan geýimli bir gorkunç göwre çakganlyk bilen gaýa dyrmaşdy-da, meniň gaçyran hanjarymy garbap alyp, dessine uçuda tarap çekildi...
Gorkymdan bedenime güýç gelendir-dä, men çakganlyk bilen gaýanyň depesine ýarmaşyp çykdym. Elswors ikimiz biri-birimiziň elimizi gysdyk.
Hentington dagyň depesindäki daş meýdançada nähilidir bir gurlan zadyň galyndylaryny tapyp, suratyny çekdi.
Yzymyza başga tarapdan — üýşmek daşlaryň uzalyp gidýän ýapgydrak ýerinden düşdük.

Obanyň adamlary meniň gaçyran hanjarymy alan syrly göwre barada şeýle gürrüň berdiler:

«Oňa Mämmedaly diýýärler. Özem ýarym däli derwüşdir. Güýçli ýer titräp, zemin çat açanda onuň aýalam, çagalaram şol jaýryga gapgaryldy. Şondan bärem akyly üýtgäp, Kapyrgalada ýaşaýar. Gala barýan ýodany onuň özünden başga bilýän ýok...»

Kapyrgalanyň üstüne töwekgel çykyşymyzy hem başdan geçiren duýgularymy men soňra — sowet döwründe ýazan «Daglaryň ruhy» atly hekaýamda beýan etdim.

Toparymyz Kapyrgaladan ugransoň hiç hili geň-enaýy zada sataşman, rus serhedine ýetip, mart aýynyň 1-ine Ashabada geldik.

Hentington haýal etmän öz Amerikasyna ugrady.

Ashabatda men saparymyzyň netijesi barada jikme-jik hasabat ýazyp ülkäniň başlygyna gowşurdym. Ol hasabatymy Türküstan harby okrugynyň ştabyna iberdi. Ondanam harby ministrlige ugradypdyrlar.

Rus-ýapon urşunyň başlanany bäri indi dördünji aýyň içidi. Men özümi Manžuriýa frontuna harby habarçy edip ýollamaklaryny gürleşmek üçin Peterburga ugradym.

Edil Hentington ýaly menem gören-eşiden zatlarymy gündelige ýazýardym, surat alýardym. Ýöne Orta Aziýa boýunça eden beýleki syýahatlarymyňka kybapdaş iň soňky saparymyz baradaky ýazgylarymyňam tas ählisi diýen ýaly uruşlaryň hem rewolýusiýanyň ýalnynda ýok bolup gitdi.

Olardan Peterburgyň, Ashabadyň metbugatynda şol döwürlerde çap edilen ýazgylarymyň, oçerklerdir hekaýalarymyň sähelçesi saklanyp galdy. Aşgabadyň hem Daşkendiň arhiwlerinde alan fotosuratlarym, ýazan maglumatnamalarym bolmaly. Men sowet döwründe-de özümiň

asyrymyzyň başynda Orta Aziýa boýunça eden syýahatlarymda gören-eşiden zatlarymyň beýanyny özenine siňdiren hekaýalaryň ençemesini ýazdym.

## 10. Täsirleriň hazynasy

Orta Aziýada gullukda bolan ilkinji döwrümde maňa çöldür dagda, obalarda, şäherçedir şäherlerde kän gezek gezelençde ýa-da syýahatda bolup görmek miýesser etdi.

«Çekirtge komitetiniň» agzasy bolanym sebäpli, bu dilsiz ýagy bilen göreşmegiň usullaryny öwrenmek hem onuň «tohumyny» ýok etmek üçin Türküstanyň gubernatory bilen fransuzlaryň «Wermorel» atly enjamyny (biz, ruslarda ol wagt beýle enjam ýokdy) edinmek barada ylalaşmak bilen baglanyşyklylykda Daşkentde üç gezek bolup gördüm.

Yza gaýdyşyn Fergana jülgesine hem Buhara emirliginiň paýtagtyna syn etdim.

«Çekirtge komiteti» üçin hereket etmegiň maksatnamasyny düzüp, çekirtgeleriň tohumlarynyň gizlenip ýatan ýerlerini ýüze çykarmak maksady bilen, Köpetdagyň eteklerine aýlandym. Soňam ekinleriň hem beýleki ösümlikleriň soňuna çykýan bu aýylganç belany ýok etmek boýunça döredilen toparlara baştutanlyk etdim.

Subotiç Maňgyşlak ýarym adasyna hem beýleki ýerlere gidende, gulluk borjum boýunça menem onuň ýanynda boldum. Soňra «Oba hojalyk komitetiniň» agzasy hökmünde, biz bilen goňşulykdaky Pars welaýatlarynyň ilatynyň ykdysady hem azyk ýagdaýy bilen tanyşmak üçin Demirgazyk Eýranyň birnäçe ýerlerini aýlandym. Ol ýerde-de edil Zakaspidäki ýaly

açlyk, gurakçylyk, ähli ekini çekirtge iýmegi zerarly, hasylyň bitmeýän ýagdaýlary bolýardy.

Ýanyma berkidilen ýolbelet türkmen bilen birlikde iki atly bolup Ashabat uýezdiniň gündogar ýerlerini, obadyr şäherçelerini aýlandyk. Birnäçe gezek gaýtalanan bu dowamly gezelençlerimizde türkmen ilatynyň ýagdaýyny hem nämeleriň ýetmezçiliginden kösenýändiklerini, ýerden peýdalanyşlaryny, suw paýlanyşygyny, halkyň sowatlylyk derejesini, azyk kömegini bermegiň zerurdygyny ýa däldigini anykladyk.

Şol wagtlar men ýerli gazetlerde derwaýys mowzuklardan: «Türküstan ülkesiniň ilatyny ruslar bilen ýakynlaşdyrmagyň çäreleri hakynda», «Daşkendiň rus-ýerli mekdepleri hakynda», çekirtge çozuşy hem oňa garşy göreş, Zakaspi ülkesine eden gezelençlerim, türkmenleriň durmuşyndan gören-eşiden zatlarym barada birnäçe oçerklerdir makalalar çap etdirdim.

Haýsy ýerde bolsamam, maňa hem kaka, hem mugallym bolan adamyň «geljek çagalaryňkydyr» diýen sözlerinden ugur alyp, ünsümiň esasy bölegini çagalara berdim, eger-de gezip ýören ýerlerimde bar bolsa, hökman mekdepler bilen tanyşdym.

Ol wagtlarda türkmen çagalary üçin mekdepler ýokdy. Musulmanlaryň az sanly dini mekdepleri baram bolsa, olarda baýlaryň ýa-da beýleki barly adamlaryň çagalary okap, Kuran, şerigat boýunça sowat, hasap-hesip öwrenýärdiler. Men şonda bütin türkmen halky üçin mekdepler açmak barada oýlanyp, başardygymdan bu işe delalatymy degirmäge çalyşýardym.

Türkmen obalaryna baranymda, adamlary ýygnap, olary diňleýärdim. Arz-şikaýatlaryny, isleg-arzuwlaryny ülkäniň ýolbaşçysyna beýan etmek üçin ýazyp alýardym.

Birçak Russiýa pyýada aýlanan mahalymdaky ýaly, Türkmenistanda-da ýerli ilatyň sowatsyzlygy, mekdepleriň ýoklugy aýratyn tolgundyrýardy. 1903- nji ýylyň güýzünde men bolup gören türkmen obalarymyň adyndan şeýle maglumatnama berdim.

«Büzmeýin obasy: hökümetden çagalarymyz dürli hünärleri öwrener ýaly mekdep açyp bermegini örän haýyş edýäris...»

«Gökje obasy: biz çagalarymyzyň haýsam bolsa bir mekdepde rus ýa-da musulman hatyny öwrenmeklerini örän isleýäris...»

«Gypjak obasy: gypjaklylar öz çagalarynyň dürli hünärler öwrenmeklerini isleýär... Häzir 100 oglandan diňe 5-10-sy türkmençe okap, ýazyp bilýär...»

«Ýaňgala obasy: obada ýönekeýje-de bolsa mekdep gurulmagyny haýyş edýäs. Çagalarymyz hiç zat öwrenmän, ýabany ulalýarlar...»

Bu maglumatnamada ülkäniň başlygy: «Ine, bu bolýar! Maslahatlaşmak gerek» diýip, netijenama goýupdyr.

Soňra 1904-nji ýylyň ýanwarynda Eýranda «Oba hojalyk komitetiniň» mejlisinde bolanymda maglumatnamada ady tutulan obalaryň ýaşululary: «Biziň ilatymyz beýle haýyş bilen ýüz tutan däldir» diýseler-de, obalarda mekdepleriň zerurdygyny goldadylar.

Men şol ýylyň ahyrynda Daşkentde, Ashabatda türkmen oglanlary üçin hünärmentçilik mekdebini açmagyň mümkinçiliginiň ara alnyp maslahatlaşylandygyny soňra eşitdim.

Rus-ýapon urşunyň başlanmagy türkmen çagalary üçin mekdepler açmak baradaky meselelerden jemgyýetçiligiň ünsüni köp wagtlap sowdy. Bu mesele diňe 20 ýyldan soň — sowet eýýamynda gutarnykly çözüldi.

Haçanda 1904-nji ýylyň baharynda Ashabat bilen hoşlaşanymda men general Ussakowskini görüp bilmändim. Onuň ýumuşgäri rotmistr Kaçalow maňa tekepbirlik bilen: «Ashabada dolanyp gelmek barada hyýalam etmegin» diýipdi.

«Eger Uzak Gündogardan yzyňyza dolanyp geläýmekçi bolsaňyzam, biz sizi kabul etmeris!..»

«Biz» sözüne nähili düşünmeli? Seniň «siz» diýýäniň kimler? — diýip, men ondan soradym: — Beý diýmek bilen, özüňizi göz öňünde tutýaňyzmy ýa-da general Ussakowskini?..»

«Ol ikimiziň tapawudymyz ýok» diýip, Kaçalow jogap berdi. Ashabady ilki özleriniňki saýyp, dostlukly garşylan, soňam az sanlysy bolaýmasa, duşmana öwrülen emeldar-ofiserleriň bolşy şeýledi.

Kem-kemden ýigrenje öwrülýän bahyllyk olary içinden iýýärdi. Diňe öz bähbitleri barada alada edip, çet-gyra mahsus bolan ownuk goh-galmagaldan, gybatdan başga zada gyzyklanmaýan ol adamlaryň gözýetimi eliň aýtymy ýaly dardy. Ýaşaýan ýurtlaryna, onuň ilatyna diňe öz golastylary ýaly garaýardylar.

Men welin Orta Aziýada ýaşan ýyllarymda onuň mawy alyslyklaryny söýdüm, ol halklaryň taryhyny, medeniýetini, dillerini öwrenip, olar hakynda ençeme makalalardyr hekaýalar ýazdym. Tekepbir emeldarlaryň ýanynda başymy dik tutup, öz ýolum bilen gadam urdum, täze syýahatlara göwün ýüwürtdim, öz bilimimi artdyrdym...

Manžuriýa fronta ugranymda enem bilen hoşlaşmak üçin Rewele baryp, general Ussakowskä şu mazmunly iň soňky hoşlaşyk hatymy ýolladym:

«Zakaspi ülkesi bilen hoşlaşyp gaýdanym sebäpli, maňa Garagum çölüne, Owganystana, Eýrana beren ygtyýarnamalaryňyz hem ülkede güýjümiň ýetdiginden ýerine ýetiren işlerim üçin size tüýs ýürekden minnetdarlygymy kabul etmegiňizi towakga edýärin. Olaryň bary maňa örän gymmatly maglumatlardan başga-da, Orta Aziýa bilen tanyşmaga şert döretdi...»

XX asyryň sepgidinde meniň Orta Aziýa halklarynyň ýarym feodal durmuşyny synlamagym ençeme ýyl geçensoň — «Çingiz hany» ýazyp ýörkäm, gadymy Horezm döwletine degişli sahnalary janlandyrmaga ýardam etdi. Buhara emiriniň daş keşbi Horezmiň şasy Muhammedi suratlandyrmaga kömek eden bolsa, hywa hanlygyna barmagym, heýwere kesellileri synlamagym, Garagum çölüne hem Eýrana syýahatlarym Horezmiň durmuşyny, ýoga çykyşyny beýan etmäge itergi berdi...

Bu syýahatlar maňa ýatdan çykmajak täsirlerden başga-da, Gündogar adamlarynyň ýüregine düşünmäge kömek etdi.

**Moskwa, 1947-1948-nji ýyllar.**

***Rus dilinden terjime eden***
***Kakabaý GURBANMYRADOW.***

Mongol-tatar basybalyşlary baradaky «Çingiz han», «Baty han», «Soňky deňze çenli» atly üç kitapdan ybarat taryhy trilogiýanyň ýazary W.Ýanyň ömri hem döredijiligi türkmen topragy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. W.Ýan (Ýançeweskiý) XX asyryň başynda türkmen ülkesine gelip, birnäçe wagt ýaşaýar, işleýär, syýahat edýär. Ýazyjynyň «Aziýanyň mawy alyslyklary» atly syýahatnamasyna giren hekaýalarynyň köpüsi ýazyjynyň şol döwürde gören-eşiden, başyndan geçiren wakalarynyň beýanydyr.

**Wasiliý Grigorýewiç Ýan**

Meşhur rus ýazyjysy Wasiliý Grigorýewiç Ýan (hakyky familiýasy Ýançeweskiý) 1875-nji ýylda Kiýew şäherinde dünýä inipdir. Onuň kakasy latyn hem grek dili mugallymy eken. Wasiliý kakasynyň okadýan gimnaziýasynda bilim alypdyr. 1897-nji ýylda Peterburg uniwersitetiniň taryh-filologiýa fakultetini tamamlapdyr.

Wasiliý Ýan syýahat etmegi halapdyr. Ol 1901-nji ýylda Aşgabada gelýär. Bu ýerde gündogar dillerini we ýerli ilatyň durmuşyny, däp-dessurlaryny öwrenýär. Biziň güneşli ülkämize ýazyjy soň-soňlaram birnäçe gezek gelipdir. Wasiliý ýene köp ýurtlara syýahat edýär. 1928-nji ýylda Moskwa dolanyp, taryhy hekaýalaryny we powestlerini ýazmaga girişýär. Wasiliý Ýanyň iň esasy we iň meşhur eseri — «Mongollaryň çozuşy» trilogiýasydyr. Olar «Çingiz han» (1939), «Baty han» (1942) we «Soňky deňze çenli» (1955) atly romanlardyr. Bu eserleriň başky ikisi türkmen diline-de terjime edildi.

1942-nji ýylda ýazyja «Çingiz han» romany üçin birinji derejeli Stalin baýragy berilýär.

Uruşdan soň Ýan birnäçe hekaýalar ýygyndysyny, powestlerini, «Aziýanyň mawy alyslyklary» (1947-1948) atly ýol ýazgylaryny çap etdirýär.